GURBANGULY
BERDIMUHAMEDOW

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2019

UOK 323–324 (575.4) + 636.1
B 50

B 50 **Berdimuhamedow G.**
Atda wepa-da bar, sapa-da. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

Türkmen bedewi adamzat medeniýetiniň aýrylmaz bölegi, gadymdan bäri edebi ýazgylaryň esasy gahrymany bolmagynda galýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ahalteke bedewleriniň şan-şöhraty has belende galdy. Gahryman Prezidentimiziň «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly täze kitaby halkymyzyň watançylygynyň, ynsanperwerlik ýörelgeleriniň kemala gelmeginde bedewleriň ornuny açyp görkezýär. Kitapda adamyň tebigat bilen bitewüligi, sagdynlyk, ruhubelentlik we döredijilikli ýaşamak bilen bagly esaslary açylýar. Bu bolsa halkymyzyň taryhyna we medeniýetine çuňňur düşünmäge mümkinçilik berýär. Hormatly Prezidentimiziň «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitaby giň okyjylar köpçüligine niýetlenilip, adamzat medeniýetiniň ösüşini öwrenmekde gollanma bolar.

TDKP № 39, 2019 KBK 66.3 (2 Tü) + 46.1

© G. Berdimuhamedow, 2019

TURKMEN

ROWAÇ

Rowaçlygy buşlap gelen
Ýyllaryň salamy, Rowaç!
Göwünleri hoşlap gelen
Ýollaryň kemaly, Rowaç!

Pederleň tagzym-togaby,
Geçmişiň ertä dowamy,
Kişňeýşiň arşyň owazy,
Kalbymyň senasy, Rowaç!

Säher öwsen ýeller deýin,
Ýaz açylan güller deýin,
Joş uran köňüller deýin,
Sen ylham derýasy, Rowaç!

Ýyldyz syçradyp toýnagyň,
Beze sen türkmen toýlaryn.
Menzile ýetir arzuwym,
Bagtymyň seýrany, Rowaç!

Nury-şuglasyň Güneşden,
Zyýatsyň altyn-kümüşden.
Serpaýyň ýetsin ýeňişden,
Döwrümiň döwrany, Rowaç!

ÝOLUŇ – ROWAÇ,
ILIŇ – ROWAÇ!

Mähriban okyjym!

Il-halkymyz bilen agzybirlikde başyny başlan işlerimizde edenimiz oňuna bolup, ýolumyz rowaçlyga beslensin!

«Türkmenistan – rowaçlygyň Watany» diýen jümle biziň öz Watanymyza bolan buýsanjymyzyň, pederlerimiziň pentlerine ygrarlydygymyzyň beýanydyr.

Goý, türkmen Diýary baky dursun, bereketli türkmen ojagynyň agzybirligi sarsmaz bolsun!

Bu döwletli ojagyň binýady berkden tutulandyr. Ol müňýyllyklaryň dowamynda toplanan durmuş baradaky bilimleriň hem-de tejribeleriň jemidir. Ýyndam bedewini dünýäni görmek, bilmek höwesinde özüne ýakyn dost edinen ata-babalarymyz paýhasdan, ylymdan, ýaşaýyş hakyndaky düşünjelerden hem-de garaýyşlardan öz hakydalarynda galanyny saýpallap, durmuşyň ýörelgelerini döretdiler. Taryhyň iň dartgynly menzillerini özi bilen bile geçen bedewi olara güýç-gaýrat hem-de ruhubelentlik berdi.

Il-halkymyza hemişe ýaran bolan behişdi bedewlerimiz taryhda durnukly ösüşde hem-de öz ornuny berkitmekde derwaýys bolan iň gowy häsiýetleriň hem-de merdanalygyň nusgasydyr. Hut şonuň üçinem biz bedewlerimizi ösüşiň hem-de bagtyň alamaty hasap edýäris. Çünki taryhyň gatlarynda bolup geçen ähli wakalara bedewlerimiz gönüden-göni dahylly bolmasa-da, olary bedewsiz göz öňüne getirmek kyndyr. Bedew baradaky düşünje biziň durmuşymyzda düýpli orun alandyr. Bedew – ösüşlere ýetmegiň nusgasy, bizi beýik üstünliklere telwaslandyrýan uly güýç.

Beýik Oguz türkmen döwleti şan-şöhraty bilen dünýä doldy. Soňra gözbaşyň giňäp, hana öwrülişi, ondan hem bulaklaryň başlanyşy ýaly, taryh has-da baýlaşdy, ol dünýä täze bir döwrüň taryhyny – türkmen begliklerinin we döwletleriniň dünýäde gazanan abraý-mertebeleri hakyndaky taryhy bagyş etdi. Bu edil gözüňi dokundyrýan dok däneden alnan bereketli çäjiň hümmeti ýaly bolup, taryha ýazyldy.

Türkmenler baradaky hakykat bilen bilelikde, ahalteke bedewi hakyndaky durmuşyň çuň manyly wakalary dünýä ýaýyldy. Gadymy türkmen düzünden gaýdan bedew Hindistana, Ortaýer deňzi sebitlerine çenli we ondan hem

uzak aralygy geçdi, türkmen gerçegi bilen beýik mertebä mynasyp boldy, watançylygyň nyşany bolan mukaddes türkmen Tuguny öz keşbi bilen bezedi.

Şu ýerde bir taryhy maglumata salgylansak, ýerlikli bolar. Bilşimiz ýaly, Diýarymyzyň çäginden geçen gadymy söwda ýoluny ýewropalylar «Beýik Ýüpek ýoly» diýip atlandyrypdyrlar. Bu beýik ýoly ata-babalarymyz «Altyn ýol», irki döwrüň taryhçylary bolsa, «Atlylar medeniýeti ýoly» diýip hem atlandyrypdyrlar. Men siziň bu ýoluň ikinji atlandyrylyşyna has dykgat etjekdigiňizi bilýärin. Bu bedewleriň şöhratynyň ykrar edilmeginiň mysalydyr.

Rowaçlyk hakyndaky arzuwlar bilen öňe ädilen her bir ädim, geçilen menzil çar ýana bagtyň şuglasyny çaýýar. Taryhyň dowamynda bitewüleşen ykbal ýollary il-uluslary paýhasly netijeleriň gözbaşyna birleşdirdi. Şeýle bitewüleşme paýhas we durmuş tejribesi, zehin yşygy, ýiti aň-üşük arkaly birek-biregiň köňlüne ýol salyp bilmekdir. Onda esasy kesgitleýji zat özüňi gurşap alýan jemgyýetiňde ykrar edilmekdedir, adamlaryň hormatyna we söýgüsine mynasyp bolmakdadyr. Ahyrky netijede adam hakyndaky hakykaty dabaralandyryp, olaryň geljegi baradaky beýik wezipä jogapkärçiligi başyňa alyp bilmekdedir. Adamlaryň ykbaly baradaky sowala jogap agtarmakdadyr. Çünki edil häzir saňa ýagtylyk hem-de nur berýän asman Güneşi ertirki gün hem dogar. Ertirki gün hem ýyldyzlar öz asylky tebigatyna laýyk dogup-ýaşarlar. Ýaşaýşyň seniň üçin ýaradylan şu gözellikleri ertire bolan ynamyňa güýç berer.

Eger-de asmanda Gün şugla saçsa, Ýere örküni beren sarsmaz daglarymyz dursa, derýalarymyzyň suwy towlanyp akyp, topragymyzy gandyrsa, çölümiziň tebigaty melhem bolup, halkymyzyň ata-baba döwründen ygrarly bolup gelen Watany – Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanymyz durar. Eziz Türkmenistanymyz bolsa rowaçlygyň, bagtyň mekanydyr, arşdan ýalkawlydyr, bu müdimi topragymyza synmaz örklüdir.

2019-njy ýylyň ilkinji günlerinde halkymyzyň asudalygyny goraýjylar bilen duşuşmagy meýilleşdirendigimi hem men şular bilen baglanyşdyrýaryn. Şonda maňa ýylyň başynda dünýä inen altyn öwüşginli taýçanagy görkezip, mynasyp at dakmagy haýyş etdiler. Täze ýylyň başynda gadymy ahalteke bedewleriniň tohumyndan gaýdýan taýçanagyň dünýä inmegi atşynaslar üçin örän ähmiýetli hem-de şatlykly wakadyr. Bu taýçanaga wagtyň, ömrüň, nesliň, ýurduň rowaçlygyny arzuw edip, Rowaç diýip at goýdum.

Taýçanagyň dünýä inmegi biziň wagta many bermek, ony taryhymyzyň şöhratly pursatlaryna öwürmek baradaky yhlasymyzyň dowamlylygynyň alamatydyr. Atşynaslyk sungaty hem il-halkymyzyň sabyrlylyk, ýiti üşüklilik, zähmetsöýerlik, pähimlilik ýaly sypatlarynyň kemala gelmegi bilen bilelikde ösdi hem-de rowaçlandy. Türkmen halkynyň medeni mirasy atşynaslyk sungatynyň ösüş taryhyny çuňňur şöhlelendirýär. Eýsem-de, bu mirasyň

özenini hem-de çäklerini seljermek bolarmy?! Ol her bir döwürde hem şol döwrüň wakalary bilen baýlaşdyrylypdyr. Ol miras müdimi öwrenilýän hem-de gymmaty artdyrylýan mirasdyr. Şoňa görä-de, ol baradaky anyk kesgitlemäniň teswirlenilmesi hem giňär. «Eýýamlaryň bedewi»... Bu kesgitleme maňa wagt geçdigisaýyn syrly bolup görünýär. Sebäbi gürrüň kämilligiň ykrar edilmeginde däl-de, onuň döredilmegindedir. Şol «döredilişi nokady» bolsa, anyk bilimleri we oýlap tapyşlary özüne jemlemelidir.

Akylyň ýetmedik ýerinde gudrat başlanýar. «Behişdi bedew», «suw aty», «ýel aty» ýaly kesgitlemeler hem-de atlarymyz baradaky ençeme ýordumlar hut şonuň ykrar edilmesidir. Bu hem tebigatyň bize beren uly serpaýydyr. Şeýle «serpaýlaryň» gadyryny bilip, arzyly saklamak bolsa, olaryň ömrüni müdimi edýär. Şu ýerde men tebigatdan alnan bir tymsaly beýan etmekçi. Adam ogluna baglar, daglar, derýalar, ýerasty baýlyklar we başga-da sansyz köp baýlyklar serpaý berlen. Nirede tebigat bilen sazlaşyklylykda ýaşalyp, şol baýlyklaryň durnuklylygyna täsir edilýän bolsa, ol ýerde adamlar rysgal eýesi, bereket bulagyndan paýly bolýarlar. Biz ruhy, maddy we medeni baýlyklarymyz barada hem şol ýörelgä pugta eýermelidiris. Bu biziň ata-babalarymyzyň pendidir. Hut şonuň üçinem atşynaslygy ösdürmegiň iň nusgalyk mekdebi türkmen Diýaryndadyr. Biz muny ýurdumyzda behişdi bedewlerimize berilýän ünsüň mysalynda hem aýratyn belleýäris. Men Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň ýolbaşçysy, ahalteke atlary boýunça tejribesi bolan adam hökmünde bu milli mirasymyzy aýawly saklamagymyzy, ilkinji nobatda, ata-babalarymyzyň ojak dowamatyna sarpamyz diýip hasap edýärin. Çünki atçylyk ýöne bir miras bolman, ol ýaşaýşa bolan söýgini müdimileşdiren ebedi sungatdyr.

Taryh nireden başlanýan bolsa, şol ýerde, şol döwürde bedewli geçilen menziller onuň esasynda ýatandyr. Oguz hanyň pentleri, Gorkudyň boýlary, Göroglynyň batyrlygy, Magtymgulynyň watançylygy hakynda aýdanymda, men şol döwre mahsus sypatlaryň esasysy – bedewe erk etmek, bedewleri kemala getirmek, olary seýislemek sungaty barada oýlanýaryn. Ähli döwürlere mahsus bolan bu wezipäni durmuşa geçirmekde nesilleriň rüstemligi seýisleme sungatynyň baýlaşmagyny üpjün edýär. Seýisçilik baradaky maglumatlary has irki döwürleriň çeşmelerinden hem tapyp bolýandygy okyja mälimdir. Çünki hakyky dörän wagtynyň haýsy döwürdigini saýgarmak kyn bolan ýazgylarda hem bedewler baradaky waspnamalar bar. Men wagt barada aýdanymda, pikirleriň çaprazlygyny hem-de ýeterlik barlaglaryň wajypdygyny göz öňünde tutýaryn. Şeýle ýagdaýda biz aňda galan, emer-damarymyza ornan hakykata daýanýarys. Sebäbi her bir zadyň, «döredilen zadyň» ilkinji başlangyç nokady bardyr. Eger ony anyklamak başartmasa, onda ol ylahylykdyr. Men şeýle diýmek bilen, öwrenmegiň dowamlydygyna hem ünsi çekmekçi bolýaryn. Adamyň ömürboýy gözlegde bolýandygy hem şonuň üçindir.

*2

Gözlemek – munuň aňyrsynda durmuşa bolan höweslerіň jemi bardyr. Durmuşyň mazmuny şondadyr.

Biz hemişe adamyň ömri hem-de onuň durmuşda ýerine ýetirmeli wezipesi barada hem oýlanýarys. Durmuş diňe şu günde däldir. Şu gün tapawutlary aňladýan kesgitlilikdir. Şu günde ähli döwre mahsus ýaşaýyş kanunlarynyň jemlenendigi aýdyň bolup, şol kanunlara dogry eýerýän we düşünýän adamlar ondan özüne gerek manyny alýar. Bu bolsa «At – myrat», «Bedew agynan ýerde toý bolar» diýen jümlelerden düzülen durmuş esaslarydyr. Olary subut etmek islegi bolsa, atçylyk mirasymyzy ösdürmegimizde bizi täze açyşlaryň üstünden eltdi. Şonuň üçinem olary jemläp, il-halkyma serpaý etmegi, olar bilen köňlümiň şatlygyny paýlaşmagy dogry hasap edip, wagt tapdygymdan jemledim, şolardan kitaplar döredi.

Ahalteke bedewini ösdürip ýetişdirmegiň syrlaryny, elbetde, bize tanamaýan, bilmeýän ýerimizden biri gelip düşündirmeýär. Ýöne üşügi ýetip başlanyndan at çapan perzentlerimiz onuň çyn bolmagyny isleýär. «Görogly» eposyndaky Göroglynyň namalary – her bir gerçegiň ýürek sözi. Bu ýerde diňe bir ýagdaýa üns berilmegi hem ýeterlik bolarmyka diýýärin. Türkmenler ýaşaýyş-durmuşyny, tutuş milletini taryhyň synaga salan pursatlarynda hem bedewinden elini üzen däldir. Ol, gaýtam, özi heläk bolsa-da, bedewini halas edendir. Adamyň birek-birege wepalylygy ahalteke bedewlerine hem öňden öwredilen ýalydyr. Onsoň türkmen bedewine gudrat hökmünde garasaň, şol garaýyş parasatly we dürs bolar!

Ahalteke bedewiniň şanyna aýdylýan taryply sözler hem geçmişiň bize galdyran mirasydyr. Çünki bedewlerimiziň ylahydan berlen gudratdygyny duýanyňda, olary wasp edip, kalbyň joşýar, gursagyň guwançdan dolup, ýüregiň barha batly gürsüldeýär. Seniň çeper-hyýaly oýlaryň gadymky akyldarlaryňky, edermen serkerdeleriňki, şahyrlardyr rawylaryňky ýaly bolmazlygy-da mümkin. Ýöne ol belent borjumyzdyr, biziň üçin mertebedir hem-de ýürek sözümizdir. Dünýäde adamlary, eýýamlary baglanyşdyrýan uly güýç hem ýürekleriň birligindedir. Ýürek sözi ýürege baryp, ýürekleri birleşdirýär. Ýürek sözi eýýamlary birleşdirýär. Şonuň üçinem biz atalarymyzyň pentlerine wepalylygyň nusgasyny öz mirasymyzy öwrenmek bilen dünýä ýaýýarys.

Ýürek sözüňi aýtmak üçin kalbyň örän baý bolmaly. Kalp deňziň düýbündäki merjenler ýaly syrly, owadan hem-de telwasly bolanda, ondaky pikirler soňlanmaýar, döredijilik güýjeýär. Zehiniň nesil yzarlaýşy ýaly, bu hem nesil yzarlaýar. Türkmençilikde şolar ýaly asylly ýerlerden çykan mertler iliň öňüne düşýärler, il-halkyň aladasy bilen ýaşaýarlar. Sebäbi il-halk olara ynanýar hem-de bil baglaýar. Oguz hanyň, Göroglynyň, Jelaleddiniň, Keýmir serdaryň il-halkynyň öňüne düşüp, şatlykly hem-de gussaly pursatlaryna özlerini şärik etmekleri olaryň kalby baý adamlar bolandygy üçindir. Il-halk her bir eline ýarag alan

adama «asylly gerçek», «är ýigit» diýmeýär. Sebäbi akyl-paýhasyň, zehindir üşügiň bolmasa, durmuşda diňe eliňe ýarag alanyň, edenliligiň bilen iliň öňüne düşmek kyndyr. Her kim öz ata-babasynyň mirasyna eýedir. Biziň halkymyz üçin bolsa, miras gymmatbahaly daşlaryň içinden diňe göwheri saýlap bilmekdir. Şu ýerde halk arasynda ulanylýan «öz iliniň ogly» diýlen düşünjä aýratyn ünsi çekmekçi bolýaryn. Aýtjak bolýanym, şeýle ogullar, iliň ýagşysyna ýaraýan adamlar tutuş iline dahylly mirasy döredýärler we ony nesillerine geçirýärler.

Men hem pederlerimiň özüme galdyran mirasy üçin hemişe borçludygymy duýýaryn. Türkmençilikde her bir asylly maşgala aňyrsynyň kimlerdendigini bilýär we olardan nusga alýar. Aňrymyzda behişdi bedewlere yhlasly adamlaryň bolandygy, bu kesbiň biziň maşgalamyzda dowam edýändigi, elbetde, maňa gönügiňlik berýär. Bedewler barada ýazanymda, birtopar maglumatlary miras goýan atamyň, Ikinji Jahan urşunyň dünýäni galagoplyga salan döwründe, heniz beýnisi doly bekemedik oglanka, ruhubelentlige çagyrýan şygyrlary ýazyp, ýürek sözüni aýdan kyblamyň mukaddes topraga ygrarly nesilleri kemala getirmegi özlerine hemişelik borç hasap edendigi barasynda oýlanýaryn.

2019-njy ýylyň başynda Ahalteke atçylyk toplumyna baranymda, Rowaç atly taýçanak bilen duşuşykda başdan geçirenlerim barada aýtmak isleýärin. Men bedewlere aýratyn, adaty däl, iliňkiden has üýtgeşik söýgim bardyr diýip bellemekçi bolmaýaryn. Sebäbi bedew bilen ynsanyň gatnaşygynyň özi aýratyn bir täsinlikdir. Rowajyň ýanyna baranymda-da, şeýle boldy. Men Rowaja habar gatýaryn, onuň ýagdaýyny soraýaryn, umuman, men onuň bilen «salamlaşýaryn», hal-ahwal soraşýaryn. Rowaç hem maňa jogap berýär. Ilkibada men muny onuň gözünden aňýaryn. Soňra onuň kellesini döşüme goýmagy, gaýtjak wagtym çasly kişňemegi bolsa, pikirlerime ganat berdi. Rowaç şu ýylyň tutuş mazmunyna öwrüljek «Türkmenistan – rowaçlygyň Watany» şygarymyza rowaçlyk arzuw etdi. Rowaç Täze ýyla rowaçlyk arzuw etdi. Rowajyň kişňemegi Täze ýylyň rowaçlyga beslenjekdigine ynamy alamatlandyrdy.

Käteler bedewler meniň gönümdäkini şeýle bir ýiti duýýarlar, men olaryň duýgudaşlygyndan uly ruhy güýç alýaryn. Adamyň şular ýaly duýgudaşlykly pursatlardan ömri uzaýar, ýüregi ynjalýar. Göräýmäge, munuň üçin köp zat gerek däl ýaly. Gerçek üçin bedewler tenhalyk pursatlarynyň hem hemrasy.

Hawa, Rowajyň ýanyna baranymda, meniň kalbymda telwasly pikirler ganatlandy. Onsoň serime gelen setirleri ýazmagy maksat edindim. Ýüregiňe jüňk bolanyny ýazmaly, ýüregiňe gelen pikir iň sagdyn hem-de iň çyn aýdylan pikirdir diýýärin. Şeýdip hem, men «Rowaç» diýip, şygryň adyny belleýärin. Setirler öz-özünden yzly-yzyna hatarlanýar. Netijede, ahalteke bedewine bagyşlanan täze eser döredi.

Wagtyň ötegçidigi bize bir hakykaty ündeýär: mirasyňy öwrenmeli, ony nesillere geçirmeli.

Şu hakykaty ýekeje pursat hem unutmaýaryn. Ahalteke bedewleri dünýä ähmiýetli mirasymyz, şol mirasy döwrebap ösdürmegi yzygiderli dowam etjekdigimizi ýene-de bellemekçi bolýaryn. Ahalteke bedewleri baradaky namalar – telwasly pikirler bilen, ol mirasy nesillere ýadygärlik galdyrýarys. Şunuň özi hem ahalteke bedewleri baradaky oýlanmalardan düzülen täze eseriň dünýä inmegine goşmaça itergi berdi.

Ahalteke bedewiniň gadymy döwürlerden bäri gelýän şan-şöhratynyň ýaňy döwre rowaçlyk arzuwlaryny aňladýan Rowajyň kişňemeginde öz dowamyny tapýar.

Rowaçlyk – bagt, ertire ynam.

Siziň ähliňiziň rowaçlyklary ýaran edinip, durmuşyň her hili kyn pursatlaryny ýeňip geçjekdigiňize men ynanýaryn.

Eziz Watanymyz bedew bady bilen öňe barýar, bu eziz Watan bedew ruhy bilen beýik menzilleri eýeleýär. Rowaçlyk bilen ýeňşiň täze basgançaklaryna galýar.

Ykbal ýoluňyzy rowaçlyk şuglasy nurlandyrsyn!

Ahalteke bedewleriniň gadymy mekanynda täze dogan Gün säher şapagy bilen ýüreklere mähir paýlasyn!

Ahalteke bedewleriniň dowamaty rowaç bolsun!

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

*3

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

*4

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

Gözleň Babarabyň çaýryn küýsedi,
Gözleň Aşgabadyň baýryn küýsedi.
Gözleň diýdi: «Häzir türkmen asmany
Gümmürdäp üstümden çabga guýsady.

Garagumda ösýän gyzgyn şemala
Kükrek gerip, alyslara çapsadym.
Aryp gelip, maňlaýymy sypaýan
Goja seýsiň ýyly mährin tapsadym».

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

Gargyýa meňzär gulagy,
Şemşat kimin el, aýagy,
Hemişe gezen ýaýlagy
Serçemenli düz bolaýdy.

«Görogly» eposyndan

*6

«BEDEW ATYŇ ÝÜWRÜK BOLSUN!»

«GORKUT ATA» EPOSYNDAN

Ösüşli zamanlar dünýäniň taryhynyň iň galkynyşly döwürleri. Onda ösüşlere itergi beren iň uly güýç ruhy medeniýetdedir. Ruhy medeniýet adamyň aň baýlygynyň – akyl-paýhasyň hem-de zehinliligiň gadyr-gymmatynyň ýokary bolandygynyň aňladylmasy. Medeniýetiň asyl özeni bolsa, söz sungatynda, däp-dessurlarymyzdadyr. «Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy», «Öňe, diňe öňe, jan Watanym, Türkmenistan!», «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi», «Türkmenistan – rowaçlygyň Watany» ýaly şygarlary yglan etmek bilen, biz öz gadymy köklerimizden ugur alýarys. Milli medeniýetimiz biziň üçin häzirki döwrüň döwrebap belentligine çykmakda güýç-gaýrat berýän egsilmejek döredijilik ylhamymyzdyr. Medeniýet adam bolmagyň esasy açarydyr diýip, aýratyn belleýärin. Dünýäniň ösüşleri – bu adamzat tejribesiniň netijesi, tejribäni bolsa, ertire geçirýän serişde medeniýet, ýagny adamyň tebigy mümkinçiliklериniň ýüze çykýan giňişligi. Oguz han ýörişe baran şäheriniň eteginde saklanyp, ilki bilen onuň ilatyna öz habaryny ýetiripdir, şäherliler hem geňeşip, oňa öz gelen netijelerini mälim edipdirler. Şükür bagşy «Sazym – ýüregimiň emri bilen size berip biljek ýüregimdäki baýlygym» diýen pikir bilen, agasyny halas etmäge gidýär. Magtymguly akyldar:

Magtymguly sözüm bilene sözdür,
Bilmedik adama gury owazdyr

– diýýär-de, söz bilen gudrat döredip boljakdygyny ykrar edýär. «Söz – keramat» diýilýär. Söz bilen ýürekden ýürege ýol salyp bolýar. Ýöne esasy dykgat edilmeli tarapy, söz bilen durmuşyň tejribesiniň baýlaşyp, ýaşaýşyň hözirliliginiň artmagyna täsir edip bolýanlygyndadyr.

Şahyr «Dünýä kitabynda onuň ady bar» diýip, agaç eken adam barada aýdýar. Hawa, dünýäniň ekologik deňagramlylygynyň saklanmagy barasynda köp zatlary aýdyp bolar. Ekologiýa – biziň görýän hem-de duýýan baýlygymyz. Şonuň üçinem dünýä döwletlerini ekologiýa babatyndaky hyzmatdaşlyk soňky ýyllarda biri-birine has ýakynlaşdyrýar. Türkmenistan ekologiýa boýunça halkara ylalaşyklaryny we konwensiýalaryny ykrar edýär, olaryň berjaý edilmegine ýardam bermäge çalyşýar. Çünki munuň özi adamzat diýlen umumy düşünjäniň çäginde çözülýän meselelere degişli bolup durýar.

Aslynda dünýä anyklyk zerur. Islendik meselede hem anyk ädim, anyk çözgüt, anyk pikirler we netijeler özüniň gerekdigini aýan edip durýar. Şoňa düşünmek bolsa öňe gitmegiň tebigy şertini düzýär. Anyklyk bilen umumylygyň düşünje hökmünde bir hana birigýän ýeri – bu ylym-bilim, medeniýet, däp-dessurlardyr. Anyk netijä gelmegiň ýoly – bu umumy giňişlikde kemala gelen pikirleriň jemlenmegidir. Akyl ýetirişiň usullarynyň birini beýlekisinden tapawutlandyrmagyň birtaraplaýyndygyny, akyl ýetiriş usullarynyň deň derejede gerekdigini pelsepeçi alymlar bireýýäm ykrar etdiler. Suwuň bir damjasy hem onuň nähilidigini bilmek üçin ýeterlikdir. Bir damja bilen bagly sowallar bolsa, durmuşda örän kändir: olar suwuň syzylyp çykýan topragy, dag daşy, tebigy giňişligi baradaky we şular ýaly sansyz sowallar. Şuny adam babatda gelip çykyşy taýdan netije çykarmak bilen deňeşdirip bolar. Şonda diňe özen, esas barada söz açylýar. Terbiýe, tebigy gurşaw, ýaşaýşyň şertleri bilen bagly ýene-de çözülmeli we anyk jogap berilmeli sowallar kändir. Özen, esas görünýän barlyk ýaly bolmalydyr. Çünki oňa duýgy we akyl-paýhas arkaly aň ýetirip bolýar.

Ata-babalarymyz özleriniň eý görýän bedewleri barada pikirlerini aýdanlarynda, asyl özeniň tebigy dünýäsini açýarlar. Şol asyl özene aň ýetirmek olara tebigy gurşaw bilen sazlaşykly ýaşaýyş-durmuş binýadyny gurmakda düýpli täsir eden güýçdür. Ahalteke bedewleriniň şöhraty türkmen medeniýetiniň taryhyna altyn harplar bilen ýazylandyr. Nygtamak isleýänim, ruhy özene hem duýgy bilen aralaşmak kyn, onda-da häzirki ýaly ösen döwürde. Ösüşli döwürlerde adam öz tebigy mümkinçiligini ylym-bilim arkaly baýlaşdyrýar, şoňa hem daýanýar. Ýöne ylym-bilime daýanmak üçinem asyl özeni duýmak, oňa aň ýetirmek gerek.

Adamzadyň umumy ykrar edilmesi – ynsan baradaky anyk maksatlaryň üpjün edilmegi. Men ahalteke bedewinde külli adamzat ykbalynyň galyň sahypalaryna giren we onda mäkäm ornaşan şol bitewüligi görýärin.

Mähriban köňüldeş, eziz okyjylarym! Meniň size köňüldeş diýip ýüzlenýänimiň sebäbi bu garaýyşlar babatda biz köňüldeş diýip ynanýaryn we munuň şeýle bolmagy wajypdyr. Ahalteke bedewleriniň kemala gelen ýurdy hökmündäki at-abraýymyz ekologiýa ylmynyň milli tejribe toplumyna oýlanyşykly çemeleşmegimizde hem derejedir, hem-de borçdur. Çünki bu dereje dünýäniň ykrar etmesinde kemala gelendir. Durmuş tejribesi ebedi daragtyň sansyz köp şahalary baradaky maglumatlardyr, bitewi ulgamdyr. Şeýle hem bolsa, milli ylym-bilim diňe bir golýazmalarda we dünýä açyşlarynda şöhlelenýär diýilse, nädogry bolar. Ahalteke bedewi biziň üçin açyşdyr hem ýetilen ylym-bilim belentligidir. Milli paýhasyň derejesi hem şondadyr. Bu hakyda bilen nesillerden nesillere geçen ylym-bilim gymmatlygydyr.

Käteler Gorkut atanyň ylym-bilim gymmatlygy hökmündäki ömrüniň dowamlylygy barada pikirlenýärin. Şonda onuň çeper keşbiniň adamyň

ruhy tejribesiniň önümi bolup, asyrlarboýy syntgylanandygyny duýmak bolýar. Gorkut atanyň «Bedew atyň ýörgür bolsun!» diýen arzuw-dilegi halkymyzyň has gadymy döwürlerde ajap zamanalara ýetmegiň taryhy ymtylyşyna, öňegidişlikli ýaşaýşa, bedewli bolmagyň döwletlilik hasap edilýändigi hakyndaky ynamyna laýyk gelýär. Bu «bedew» sözüniň ähli manylarynda alnanda hem dogrudyr. Onda sungatyň adamy gözel ýaşaýşa ündeýän uly güýji duýulýar.

Türkmençilikde her bir görlen-eşidilenden döreýän maglumat hakyky maglumat hasap edilmeýär. Maglumat olaryň seljermesindedir, ýagny köne, ýaşaýyş ukybyny ýitiren şahany ýa-da ýapragy aýyl-saýyl edip bilmekdedir. Muňa ata-babalarymyz üşük-paýhas diýýärler.

2018-nji ýylda Akhan atly bedewimiziň üstünligi Ginnessiň Rekordlar kitabyna girizildi. Bu ahalteke bedewleri bilen bagly üstünlikleriň we ýeňişleriň taryhynda täze ýazgy. Ýöne ahalteke bedewlerinden ähli babatda garaşylýan netije hem şolar ýalydyr. Ylym-bilimlilik milletiň kemala gelmeginiň we özüni tanatmagynyň esasydyr diýlen düşünje hemme ýerde ykrar edilendir. Ahalteke bedewi babatda-da bu şeýledir diýip ynamly aýdyp bilerin.

Milli medeniýetleriň gazananlary gowy zatlara guwanmagyň we olardan nusga alyp, öz durmuşyňy guramagyň netijeleridir.

Men medeniýet diýenimde, onuň ähli ulus-ile degişlidigi baradaky meselä dykgat edilmegini dogry hasap edýärin. Biziň öz milli medeniýetimiz barada yhlasly gürrüň berijilerdigimiz ondan habarly bolandygymyz, şonuň içinde ýaşaýandygymyz sebäplidir. Bu ýerde özüňkini magtamakdan nam-nyşan hem ýokdur. Medeniýetler babatda gatnaşyk şeýle bolmalydyr. Ösen medeniýeti döredijiniň nesilleri onuň mirasdüşerleri bolýarlar. Eger mirasdüşerlik babatda ýagdaý göwnüňdäki ýaly bolmasa-da, sungat ondan zyýan çekmez. Çünki ösüşleriň giňişligi – Zemin, eýeleri – adamlar. Adamlar diýmegimiň sebäbi biz dünýä medeniýetiniň eýeleridiris. Medeniýet – adamzadyň umumy tejribesiniň önümi. Medeniýetde adamzadyň ylym-bilim, aň-üşük, akyl-paýhas tejribeleri jemlenýär. Anyk ösen durmuşyň diňe bir geografik çäkde ýa-da etnik gurşawda bolup geçmeýändiginiň mysallary kändir. Muny delillendirmegiň hem zerurlygy ýok. Ösen durmuşy döredijiler dünýäniň ösen medeniýetlerinden nusga alýanlar we ony ösdürýänlerdir. Şonluk bilen, dünýä medeniýeti baýlaşýar. Durmuş tejribesi diýen düşünje hem şonuň içinde bolup, bu milli tejribäniň jemidir. Ol ähli adamzat üçin umumydyr, milli tejribe bolsa, biziň ondan nusga alyp, ony hem mynasyp ösdürip bilýänligimizdedir.

Milli tejribe adamzadyň durmuş tejribesinde, şol sanda medeniýetinde özleşdirilen ulgamdyr. Ol dünýä medeniýetiniň aýrylmaz bölegidir.

Ol ebedi janly daragtyň şahalarydyr. Egerde milli medeniýetimiz barada şu pikirden ugur almadyk bolsak, onda ahalteke bedewlerini,

türkmen halylaryny, saryja goýnuny, datly gawunlary we beýlekileri dünýä beren il hökmünde, dünýäde ykrar edilmezdik. Men muny şu günki nesillerimiziň dykgat etmekleri üçin aýratyn belleýärin.

Baýlygy döredýän sen dälsiň! Ol öň döredilen däne, tohum, onuň gämiklemegine bolsa, sähelçe yhlas gerek.

Ähli döredilen zatlar baýlykdyr! Mukaddes toprakda şeýle däneleriň, tohumlaryň ummasyz möçberi gizlengi ýatyr, olar hemişe hem bar. Ýöne olary gämikledýän, soň ese-boýa galdyrýan ýaňky ebedi daragt! Onuň şahalaryna çyksaň, sen ol dänäniň nädeniňde önümli boljakdygyny görüp bilýärsiň. Bu edil asmanda onuň gözükdirijisi ýazylypdyr diýlen ýaly bolýar. Hakykat hem şundadyr. Çünki gürrüň ruhy baýlyk barada barýar. Meniň hälki ebedi daragt diýýänim hem ylym-bilimiň, aň-üşügiň ägirtligi.

Islendik ugurda hem ylmyň-bilimiň ösdürilmeginiň esasy serişdesi ylmy çeşmelerde diýip hasap edýärin. Käteler endigiň terbiýelenmegi, ukybyň ösdürilmegi hem gerekdir. Ýöne çeşme agtarmak we ondan özüň üçin gerekli we täsin maglumatlary tapmak hem ussatlykdyr.

Kitabyň, hususan-da, XX asyryň ýaş nesilleri üçin iň gyzykly güýmenje bolandygyny köp adamlar ykrar ederler. Öz şahsy kitaphanaňy döretmeklige ýykgyn edilmegi örän asylly ýörelgedir. Käbir adamlaryň şahsy kitaphanasyndan örän seýrek duş gelýän kitaplar tapylýar. Bu kitaba goýulýan sarpanyň bir nyşany, asylly ýörelge. Özünde gerekli kitaby bolan adam ony islän wagtynda okap bilýär.

Behişdi bedewlere garaýşym, olara degişli baý mazmunly, dürli kitaplary yzygiderli toplamagyma, edinmegime sebäp boldy. Olardaky maglumatlara görä, gadymy döwürlerde hem biziň argamaklarymyzyň ady meşhur bolupdyr. Dünýäniň iň irki taryhy ýazgylaryndan başlap, häzirki güne çenli olar barada täsin hekaýatlar ýazylýar. Dünýäniň hökümdarlary taryhyň çylşyrymly döwürlerinde özlerini halas etjek iň uly güýjüň bedewlerdedigine düşünipdirler. Bedew atlaryň güýçli duşmana gaýtawul bermekde hem iň kämil ok-ýaraglardan has gereklidigini ykrar edipdirler. Dünýä ýaň salýan söweşijilere garşy zarba urmak üçin, «ynsan ýaly syzgyr» bedewleri ýoldaş edinmelidigine ynanypdyrlar. Rus serkerdesi Dmitriý Donskoý hakyndaky taryhy ýazgylarda hem şu barada ýazylypdyr. Rus patyşasy Iwan Groznyý hem argamaklaryň köpeldilmegine üns beripdir. Onuň özi bu behişdi bedewleriň janköýeri bolupdyr. Türkmen soltany Jelaleddin Meňburnyň ok ýaly süýnýän bedewi bilen derýadan urduryp geçip gidişi baradaky rowaýata çalymdaş hakykat siziň ýadyňyza düşýändir.

Eýesini halas edýän, onuň bilen göwündeş gopýan bedew Göroglynyň Gyraty ýaly wepaly ýoldaşdyr.

Atşynaslaryň gürrüň bermegine görä, bedewleriň şejeresinde belli ugurlaryň özara birikmegi kanuny ýagdaý. Ahalteke bedewleri

GUINNESS WORLD RECORDS
CERTIFICATE
The fastest 10 m on hind legs by
a horse was achieved
by "Akhan" (Turkmenistan)
owned by the
President of Turkmenistan
Gurbanguly Berdimuhamedov
in Ashgabat, Turkmenistan,
on 29 June 2018
OFFICIALLY AMAZING
WWW.GUINNESSWORLDRECORDS.COM
RECORD HOLDER


AKHAN

ata-ene ugry babatda gatnaşykda bolýar. Şu ýerde ahalteke bedewleriniň ugurlaryny öwrenmek bilen baglanyşykly halk içinde ady belli ussat seýisleriň uly iş alyp barandygyny bellemelidiris. Beknazar Dor baradaky rowaýata öwrülip, halkyň hakydasynda galan gürrüňlerde hem şu barada aýdylýar. Onuň atasy Beknazar Al ahalteke bedewleriniň tohum daragtynda uly orun eýeleýän Boýnowyň çowlugydyr. Ahalteke bedewleri Boýnowyň nesillerinden uly şaha ýaýraýarlar.

Beknazaryň Dor aty dünýä inenden zehinli at hökmünde özüni tanadypdyr. Ony Beknazar saryýag, ýumurtga bilen iýmleýän ekeni. Dor taýçanak goşmaça iýmek islese, eýesine muny duýdurypdyr. Käte eýesine hoşal bolup, minnetdarlygyny hem bildiripdir. Beknazar oňa: «Akylly Dorum!» diýip, guwanýar ekeni. Taýçanagyny synamak üçin ony her ýerine çukur gazylan ýorunjaly meýdana goýberipdir. Taý üşerilip durarmyka ýa ýykylarmyka diýen pikir bilen, özi hem gapdalynda durup, syn edipdir. Dor taýçanak her çukury ünslülik bilen aňyp, ilki bir toýnagyny, soň beýleki toýnagyny çukuryň gyrasyna goýup, usully geçmegi başarypdyr. Şondan hem Beknazaryň taýyndan göwni bitipdir.

Taýçanaga baş öwretmek üçin, onuň üstüne ýetginjek oglany mündürýärler. Beknazar Doruň bu ýaş oglana baş bermezligi eýesini begendiripdir. Ol ahyrynda özi taýçanagyna baş öwredipdir. Taýyň sarçlygy eýesini buýsandyrypdyr. Eýesi oňa gaharlanman, gaýtam, öwgüsini ýetiripdir. Bedewe baş öwredenlerinde, onuň sarçlyk häsiýetleri dogumlylygynyň nyşany hökmünde taryp edilýär. Ýaş bedew çala sypalap, mylaýym gepleýşiňi duýýar hem-de saňa has ýakynlaşýar. Şeýle pursatlara özümiň hem şaýat bolmagym maňa bu barada has ynamly aýtmaga esas berýär.

Bedewler hakynda eşiden hekaýatlarymdan birini mysal getireýin. Beknazaryň Dor bedewi bir gezek gürüm-jürüm bolupdyr. Beknazar näçe elewrese-de, ony tapmandyr. Ahyrsoňy bedewi alyp giden adamlar ýene ony yzyna alyp gelipdirler. Sebäbi eýesinden aýra düşüp, ot-iým hem iýmän oturan behişdi bedew olaryň ynsabyny oýarypdyr. Bedewe behişdi jandar diýilýändigi hem şeýle wakalar bilen baglanyşykly.

Ahalteke bedewi alabaý itleri, aw guşlary bilen hem tiz öwrenişýär eken.

1909-njy ýylda meşhur türkmen bedewi Meleguş dogulýar, ol ahalteke atşynaslygynda ady belli Boýnowyň iň soňky neslidir. Meleguş hem şöhraty dünýä dolan bedewlerimiziň biridir. Ahalteke bedewleri barada 1898–1932-nji ýyllar aralygynda toplanan maglumatlar 1991-nji ýylda Daşkent şäherinde neşir edilen «Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň» ilkinji tomuna girizilipdir. Şol kitaba girizilen maglumatlar ahalteke bedewleriniň aşakdaky ugurlary bilen tanyş edýär. Dünýäniň ahalteke atlaryny öwrenijileriniň işlerine ser salanyňda, ugurlaryň dürlüçe beýan edilýän ýerleri-de bar. Bu hem kanuny ýagdaý. Meleguşuň ugry. Eýeberdi telekäniň ugry. Posmanyň ugry. Aksakgalyň ugry. Arabyň ugry.

Teblesinde bedew aty baglynyň,
Göwünleri gaýnap-gaýnap joş bolar.
Daň ýelinde ylgar eden ýigidiň,
Bedew aty oýnar, göwni hoş bolar.

«Görogly» eposyndan

Akbilegiň ugry. Gyrsakaryň ugry. Gelşikliniň ugry. Skakyň ugry. Pereňiň ugry. Toparbaýyň ugry. Garlawajyň ugry. Pakyrpälwanyň ugry. Dorbaýramyň ugry. Ýeliň ugry. Gaplaňyň ugry. Sapar hanyň ugry. Biziň şu ugurlar boýunça hem ylmy iş alyp barmagymyz gerek.

Geljekde Akhan we Pyýada ýaly atlaryň ugurlary hem döräp biler.

Ady Ginnessiň Rekordlar kitabyna girizilen Akhan Gurply we Ruhubelent atly bedewleriň nesli. Akhan Gyrsakaryň nesil ugruna degişli bolup, bu ugurda Kerwen, Garader, Gökleň ýaly ýyndamlykda aýlawlary baglan atlaryň bolandygyny aýratyn bellemelidir. Gyrsakar hem Boýnowyň nesil ugrundan gaýdýar. Gyrsakar 1936-njy ýylda doglan, onuň kaddy-kamaty boýunça-da saýlantgy derejededigi ykrar edilendir.

Çeper döredijilik – bu öz-özüňdäki açyş, ylmy döredijilik – töwerek bilen gönüden-göni gatnaşykda döreýär. Adam öz-özüni, öz duýgularyny, durmuş hakyndaky düýpli pikirlerini, duýup hem görüp bileninde, düýpli eser döredýär. Bedewlere söýgi türkmen medeniýetiniň buýsançly sahypalarynyň biridir. Dünýäniň iň iri habar beriş çeşmesi bolan Internet saýtlarynda ahalteke bedewleri baradaky ýazylanlar köpler üçin täzelikdir. Dünýäniň dürli ýurtlarynda türkmen bedewlerini köpeltmek we ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan atşynaslaryň bardygy guwanmaly ýagdaýdyr. Ýöne öz Watanyndan uzakda ýaşaýan ahalteke bedewleriniň asylky tebigatyny saklamak ukybyny ýitirýändigini olaryň eýeleri hem inkär etmezler diýip pikir edýärin. Ahalteke bedewleri öz eýesini unutmaýar. Şuňa ykbalyň emri bilen ýat ülkä düşen Meleguşuň ykbaly bilen bagly döredilen goşgy hem şaýatlyk edýär. Goşguda şeýle setirler bardy:

Gözleň Babarabyň çaýryn küýsedi,
Gözleň Aşgabadyň baýryn küýsedi.
Gözleň diýdi: «Häzir türkmen asmany
Gümmürdäp üstümden çabga guýsady.

Garagumda ösýän gyzgyn şemala
Kükrek gerip, alyslara çapsadym.
Aryp gelip, maňlaýymy sypaýan
Goja seýsiň ýyly mährin tapsadym».

Bu gün, häzirki döwrümiz il-halkymyzyň rahat hem-de erkana ýaşamagy üçin ähli mümkinçilikleriň döredilýän döwri. Ahalteke bedewi, türkmen halysy, saryja goýny, alabaý iti, türkmen gawuny ýaly gymmatlyklarymyz halkymyzyň adyny ebedi ýaşadýarlar. Şulary döreden halk taryhyň çylşyrymly pursatlarynda hem öz adynyň ykrar edilmegini gazanýar. Sebäbi ol sungaty özleşdirýär, adamlary haýran edýän jadyly täsinlikleri döredýär. Sungat bolsa, päkligiň asylky nusgasydyr. Men sungaty arassalygyň sözüň doly manysyndaky nusgasy diýip häsiýetlendirýärin. Şonda hem ony hakyky bolşy ýaly göz öňüme getirip bilýärin. Onuň barlygyny we çaksyz ýakymlylygyny duýýaryn. Ata-babalarymyzyň

isleg-arzuwy Magtymguly akyldaryň «Berkarar döwlet istärin» diýen setirinde ýaşaýar. Halkyň ykbalynda ahmyra öwrülen ýyllar hem türkmenler özüni dünýä taýsyz üýtgeşik bedewi beren halk hökmünde tanatdy. Hawa, şol ýyllarda hem şalardyr begzadalar üçin iň arzyly sowgat ahalteke bedewleridi. Olaryň düşbüligi, üşükliligi, akyllylygy görenleri bedewleriň hakyky muşdagyna öwürýärdi. Türkmen halylary kaşaň köşklere laýyk hasap edilýän bolsa, bedewler hem asylly begzadalaryň göwnüni göterýän ajaýyp dostlarydy. Ýöne şeýle bedewi, jan-dilden ýüregiňe düşünýän bedewi edinmek her kişä başardybam durmaýardy. Hawa, türkmeniň dabarasy dag aşýardy, illeri aşyp ýaşaýardy. Sebäbi ol özüne müdimi bahasyna ýetip bolmajak baýlygy, aýdyşlary ýaly, asyrlaryň tümlüginden gelip, Zeminde Gün bolup lowurdan ahalteke bedewini seýisläp ýetişdiripdi.

Türkmen bedewi Ahal ýaýlasynda dünýä inýär. Ol ýazuw maglumatlaryna görä, XIX asyryň ahyrlarynda «ahalteke» adyna mynasyp bolupdyr. 1890 – 1907-nji ýyllara degişli iň irki sözlükleriň biri bolan Brokgauzyň we Efronyň düşündirişli sözlüginde: «Ahalteke uýezdine iki sany pristawlyk girizilýär: Etek pristawlygy, merkezi Kakada, şeýle-de merkezi Bäherden obasynda bolan Durun pristawlygy; uýezd şäheri, şeýle hem Zakaspiý oblastynyň baş şäheri bolup durýan Ashabad» diýlip bellenilipdir.

Gerodot behişdi bedewler hakynda gowy beýan edipdir. Ol bedewlerimize nusaý aty diýip at berdi. Dünýäniň ýurtlarynda bolsa, oňa argamak diýilýär. Munuň arassa ganly bedew diýmegi aňladýandygy barada ozal hem belledim.

Ahalteke bedewleriniň iňňän düşbi atlardygyny dünýäniň atşynaslary belleýärler. Olar birnäçe gezek uzak aralyga ýörişlere gatnaşyp, durnuklylygyň we gaýratlylygyň ebedi nusgasyny döretdiler. «Şeýle uzak wagtlap, kyn tebigy şertlerde geçirilen ýörişleri üstünlikli geçmäge diňe şu ýelgamak bedewler döz geler!» diýip, olar barada ýazypdyrlar.

Atçylyk institutynyň işgärleriniň tagallalarynyň netijesinde, 1938-nji ýylda Oba hojalyk ylymlarynyň Bütünsoýuz akademiýasynyň maldarçylyk bölüminiň XIII mejlisinde ahalteke atlary arassa ganly diýlip ylmy taýdan ykrar edilýär. Ahalteke bedewleriniň häzirki zamanda esasy ugruny emele getirýän, belli bolşy ýaly, 1885-nji ýylda doglan mele at Boýnowdyr.

Ata-babalarymyz edil özüniň ýedi arkasyny doly bilşi ýaly, bedewiniň hem dört arkasyny, hüý-häsiýetini ähli artykmaçlyklary bilen hakydasynda pugta saklapdyrlar. Hakydada galan gymmatlyk bolsa, nesilme-nesil terbiýe arkaly geçýär. XIX asyryň ahyrlarynda Watanymyzda bolup geçen syýasy wakalar ahalteke bedewiniň ykbalyna hem täsir edýär.

1896-njy ýylda Zakaspiý at çapyşyk jemgyýeti döredilipdir. Taryhda Köşi athanasy hakynda ýazylan maglumatlara hem duş geldim. 1890-njy ýylda atlaryň baş sanyny anyklamak maksady bilen, ýörite ýazuw geçirilipdir.

Belli bir halkyň döreden gymmatlygy wagtyň geçmegi bilen dünýäniň gymmatlygyna öwrülýär. Ahalteke bedewleriniň tohumçylyk kitabynyň döredilmegi üçin esas bolýar, ahalteke bedewleriniň gadymylygy ylmy taýdan gutarnykly subut edilýär. Şolaryň netijesinde hem ahalteke bedewiniň tohumynyň arassalygyny saklamak barada alada edilipdir. Ahalteke bedewleriniň tohumçylyk kitabyna başga goşundysy bolan tohum atlar ýazylmandyr. Kitabyň 1941-nji ýylda çap edilen üçünji tomunda Demirgazyk Kawkaza düşüp, özüniň şejeresini ýitiren bedewler barada hem maglumat berilýär.

Ahalteke bedewleriniň tohumçylyk kitabynyň ykbalynda hem 1948-nji ýylyň tebigy betbagtçylygy ýaramaz netijesini goýupdyr. Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň Prezidenti hökmünde tohumçylyk kitabynyň yzygiderli ýöredilmeginiň derwaýysdygy maňa has içgin duýulýar.

XVIII asyrdan soň Türkmen aty diýlip atlandyrylan meşhur ahalteke bedewiniň muşdaklarynyň Ýewropada köpelmeginiň bir sebäbi bilen baglanyşykly anyk taryhy waka hem bar. Awstriýanyň döwlet kansleri knýaz Kaunitsiň athanasyna çagyrylan myhmanlaryň arasynda türk ilçisi hem bar ekeni. Ol türkmen bedewini tanaýar: «Gözüňiz gapylan bolmasa, siz onuň türkmen bedewidigini bilerdiňiz» diýip, ahalteke bedewiniň birnäçe wagtlap täsirinden çykyp bilmeýär. Onuň aýdyşy ýaly görnüşde hem bedewe at galýar. XX asyryň başlarynda Russiýada ahalteke bedewleri köpeldilip, olar meşhur türkmen atlarynyň ugrundan gaýdýar.

Ahalteke bedewleri 1935-nji ýylyň 5-nji maýynda başlanan Aşgabat – Moskwa atly ýörişinde öz mertligini, çydamlylygyny gaýtadan subut etdi. Olar 84 günde nätanyş tebigatly goldur illeri aşyp, 4300 kilometr aralygy geçip, barmaly menziline ýetdi. Bu ýöriş 1988-nji ýylda gaýtadan amala aşyryldy. Oňa jemi 28 sany bedew gatnaşdy. Täsinligi babatda 1935-nji ýyldaky ýöriş has belli boldy. Oňa gatnaşyjylaryň ýatlamalary iňňän gyzykly, ýöne bu boýunça maglumat onçakly köp däl. 1988-nji ýyldaky atly ýöriş barada belli atşynaslar oňa gatnaşyjylaryň durmuş tejribesiniň 1935-nji ýyldaky ýörişe gatnaşyjylaryňka garanyňda, has artykmaçdygyny belleýärler.

XIV – XVII asyrlarda Italiýada, Fransiýada we Ispaniýada atçylygyň ýörite mekdepleri döredilipdir. Olarda atlara baş öwretmegiň, olary türgenleşdirmegiň usullary hem özleşdirilipdir.

Atçylyk sportunyň – at üstündäki milli oýunlaryň türkmen jemgyýetinde terbiýäniň bir ugry hökmünde ýüze çykandygyny aýratyn nazara almak bilen, biz atşynaslyk ylmyna öz milli medeniýetimiz hem-de edebiýatymyz, taryhymyz arkaly aralaşýarys. Bedew hemişe gerçegiň iň ýakyn syrdaşy. Şol bitewülik hem olaryň maksadyna tiz ýetilmeginde uly güýçdür.

«Tigr hem-de Ýewfrat derýalarynyň arasyndaky irki siwilizasiýalaryň ösüşinde bu ýere Merkezi Aziýadan düşen bedew atlaryň goşandy bardyr»

diýen ýazga duş gelipdim. Bu bolsa, biziň eýýamymyzdan öňki III we II müňýyllygyň aralygyny habar berýär. Hindistana hem ilkinji gezek biziň eýýamymyzdan öňki II müňýyllykda Merkezi Aziýadan gelenler tarapyndan bedewler getirilipdir. Bu täsin atlar şol döwürlerde Müsüre we arap adalaryna ilkinji gezek gadam basýar. Men şu maglumatlara mysal hökmünde salgylandym, şeýle mazmundaky maglumatlar bolsa, has kändir.

Ahalteke bedewleri nirede bolsa-da, olar türkmen aty diýen at bilen tanalýar. Bu hem olaryň seýislenişiniň aýratynlygy bilen baglanyşyklydyr. Ýewropanyň öleňlikleri bedewleri aýratyn iýmlemek endiginiň gowşamagyna sebäp bolýar diýip, edebiýatlarda belleýärler. «Şol sebäpli hem türkmenleriňki ýaly aýratyn ideg edip, üýtgeşik bedewleri kemala getirmekde ýewropalylar ejiz gelýärler» diýip, käbir awtorlar öz pikirlerine delil getirýärler. Köpetdagda çeşmedir çaýlar, Garagumda guýular bolaýmasa, Aziýanyň jümmüşinde Ýewropadaky ýaly öleňlige duşmaýarsyň. Şol durmuşyň özi hem bu bedewleri aýratynlykda saklap, ýörite ideg edilmeginiň möhümdigini ýüze çykarypdyr diýip, awtorlar netijä gelýärler. Şol ýazgylarda arpa hem-de ýorunja barasynda aýratyn bellenilmegi hem meni özüne çekdi. «Seýisler olara, esasan, arpa hem-de ýorunja berip, ideg edýärler. Ähli syr hem arpa bilen ýorunjadadyr» diýlip, bu hümmetli ot-iýmleriň seýisçilikdäki aýratynlygy barada aýdylypdyr. Bular iňňän ýokumly ot-iýmler hasaplanylýar.

Ýöne bu ahyrynda hem bedewe şeýle yhlasly ideg etmegiň syrlarynyň düşündirişini aňlatmaýar ahyryn. Bedewe şeýle usulda ideg etmegi bedewleriň eýeleriniň özleri saýlap alýarlar, olar owadan hem-de ýyndam atlary, dünýä belli bedewleri ýetişdirmekden lezzet alýana has meňzeş. Hawa, bedewe ideg etmek, olar bilen dostlaşmak, aýratyn bir gyzykly dünýä. Ahal ýaýlasynda dünýä inen jadyly bedewlere çynyň bilen dostlugyňy mälim edip bilseň, olarda eýesine imrinmek ukybyny oýaryp bolýar. Ata-babalarymyz şol hakykata düşünipdirler we ony has irki döwürlerde durmuşyň paýhas hazynasyna siňdiripdirler. Ony adamzat tejribesiniň baý mirasyna öwrüpdirler. Şu ýerde bir rowaýat ýadyma düşýär. Köpetdagyň jülgelerindäki dolup-daşýan bir çaýdan bedewler suwa ýakylýan eken. Şonda suwdan her gezek üýtgeşik bir at çykypdyr.

Şondan birnäçe wagt geçeninden soň bolsa, atlar irimçikden gelen owadan taýlary gulunlapdyr. Şol taýlary eýerlän türkmen ýigitler olaryň asman bilen Zemin aralygynda uçýandygyna, çensiz düşbüdigine göz ýetiripdirler. IX asyryň belli arap geografy ibn Hordadbeg şu rowaýaty şahyrana, juda täsirli gürrüň berýär. Şeýle gadymy gürrüňler ahalteke bedewiniň dörän ýerleri bilen baglanyşykly aýdylýar.

Şonuň ýaly jadyly tarapy bolandygy üçinem ahalteke atlary üýtgeşik, olaryň syrynyň aňyrsyna ýetmek mümkin däl.

Türkmen edebiýatynda dilden-dile geçýän, söz bilen beýan edilýän, aýdylýan görnüşiň

ösendigini, eýsem, näme bilen düşündirip bolar?! Her bir türkmen gojasyny – hazyna, mähirli eneleri mähek daşyna deňeýäris. Sebäbi näme?! Sebäbi olar ylym-bilim, akyl-paýhas ulgamyna terbiýe, öwüt-ündew bilen ebedi ömür berýärler. Halkymyz öwüt-ündewini, perzendine pentlerini edebiýatynda ýaşadypdyr. Dilden-dile geçip aýdylýan edebiýat durky bilen şondan düzülendir. Men milli medeniýet babatdaky düşünjäniň her bir halk üçin wajypdygyna ünsüňizi çekmek isleýärin. Biziň milli medeniýetimiziň aýdyň ýoly bar. Onda dünýä medeniýetine barýan ýoluň asylky durky görünýär. Milli medeniýetleriň gazananlary ol gowy zatlara guwanmagyň we olardan nusga alyp, öz durmuşyňy guramagyň netijeleridir.

Gorkut ata boý söýläp, öwüt edýär. «Oguznamalaryň» hem ýazylmagynyň ahyrky maksady öwüt etmek. «Oguznamalar», oguznamaçylyk däbi – bu pederlerimiziň özleri hakyndaky maglumatlary geljege müdimi galdyrmak üçin oýlap tapan usullarydyr. Il-ulsumyz kitaplarda ýazylanlary öz hakydasynda ýaşadyp, perzendine öwüt edip gelipdir. Dessanlaryň, nakyllaryň, rowaýatlaryň, halk döredijiliginiň beýleki görnüşleriniň dilden aýdylýan usulda döredilmeginiň we uzak wagtlap ýaşamagynyň esasynda nesilleriň arasyndaky baglanyşygy üpjün etmegiň zerurlygy bardyr.

Her bir ene-atanyň öz perzendiniň öňünde borjy bardyr. Perzendiň hem ene-atanyň öňünde ýerine ýetirmeli borçlary bar. Borç duýgusyny lebiz, kasam etmek ýaly düşünjelerde has çuň teswirleýän ilimiz bagtyýar durmuşda ýaşamalydyr. Ertirleriň asudalygy, ýaşaýşyň hözirliligi taryhyň dowamynda il-ulsuny adalat ýolundan ýöredip, bagtly hem-de mertebeli eden şalaryň, soltanlaryň yhlasy siňen, danalaryň pähiminde ömür berlen türkmen döwletindedir. Döwlet hem-de bedew düşünjeleri taryhyň synagly ýollarynda birleşýär. Çawy yklymlary aşan türkmen döwletleri bedewleriň şöhratyny hem beýgeldipdir. Çünki şol uly at-abraýa bedewler hem deň şärik bolupdyrlar. «Dünýäniň çarhy bedewiň toýnagynyň astynda» diýlip ýöne ýere aýdylmaýar. Meşhur soltanlaryň öz atlaryny bedewleri bilen bilelikde taryha ýazandyklaryny bilýäris.

Türkmenlerde asylly ýerlerden bolan maşgalalarda seýisçilik hökmany özleşdirilmeli kespleriň biri bolupdyr. Şunuň mysaly türkmen edebiýatynda näçe diýseň bar. Biz türkmen edebiýaty hakyky durmuşy suratlandyrýan edebiýatdyr diýip aýdypdyk. Edebiýat arkaly taryhy hakyda ebedi ýaşap, ol tutuş halkyň durmuş tejribesiniň baýlaşmagyna täsir edipdir.

Käteler meniň serime şeýle bir hyýallar gelýär. Ata-babalarymyzyň öňündäki borjumyz

nesillere söz bilen baky ýadygärlik goýmakdadyr diýýärin. Nesiller belent ruhly bolmagy Oguz hanyň, Gorkut atanyň, Göroglynyň pentlerinden öwrenýärler. Medeniýetiň beýik güýçdügi hem şondadyr. Häzir üstünlik gazanmagyň ýollary, dost tutunmagyň, söwda işini ýola goýmagyň usullary, baýamak hakynda ýazylan edebiýatlar köp okalýar. Ýöne Gorkut ata ýaly gojalaryň öwüdini hiç bir baýlyk bilen deňäp bolmajakdygyna ynanýaryn.

Magtymgulynyň sözi türkmençilik ýörelgelerine öwrülip ýaşapdyr. Olary biz kitapdan öňürti özümizden ulularyň gulagymyza guýan pentleri arkaly bilýäris. Käteler haýsydyr bir kitapdan okalan maglumat ata-enesinden kemally terbiýe alan perzent üçin öňki tanyş maglumatynyň ykrar edilmesi bolýar. Ykrar edilme bolsa, pikiriň örüsini giňeltmegiň mümkinçiligidir.

Indi şu ýerde ýene-de bir pikire aýratyn dykgat edilmegi gerek. Ol hem «edebiýat» sözi. Hawa, onda «edep» diýen düşünje bar. Ol özüniň asylky gönükdirilmesi bilen hem atlandyrylypdyr. Alymlaryň türkmen edebiýatynyň toslama edebiýat däldigi, onda anyk durmuş hakykatynyň ýaşaýandygy hakyndaky pikirleri garaýşymyzy düýpli özgerdýär. Sebäbi ylym hem, «edebiýat» hem – döredijilik. Olar adamyň döredijilik ukybynyň ýüze çykyş aýratynlyklary.

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA



Men medeniýetleriň ösüşi baradaky meselä hemişe hem juda köptaraply we iňňän çuňňur häsiýet berýärin. Medeniýet – halkyň dili hem-de ýaşamak ukyby. Baý medeniýeti bolan halklaryň adamzat ýaşaýşynda esasy baýdak göterijiler bolandygy, olaryň adamyň erkini we azatlygyny iň ýokarda goýýan ösen jemgyýeti döredijilerdigi bizi buýsandyrýar. Şonuň üçin her bir milli medeniýetiň goralmaga we öwrenilmäge berk esaslarynyň bardygyna düşünmek gerek. Bu meselä juda jogapkärli garamaly. Şu pikiriň özi meni nusgalyk sazlary diňlemäge, nusgalyk edebiýatlary okamaga iterýär. Adamlar bilen köp söhbet etmegiň gerekdigi barasynda oýlanýaryn. Dogry söhbet etmegi başarmagyň özi hem ruhy baýlyk. Ol adamyň gönnüni giňeldýän, ony paýhaslandyrýan uly güýç. Halkyň akyl, aň-üşük, zehindir ukyp-başarnyk babatdaky özboluşlylygyny döreden hem ýene-de halkdyr. Onuň danalygy, geçmişiň sapaklaryny mynasyp özleşdirip bilmekliginde. Ylymly jemgyýet – adamzadyň aň-paýhas tejribesini doly özleşdiren jemgyýet. Şol tejribäniň Oguz han, Gorkut ata, Görogly, Magtymguly ýaly ägirtleriň öwütleri bilen şu güne ýetendigi üçin, şu gün milli tejribäniň esasynda täze döwrümiz bina bolýar. Her bir raýatyň şu günki ýaşlaryň öňündäki iň möhüm borjy olara ata-babalarynyň mynasyp nesli bolup öwüt edip bilmegindedir. Türkmençilik düşünjesindäki ähli asylly adamkärçilik sypatlaryny olara geçirmegi başarmakdadyr. Hut şonuň üçinem ahalteke bedewine gatnaşygymyzda olarda Göroglynyň eýeren ýörelgesini dowam etdirmäge bolan hyjuwy döretmegi başarmalydyrys.

Hawa, şunuň özi hem ýene oýlanmaga iterýär. Diňe bir kitaplarda ýazylanlary däl, ýaşulardan eşidenlerimizi hem hyýalymyza getirýäris. Ahalteke bedewleri bilen didarlaşanymda, şeýle pursat bilen ýüzbe-ýüz bolýaryn. Sebäbi ahalteke bedewlerinde adamzadyň durmuş tejribesiniň umumylygyny, onuň häzirki döwrüň beýik ösüşlerindäki anyk alamatlaryny duýýaryn. Şol halat hem pikirleriň hökmürowanlygy kagyza geçýär. Bu özbaşyňa şahsy oýlaryň, döredijilik ylhamyň bilen galýan pursatlaryň.

Ahalteke bedewi – eýýamlaryň bedewi.

Olarda ähli döwürleriň tejribesi jemlenendir.

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

*10

BEDEW ATYŇ ÝÜWRÜK BOLSUN!

«OWAL BEDEW ATY GEREK ...»

MAGTYMGULY PYRAGY

«Kitaby dädem Gorkut» dessanyndan Biregiň öz atyna ýüzlenip aýdýan şu setirleri köpleriň ýadyna düşýändir:

Äri myrada ýetirer seniň arkajygyň,
At diýmezden saňa, gardaş diýerem,
Gardaşymdan ýeg,
Başyma iş geldi, ýoldaş diýerem,
Ýoldaşymdan ýeg.

Adamlaryň asyrlaryň dowamynda gazanan ýeňişleriniň ýarany – ahalteke bedewleri.

Biziň şöhratly üstünliklerimiziň alamaty – bedewlerimiz!

Hawa, ata-babadan türkmen perzendiniň zandyna guýlan edep-tälimi hem biziň ahalteke bedewlerine söýgimizde jemlenýär. Türkmen perzendi – bular Göroglynyň nesilleri, merdanalar, ahalteke bedewlerimiz bolsa, biziň Gyratlarymyz, onuň mynasyp nesilleri!

Uç bedewim, dünýä seniň toýnagyň astynda aýlanýar!

Jygalybeg perzendine öwüt edýär. Onuň müdimi pendi asyrlary, adamlary, ykballary birleşdirýär. Jygalybeg parahat ýurt üçin munuň gerek boljakdygyny bilýär. Parahat ýaşaýyş üçin perzende nähili ýaşamalydygynyň ýollaryny salgy bermeli. Jygalybegiň perzendine gatnaşygy her bir türkmeniň öz dowamatyna gatnaşygyny alamatlandyrýar. Bu terbiýeçilik babatda diňe bir maşgala üçin däl-de, hemmelere degişli ýörelge. Watany goramak baradaky öwüt bu meseläniň hususylyk serhedinden geçýär. Bir adamyň mysalyndaky anyk netijelilik umumy netijä öwrülýär. Bu juda çylşyrymly hem däldir. Öý-ojak abadan bolsa, dünýä abadan.

Jygalybeg asyrlary, adamlary, ykballary birleşdirip, öz perzendine öwüt edýär. Şu ýerde meseläniň maňzyna dykgat edilse, bu onuň bedewe gatnaşygynda-da açylýandyr. Jygalybegiň arzuwy ýurdy gorar ýaly mert perzendi kemala getirmek. Munuň üçin ol Göroglynyň etmeli hereketlerini gözegçilige alýar we ony ünsdür alada bilen gurşaýar.

Gadyrdan okyjym! Indi halkymyzyň «At – myrat» diýen pelsepesiniň teswirlenilmeli pursady hem geldimikä diýýärin. «At – döwlet».

Ahalteke bedewleri baradaky aýdylan we ýazylan dana sözleriň asyl manysy şu jümlede jemlenendir. Indi munuň näme üçin şeýledigini anyk kesgitlemeklik derwaýys. Hawa, okyjyda bu barada umumy düşünje bardyr. Ol hökman bolaýmaly. Ýöne men anyklyk hakynda aýdýaryn. Taýsyz gymmatlygymyz bolan ahalteke bedewleriniň döwlet bilen manydaşdygynyň mysaly «Görogly» eposynda bar.

Bu eposyň döwlet gurmagyň sütünini alamatlandyrýan gurluşy barada öňki eserlerimde-de aýdypdym. Jygalybegiň ogullary tymsal manysynda döwleti dolandyrmagyň sütünleri. Döwlet gurmagyň, Watanyňy goramagyň şerti bolsa, bedew edinmekde. Jygalybeg soltana mertebeli ýaşamak üçin at gerek! Eposdaky zenan keşpleri zenan mertebesine goýulýan hormatyň nähili manyda dörändigini anyk düşündirýär. Görogla Gülendam hossarlyk edýär. Gülendamy halas etmek Görogla başartmaýar. Şondan soň Jygalybegiň Göroglyny bedewli etmek baradaky aladalary başlanýar.

Jygalybegiň özi hem türkmen soltany. Seýisçilik bolsa ir döwürlerde hem türkmen soltanlarynda uly höwes döreden sungatyň biridir.

Olaryň bedew münüşi, bedewler bilen dostlaşmagy başaryşy, bedewiň üstünde ýerine ýetirilýän dürli oýunlara ezberligi we şolaryň yhlasly tomaşaçysy bolmagy, bu şol taryhy keşpleri açmagyň iň üns berilmeli ugurlarydyr diýmekçi bolýaryn. Soltanyň öňünde juda uly borç bar! Ol Watanynyň, il-ulsunyň aladalaryny öz şahsy aladalaryndan hem ýokarda goýup, mähriban topragyny, onuň azatlygyny goramalydyr. Türkmençilikde polat ýaly berkän şeýle bir ýörelge bar. Soltanlar il-ulsuň ähli şatlygynyň sebäpkärleri bolmaly. Geçmişden bilýänsiňiz, raýatlarynyň, hakykatdanam, nähili durmuşda ýaşaýandygyny bilmek üçin şalar, soltanlar özge keşbe girip, jemagatyň içine aýlanypdyrlar. Şu barada rowaýat hem bar. Bir patyşa hakykatyň nämedigini soraýar. Oňa dürli jogap beryärler. Şonda wezirleriň biri hakykatyň iliň içindedigini, ony patyşanyň özüniň görmelidigini aýdýar. Şalaryň il-ulsa ýakyn bolmak, olaryň durmuşyny öwrenmek islegi hem il-ulsy göwnühoş hem-de razy etmek wezipesinden gelip çykýar.

Hawa, Jygalybegiň dowamaty bar! Onuň mynasyp bedewi hem bolaýsa ýurt garaşsyz hem-de erkana ýaşamaly! Men «bedewi» sözüni aýratyn nygtap aýdýaryn. Ynha, eposdaky esasy pikirleriň biri şu! Göroglynyň Gülendamdan, özüni ýelden-günden gorap kemala getiren adamdan aýra düşmegi onuň çynlakaý oýlanmagyna itergi beryär. Onuň Watan, mertlik, erkana ýaşamak babatdaky borçlary ony uly adam edip ýetişdirýär.

Eposdaky wakalaryň gurluşynda men diňe Watan mukaddesligi baradaky tymsaly aňýaryn. Muny her bir türkmen aňýandyr. Bizde tymsally geplemek, az sözde köp many aňlatmak pähimlilikden nyşan hasap edilýär. «Gündogarda pikir

dünýä inýär, şonuň üçinem ol ýerde uly pelsepeçiler kemala gelýär» diýen aňlatma duş gelensiňiz.

«Görogly» eposynda, halkyň edebi döredijiliginiň beýleki nusgalarynda hem wakalaryň yzygiderliligi eseriň esasy maksadyna laýyklykda özgerýär. Eserde gahrymanlary çenden aşa taryplamak ýörelgesi duýulmaýar. Gahrymanlaryň hereketlerinde jemgyýete nusgalyk, juda tertip-düzgünli, hatyrjem hereket edýän gahrymanlar däl-de, halkyň gündelik durmuşy bilen ýaşaýan gahrymanlar suratlandyrylýar. Olar ýalňyşlyklarda berkeýärler, dogry ýoly saýlap almagy öwrenýärler. Göroglynyň oglanka, atasyny käýindirýän ýerleri hem bardyr, ol birbada Görogly bolup ýetişmeýär. Ony hakyky gahryman edip terbiýeläp ýetişdirmekde il-halkyň, Jygalybegiň orny juda uludyr. Genjim agasy oňa: «Eý, Görogly zaňňar, heý men senden gutulmanmy? Indi sen öz alajyňy özüň görjek ýagdaýyň ýokmy?» diýip, gyjalat berýär. Käteler oňa jigerine tyg urýan sözler bilen ýüzlenýärler, şol sözler hem Göroglyny oýlandyrýar. Gahrymany gerek ýerinde taryp edýänem, Göroglyny bärden gaýdýan ýerlerini duýar ýaly edýänem adalatly jemgyýet. Görogly durmuşyň şol synaglarynda taplanyp, hakyky mert ýigit bolup ýetişýär. Atasy Jygalybeg, agasy Genjim beg, Çardagly Çandybiliň ilaty oňa goldan gelen kömegini berýär. Mertler oňa nöker bolýarlar. Olar onuň hak işi ýerine salmagynda şärikdeşleri.

Hak iş – dünýäniň ýeke-täk adalaty. Görogly il-ulsa boýun sunýar, il-ulus bolsa ony kemala getirýär. Göroglular halkyň içinde, onuň bilen aýrylmaz jebislikde döreýärler. Ol halkyň özüne bolan uçursyz uly söýgüsine we ynamyna wepaly bolmaly. Bu missiýa Göroglynyň dünýä inmeginde hem bar. Biz muny şeýle kabul edýäris. Onda ata-babalarymyzyň il-ulsumyzyň parahat durmuşyny gorap saklaýan mertleriň ebedili-gi hakyndaky tymsaly bolmadyk bolsa, Görogly döremezdi. Göroglynyň aýatda ýok adamlardan dünýä inmegi şony aňladýar. Ol halkymyzyň pajygaly ykbalyndan bir pursat, ýaňadan galkynmagyň, kynçylyklara ýanbermezliginiň teswiri. Eposda wakalaryň tutuş mazmunynda Göroglynyň keşbi Gyrat bilen bilelikde suratlandyrylýar.

Ahalteke bedewine biziň iňňän ünslüligimiziň sebäbini «Görogly» eposy doly aýan edýär. Göroglynyň dünýä inmegi Watan ykbaly üçin gerek. Onuň iline, hakykatdan hem soltandygy bolsa, bedewine gatnaşygynda iňňän uly mana eýedir. Jygalybegiň agtygyny bedewli etmek baradaky aladalaryny ýene bir gezek hyýalyňyza getiriň. Bu giden bir edep-terbiýe toplumy. Göroglynyň aty adaty at däl, ol deňiz atynyň nesli. Şuňa hakykata laýyk däl diýmek bolarmy?! Bu hakyky bar zady görmezlik bolardy.

«Suw aty», «ýel aty», «asman aty» düşünjeleri meňzetmäniň owadanlygynyň hatyrasyna döredildimi?! Onda munuň eposdaky hakykaty nämede?! Men ahalteke bedewleri – biziň Gyratlarymyz barada dünýäniň taryhçylarynyň, olary öz gözi bilen synlan jahankeşdeleriň aýdanlaryny öňki eserlerimde mysal getiripdim.

Göroglyny Görogly edýän onuň Gyraty. Dünýäniň kuwwatly şalyklaryna, adalatly soltanlaryna mynasyp atlaryň mekany Çardagly Çandybil. Gadymyýetde iň ýüwrük atlaryň ýetişdirilen mekany hem Nusaý düzlügi, Köpetdagyň Garagum bilen sepleşýän jülgelikleri.

Türkmençilikde «Namart ogluň doganyndan, dogmadygy ýeg» diýlip, gadymy döwürlerden bäri aýdylyp gelinýär. Göroglynyň tälim-terbiýesi Jygalybegiň ömrüniň tutuş mazmuny. Adamyň süňňi birlik gatnaşygy, tebigy dowamat, bular eposda esasy wakalaryň içinde. Görogly ýel ýaly ýyndam, adam ýaly düşbi bedewi bilen ýurduna eýe bolmaly. Çandybil iliniň erkanalygyny goramaly. Görogla şol belent wezipäni ýerine ýetirmekde Gyrat goldawçy bolýar. Gyrat ony ähli kynçylyklardan alyp çykýar. Görogly hem özüniň ýaşlygyny, zehinini, hyjuwyny Gyrata bagyş edýär. Jygalybegiň aýdyşy ýaly, seýisläp, oňa tälim berýär.

Eposyň tutuş mazmuny hem Göroglynyň bedewe bolan gatnaşygy, bedewi bilen ezberligi hakyndaky wakalarda teswirlenilýär.

Eposda Jygalybegiň: «Tagsyr, meniň ökde kärim, seýisçilik, atçylyk» diýýän ýeri bardyr. Hüňkar patyşa oňa ilde ýok at ýetişdirip bermegi tabşyrýar. Üns berseňiz, Jygalybegiň başarýan hünärleri köp. Ol atarman, çaparman, her hili söweş tilsimlerini hünär edinen, ýöne ilde ýok at ýetişdirmegi-de başarýar. Meseläniň şu ýeri oýlandyrýandyr. Ýurduň soltany ilde ýok at ýetişdirmäge çenli kämilleşen seýisçiligi ele alypdyr. Jygalybegiň agtygy bilen Üçgümmez dagyna gidişini suratlandyrýan wakalaryň haýran galdyrýan ýerleri bardyr. Şuny näçe pikir etsem-de, men onuň täsirinden çykyp bilmeýärin. Nusgawylygyň güýjem şonda ahyryn. Bu halkyň başyny merdemsi tutup ýaşamagyna, özüniň ata-babalaryna guwanmagyna iterýän uly güýç.

«Görogly» eposy diňe bir edebi eser hem däldir. Bu eposyň ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna girizilendigini şu ýerde bellemek gönnejaý bolar. «Görogly» halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşy bilen bile ýaşaýan kyssalarydyr. Şondan hemişe özüne ruhy hemaýat hem-de gurbat alyp bilýändigi üçinem, il-ulsumyz mertebeli ýaşaýandyr, nesillerine mynasyp terbiýe berýändir. Şu ýerde eposyň iň täsirli ýazgylaryndan şulary mysal almakçy:

«Jygalybeg ýolda baryşlaryna:

– Oglum, Hüňkar biziň gaçanymyzy aňaýsa, yzymyzdan kowgy iberer, yzyňdan habardar bolgun, oglum – diýip, pugta sargady.

Görogly hem yzyndan ahmal bolmajak bolup, tiz-tizden yzyna garap gelýärdi. Şol baryşlaryna daň atyp, jahan ýagtyldy. Gün dogup, älem ýüzi ýagtyldy. Görogly yzyna garap barýarka, birhaýukdan soň, yzlaryndan bir uly tozan göründi. Birmeýdan geçensoň, ýene gaňrylyp seretse, birtopar atly tozan-tozana garyp gelýär.

– Ata, yzymyzdan birtopar atly kowup gelýär, özlerem gaty köp, indi nädeýli, ata? – diýip, Görogly yzyna tiz-tizden garady.

Jygalybegiň bolsa iki gözi kör, Görogly on-on bir ýaşly ýaş oglan. Gaç-ha gaç, kow-ha kow onuň gören zady däl, bu ýagdaýda ol biraz howsala düşdi.

Jygalybeg agtygynyň howsala düşenini aňdy-da:

– Aý, oglum, şeýle gaç-ha gaç, kow-ha kow bolan wagtynda howsala düşmek gerek däldir, sowukganly bolup, ýüregiňi ýerinde saklamak gerekdir. Münüp oturan malyň hem seniň bilen ýürekdeş ahyry. Sen howsala düşüp, uýlugyňy sandyratsaň, on iki süňňüňi gowşadyp, uýan tutuşyňy ýitirseň, ol janawaram seniň gorka düşeniňi aňyp, toýnak kakyşyny ýitirer. Özüňi ýitirme, oglum. Ýüregiňi ýerinde berk sakla. Yzyňa köp garama. Malyňy gaty gyssama-da, arkaýyn sür, oglum – diýdi.

Jygalybegiň bu öwüdi Göroglynyň göwnüne jaý boldy. Ýaşajyk Röwşen atasynyň pendini diňlänsoň, özüni dürsedi. At üstünde özüni ykjam saklap, ýene birmeýdan sürdi. Onsoň Jygalybeg:

– Yzyňa bir seret, oglum, kowgular nähalda? – diýip sorady.

– Ata, ol köp atly tozana bulaşyp galdy. Emma bir atly ol köp atlynyň içinden sogrulyp, yzymyzdan kowýar. Şu atlynyň kowşy gaty – diýdi.

– Oglum, ol atyň reňki, sypaty nähili?

– Al at, ata.

– Reňki al bolsa, ol çakandyr, oglum, sen Günüň aşagyna gaç, ol at basym yzymyzdan galar.

Görogly tohum gylýalynyň uýanyny Günüň aşagyna baka burdy. Çakan atyň gözi Güne bolman, kä ýerde büdräp, kä ýerde sürşüp galyberdi.

Ýene birmeýdan sürenlerinden soň, Jygalybeg:

– Oglum, yzyňa bir gara, kowgular indi nähili? – diýdi.

– Öňki atly galdy, emma indi başga bir atly gaty kowýar, ata. Başga hiç biriniňem garasy görnenok.

– Bu ýyndam atlynyň atynyň reňki nähili, oglum?

– Gara dor at.

– Gara dor bolsa, jeňňelden-jeňňele, tokaýdan-tokaýa tutuber, oglum. Beýle reňk, köplenç, ozal gotur bolan atlarda bolýandyr. Ozal gotur bolan malyňam üç ýyllap endamynyň gijisi galmazmyş, oglum.

Görogly tohum gylýalynyň jylawyny jeňňellige, tokaýlyga baka burup goýberdi. Gotur at çöpden-çöpe süýkenip, agaçdan-agaja oýkanyp galyberdi.

Birmeýdan gaçanlaryndan soň, ýene Jygalybeg:

– Oglum, ýene bir yzyňa gara – diýdi.

– Ata, ýaňky dor atam galdy welin, indi başga bir ýyndam atly yzymyzdan kowýar.

– Aýdaweri, oglum, atynyň reňki nä zeýilli?

– Ata, boz at.

– Oglum, heý, şu golaýlarda, aýak ýeterimizde dag barmy?

– Bar, ata.

– Bar bolsa, oglum, gaty gowy, daglyga-daşlyga tutuber. Ol zeýilli atyň toýnagy daşlyga bolmaz.

Görogly gylýalynyň uýanyny daşlyga baka burup goýberdi. Birmeýdan gidenlerinden soň, ýene Jygalybeg:

– Oglum, yzyňa gara, kowgy yzymyzdan galanokmy? – diýdi.

– Ata, ol boz atam galdy, emma indi başga bir atly kowýar. Özüniňem atynyň reňki demir gyr – diýdi.

– Sap gyr däl gerek?

– Ýok, ata, demir gyr.

– Sap gyr bolmasa bolýar. Demir gyra ýaraşypmy biziň yzymyzdan kowup ýetmek. Indi, oglum, biziňki getirdi. Sen dogry çöle, gumluga tutuber. Demir gyryň toýnagy biziň bilen deň gelmez. Tozana bulaşyp, gumuň içinde gybyrdyklap galar. Sür, oglum, arkaýyn.

Görogly dag-daşdan saýlanyp, tohum gylýalyň jylawyny çöle tarap dolady. Özüni öňküden-de ykjam tutup, uýany deňläp, çöle-gumluga baka tutdurdy-da gidiberdi. Birmeýdan gaçanlaryndan soň, Jygalybeg:

– Hany, oglum, yzyňa bir gara, kowgular nähili boldy? – diýdi.

– Ata, ol atlam indi görnenok. Ýöne bir inçejik tozanjyk bolup galdy – diýdi. Ýagşy birmeýdan sürenden soň, Jygalybeg:

– Oglum, ýene bir gara, näme bar, näme ýok? – diýdi.

Görogly gylýalyň başyny çekip, yzyna garap, töwerek-daşyny mazaly gözden geçirdi-de:

– Hiç gara-çyra ýok, hemmesi galypdyr, ata – diýdi.

– Hop ýagşy, oglum, indi ýuwaş-ýuwaş ýüzüňi Üçgümmez dagyna baka tutuber, malyňy hem indi gaty gyssama, oglum – diýip, Jygalybeg ýol boýy ähli ýagdaýlary öwredip, başa bir iş düşen wagtynda nähili bolmalydygyny Röwşene düşündirip, akyl berip gelýär.

Görogly kowgulardan arany açyp, gylýalyň başyny Üçgümmez dagyna baka öwrüp, arkaýyn sürüp gidiberdi. Jygalybeg ýaşajyk agtygyna guwanyp hem-de özüniň saýlap tapan tohum gylýalyndan göwni hoş bolup, ýol boýy aýdym aýdyp hiňlenýärdi».

Jygalybeg bilen Göroglynyň şu ýerdäki gepleşigi barada alymlar öz pikirlerini aýtdylar.

At – wagt manysynda. Gündogaryň syrly dünýäsine belet bolmasaň, muňa düşünmek kyn.

Jygalybegiň Watan, il-ýurt üçin mynasyp perzendi kemala getirmek, il-ulsuna baş bolýan serkerde watançyny terbiýeläp ýetişdirmek arzuwynyň amala aşmagy – bedew edinmekde. Jygalybegiň bedew seýislemek başarnygy hakynda başda hem belläpdim. Onuň Görogla bedew ýetişdirmek üçin eden juda seresap hem-de yhlasly, pähimli hereketleri barada ýazylanlar diýseň täsirli okalýar.

Jygalybeg soltan işi şowlan mahalynda, göwni göterilende aýdym aýdýar. Görogly hem şeýdýär. Aýdym olara hemaýat berýär, olaryň ruhuny göterýär.

Görogly begiň öz Gyratyny taryp edýän setirleri serime gelýär. Bu bentler öz-özünden bedewiň toýnak urşuny ýatladyp, saza goşulýar, täsin galdyrýar:

... Jylawynda ýörär erenler, pirler,
Gyratyň zarbyndan titreşer ýerler.

... Teblesinde bedew aty baglynyň,
Göwünleri gaýnap-gaýnap joş bolar.
Daň ýelinde ylgar eden ýigidiň,
Bedew aty oýnar, göwni hoş bolar.

... Bat gerek mundan ötmäge,
Guş gerek kowup ýetmäge,
Durup tomaşa etmäge,
Iki gara göz bolaýdy.

Gargyýa meňzär gulagy,
Şemşat kimin el, aýagy,
Hemişe gezen ýaýlagy
Serçemenli düz bolaýdy.

Şeýle taryp etmeler bedewe berlen iň mynasyp bahadyr. Muny subut etmek hem gerek däl. Onuň özi asyrlar aşyp, daşlaryň ýüzüne ýazylan ýazgylardan-da berkdigini, durnuklydygyny bireýýäm dünýä subut etdi.

Arassa ganly ahalteke bedewleriniň şejeresi 17 ugurdan gaýdýar. Dünýädäki iň owadan şol bedewleriň 17 ugrunyň 2-si gurt mele reňkde. Şol 2 ugruň biri Eýeberdi teleke 1914-nji ýylda doglan, beýlekisi Garlawaç 1938-nji ýylda doglan. «Ahalteke bedewleri – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitabymda men bedewler bilen bagly anyk maglumatlary okyja ýetiripdim. Şonda ahalteke bedewleriniň 17 ugry baradaky maglumatlar hem jemlendi.

Mähriban Diýarymyzda bellenilýän Türkmen bedewiniň milli baýramy bedewler barada döredilen sungat eserleriniň muşdaklary üçinem täsin tomaşa we şatlyk bilen gurşalýar.

Bedewleriň keşbini döretmek aňsat iş däl, bu, esasan-da, suratkeşler üçin kynmyka diýýärin. Eger olaryň suraty «maşgala albomynda» galan hem bolsa, öňki zamanlardaky ak-garada düşürilen sudurdan şol täsin reňkleri göz öňüne getirmek ýeňil hem däl. Eserlerde bolsa çeper keşp döretmeli, onda hem daşky görnüşiň janlylygy gerek. Ahalteke bedewleriniň 17 ugry

Bat gerek mundan ötmäge,
Guş gerek kowup ýetmäge,
Durup tomaşa etmäge,
Iki gara göz bolaýdy.

«Görogly» eposyndan

2018-nji ýylda türkmen bedewiniň baýramçylygyndaky bäsleşikde «Bedewiň keşbi şekillendirilen iň gowy haly üçin» diýen baýraga mynasyp bolan Türkmenistanyň halk suratkeşi Ada Gutlyýewiň döreden eserinde öz beýanyny tapdy. 2017-nji ýylda bolsa ussat suratkeş «Ýanardagyň ýedi arkasy» atly täsin eserini köpçülige hödürläpdi. Ajaýyp işler!

Ak ata gadymy edebiýatlarda «guş reňkli» diýlip, ol örän seýrek gabat gelýän at hasap edilýär. Bu barada Aristotel hem dürli jandarlar baradaky işinde belläpdir. Ak atyň gözel hem-de üns berilmäge mynasypdygyny nygtapdyr. «Şeýle atyň eýesi hemişe ýeňiji bolýar» diýlip ýazylan ýerine-de duş geldim. Şeýle hem has irki döwürlere degişli ýazgylarda: «Bu gün hiç bir halk atyň ýagdaýyny türkmenlerden ýagşy bilmeýär. Çünki olar gije-gündiz at seýislemek bilen meşgul. Hut şonuň üçinem, ýagny ata yhlas edýändikleri üçin olar külli jahany eýeläp, hemme ýerde hökümdarlyk sürýärler» diýlen ýazgylar-da bar. Elbetde, şol ýazgylar okyja hem tanyşdyr diýip pikir edýärin.

Mele reňkiň dürli öwüşginliligi bilen ahalteke bedewleriniň daşky görnüşi tapawutlanýar. Gurt mele reňk Günüň tygy galan öwüşgin. Onuň ýalpyldamaýandygy bedewe üýtgeşik agraslyk häsiýetini berýär. Ahalteke bedewleri özlerine mahsus bolan şol alamatlary hem saklaýarlar. Owadan ahalteke bedewlerimiziň sungatdaky keşbi häzir diňe bir söz ýa-da aýdym-saz sungatynda däl, eýsem, nakgaşçylykda, heýkeltaraşlykda, halyçylykda hem janlandyrylýar. Bedew keşpleri sungatyň özenini emele getirýär. Çünki şolarda gözelligiň hakyky nusgasy äşgär duýulýar. Bedewleriň ählisi nesil taryhyny atasynyň ýa-da enesiniň ugry boýunça meşhur ata-babalaryndan alyp gaýdýar. Mysal üçin, mele reňkli Bagtyýar (2013-nji ýylda doglan) meşhur Gyrsakaryň ugruna degişlidir. Gyr reňkli Merdanly (2014-nji ýylda doglan) Eýeberdi telekäniň ugrunyň wekilidir.

XX asyryň başlarynda türkmen bedewleri Russiýanyň we Ýewropanyň şäherlerindäki sergilerde peýda bolýar. Olar tomaşaçylaryň ünsüni özüne çekip, örän uly täsir galdyrýar.

«Ahalteke bedewleriniň maýyl ediji gözleriniň aşygy!», «Ahalteke bedewlerini men örän gowy görýärin. Suratlaryndan gözümi aýyrman, mende olary sypalap görmek, täsin ýaradylyş bilen sözleşmek islegi döreýär», «Ahalteke bedewleri hakynda mende täsin bir sowal döreýär, olaryň boýnundaky ýaly ala-mula ýüpjagazy beýleki atlarda göremok...» diýen ýazgylary okan her kişi, bu kesbiň meşhurlygynyň düýpli esasynyň bardygy barada oýlanýandyr diýip pikir edýärin. «Özüniň hiç ýerde duşmajak çensiz haýran galdyryjy gözelligi synlandygyny ömürboýy ýatlap gezer» diýip ýazylan ýerlerini aýratyn ünsli okaýaryn.

Bu gysgajyk jümlelerde uly bir güýç bar.

Ahalteke bedewleri barada asyrlaryň tejribesinde syntgylanan pikirlerde çuň pelsepe bar.

Şu ýerde aşakdaky täsin jümleler hyýalyma gelýär:

Gargyýa meňzär gulagy,
Şemşat kimin el-aýagy,
Hemişe gezen ýaýlagy,
Serçemenli düz bolaýdy.

«Görogly» eposyndaky bu goşgy bendi bilen okyjy tanyşdyr. Çünki onuň her setirinde ahalteke bedewlerimiziň ýatdan çykmajak durmuş teswiri jemlenendir. «Görogly», «Gorkut ata» eposlary hakyky atşynaslary ýetişdirmegiň iň ilkinji mekdebidir. Şol mekdebiň mynasyp dowamy bolsa, şu günümizdedir. Munuň asyl özeni XXI asyrda adamzadyň beýik oý-pikirlerine ygrarly bolmagyň wezipelerindedir. Gözellik hem-de sahylyk alamatlary durkuna ornan tebigatyň täsinligindedir. Täsinlik – bedewlerimiz, olar tebigatyň eçilen baýlygy, sungatymyzyň göwheri.

Bedew atlar – gerçek gaýratynyň nusgasy. Watançylyk duýgusynyň beýikligi, bedew atlar şol beýiklikdäki ýyldyzlar.

Gysgaça aýdylanda bolsa, ahalteke bedewleri adamyň gadymyýetden bäri dowam edip gelýän gözleginiň – gözellik gözleginiň netijeleridir.

Gözelligi, ýyndamlygy, wepalylygy bilen haýran galdyrýan bedewler türkmen gerçeginiň müdimi ýaranydyr.

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

Jylawynda ýörär erenler, pirler,
Gyratyň zarbyndan titreşer ýerler.

«Görogly» eposyndan

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA



ASMANDAN
INEN YKBAL

Gadymyýetde edenli hasaplanylýan her bir türkmeniň gapysynda bedew atynyň bolandygy hakynda edebiýatlardan köp okapdym. Hakydamyza ýazylanlar bolsa, muny tassyk edýärdi. «Älem içre at gezer» romanymdaky Mämiş seýisli, «Döwlet guşundaky» Aba seýisli wakalar hem eşiden gürrüňlerimden ýadymda galanlary. Mämiş seýis atyny başga adama ynanmandyr, aýlawlarda hem ony özi çapypdyr. Onuň atyna arpany irigöz elekden, ýele sowrup, eläp berendigini, arpanyň sagdyn hem dok dänelerini saýlandygyny eşidipdim. Neberämizde Nepesaly serdaryň, Pyhy baýyň, Gök baýyň hem bedewlere sarpaly bolandyklary, gapylarynda iş atlary bilen birlikde, seýislenýän bedewleriniňem bolandygy baradaky il arasyndaky gürrüňleri belleşdiripdim, milli sungatymyz hakynda söz açanymda, şolar ýadyma düşýär.

Halypa mugallym, ilhalar ynsan Berdimuhamet Annaýew Tejen derýasynyň etegindäki obalaryň birine işlemäge iberilende, Aba Annaýew hem onuň ýanynda bolan. Atam Berdimuhamet Annaýewiň oňa: «Sen at boýunça akademik» diýýändigi durmuşyň hakyky wakalaryndan alnan. Aba Annaýew «atyň üstünde ulalan adam» diýilýänlerden bolupdyr.

Bedewleriň keşpleri, olary seýislän adamlar baradaky maglumatlar, türkmençiligiň asylky terbiýesinde ýaşaýar. Atlar, olaryň ýyndamlygy, düşbüligi barada heniz atyň üstüne münüp görmedik ýaş oglanlar hem gyzykly gürrüň edýärler. Atam Berdimuhamet Annaýewiň bedew aty bolan Dagarman maşgalanyň bir agzasy ýalydyr. Syzgyr bolandygy üçin, onuň öňünden aňmak häsiýeti hem bar. Şeýdibem, ol öz eýesine wepadarlygyny görkezýär.

Ata-babalarymyzyň ýaşaýşyň külpetli mahallarynda özüni ýalňyz goýmadyk, gussasyny deň çekişen bedewi – hiç bir zat bilen çalşyryp bolmajak mukaddeslikdir.

Bedew atlarymyz barada gyzykly gürrüňler köp. Oglan mahallarymyzda täsin bedewleriň suratlaryny toplamak güýmenjesine hem meşgul bolýardyk. Bedewleriň suratlaryna seredip, olaryň häsiýetine baha bermäge çalyşýardyk. Ady rowaýata öwrülen türkmen bedewleriniň keşbini şol suratlardan gözleýärdik.

Äri myrada ýetirer seniň arkajygyň,
At diýmezden saňa, gardaş diýerem,
Gardaşymdan ýeg,
Başyma iş geldi, ýoldaş diýerem,
Ýoldaşymdan ýeg.

«Gorkut ata» eposyndan

Biziň neberämizde bedew edinmek, bedew seýislemek, çapyksuwarlyk özboluşly däp bolup galypdyr. Bu barada men edebi-çeper keşpler arkaly hem okyja ýeterlik maglumat berendirin diýip pikir edýärin.

Kim bedewe yhlas etse, onuň ady bedewiň ady bilen ebedi ýaşaýar. Men öz döwrüniň meşhur seýsi Aba Annaýew bilen bagly gürrüňleri köp eşitdim. Aýratyn hem, onuň ozalky SSSR döwründe uly şöhrata eýe bolan, arassa ganly ahalteke bedewleriniň täze ugruny kemala getiren Sluçaý atly bedewiň enesini seýisländigi, bu tohum mal biraz garransoň, ony gazagystanly atşynaslaryň göz-de-ýüz bolup alyp gidendikleri hakyndaky gürrüňler täsin galdyrýar. Şu kitabymda şol gürrüňe-de orun bermegi makul bildim. Gowusy, gürrüňi uzagrakdan aýlaýyn.

Aba seýsiň athanasynda aýlaw baglaýan ýüwrük bedewleriň ençemesi bolupdyr. Onuň seýislän atlarynyň tutuş Kesearkaçda ady belli eken. Yzgantda uly toý tutulsa, ähli Ahal obalaryndan meşhur seýisleriň «men» diýen atlary çapyşanlarynda Aba seýsiň ýetişdiren bedewlerine ýyndamlykda taý tapylmandyr. Şeýle şowhunly toýlarda Gökdepeden Yzganda gaýdýan ýoluň ugry boýunça çylşyrymly tilsimleri ulanyp, atyň aýaklaryna zeper ýetirmän geçmeli çekeleşikli bäsleşikler hem geçirilipdir. Aba Annaýewiň seýislän bedewleri toýuň bu serpaýyna-da eýe bolupdyrlar. Ussat atşynasyň bedewleri märekede saýlanypdyr. Bedewleriň şöhraty il içine ýaýylyp, Aba seýsiň şöhraty artypdyr.

XX asyryň başynda meşhur türkmen seýsi Aba Annaýewiň ýanyna ahalteke atlarynyň janköýerleri köp geler eken. Gelenem onuň athanasynda eglenipdir. Gazagystanyň Jambyl atçylyk zawodyndan gelen atşynas hem onuň bedewlerinden nazaryny aýryp bilmän, esli durupdyr. Myhman:

– Wah, Abaguly seýis, şol bedewiň-ä bedew jan ekeni! – diýip, öz matlabyny aýdyp bilmän, ene baýtala bakyp, athananyň töwereginde köwejekläp ýörüpdir. Ahyrynda ol tohum almak üçin, şol bedewi Jambyla alyp gitmek isleýändigini Aba seýse duýdurýar. Atyny janyndan eziz görýän seýis, muňa ömür razy boljakmy?! Türkmen söwer dostuna atyny sowgat berer, emma bedewini satmagy örän kyn görer. Bu hakykaty aňynda aýlan seýis birsellem pikirlenip durupdyr-da, birbada ýok diýmegiň ebeteýini tapman, bedewiň ýaşynyň uludygyny myhmanyna ýaňzytmak üçin, onuň özüne sowal beripdir:

– Bu bedewiň ýaşyny berin bilýäňizmi, soraman-zat etmän göwnüňizi beräýdiňiz-le?

Myhman:

– Men-ä gatybir ýaşy geçendir öýdemok – diýip, öz pikirini mälim edýär.

Aba seýis üçin myhmanyň jogaby çykalga bolup görünýär. Ol:

– Ol siziň derdiňize ýaramaz, bilseňiz, ol eýýäm on sekiz ýaşady – diýip, kesgitli aýdýar.

Myhman bolsa, bedewden el üzerli däl. Ol Aba seýsi razy etmek üçin özelenip, köp ýalbarýar, sözi geçer diýen abraýly adamlarynyň üsti bilen, oňa towakga etdirýär. Ahyrynda seýis ahalteke atlarynyň tohumçylygyny ösdürmek maksady bilen bedewiniň alnyp gidilmegine ygtyýar berýär. Aba seýis:

– Bedewiň özi gitse-de, ady bizdedir – diýip, obadaşlaryny hem köşeşdirýär.

Ine, şeýlelikde, Aba seýsiň meşhur bedewleriniň biri Gazagystanyň Jambyl atçylyk zawodyna düşýär. Ondan buýanky bolup geçen wakalar türkmen bedewleriniň şejere köklerini düýpli öwrenmäge ýardam edýän, gözel hulka baý bedewiň taryhyna taryh goşýan şöhratly wakalardyr. Jambylly atşynaslar ene baýtalyň göwresindäki taýy bilen gelendigine, ahalteke tohumyndan, onda-da ahal sebitlerinde önüp-ösen baýtaldan taý alanlaryna iki bolup bilmeýärler. Ilkibaşda Türkmenistana tohum at idäp gitmekleriniň şeýle şowly tamamlanmagyna gatybir umyt etmedik seýisler üçin, bu bedewiň ahalteke atynyň asylky mekanyndan getirilmegem, ondan bolsa tüýs ykballarynyň çüwüp, at taýy dünýä inmegem diňe bolaýmagy ähtimal, tötänleýin bir ýagdaýdy. Şonuň üçin bu ýerde taýçanaga «Sluçaý» («tötänleýin» manysynda) diýip at goýýarlar. Şol atyň ahalteke bedewleriniň täze bir ugruny döretmekde uly ornunyň bolandygyny bu gün hiç kim inkär edip bilmez. Sluçaýdan Koşpeli, Fakirsulu ýaly aýlawlary baglan bedewler önýär. Soň Fakirsulunyň nesilleri bolan Pakyrpälwan, Gelşikli ýaly atlar döräp, olar uly şöhrata eýe bolýarlar. Häzirki döwürde Gelşikliniň aýratyn ugry bolup, onuň nesillerine degişli bedewler uly meşhurlyga eýe boldular. Olar eziz Diýarymyzda geçirilýän şowhunly at çapyşyklarynda üstünlikli çykyş edýärler. Ol bedewler halkymyzyň guwanjy, mertebesi we yhlasydyr.

Alysa düşen bedewiň nesilleriniň mundan buýanky ykbaly Dagystana atylan bolup çykýar. Wagtyň geçmegi bilen Pakyrpälwany nesil almak maksady bilen Gazagystandan dagystanly atşynaslar satyn alyp, höwür aty edip ulanýarlar. Pakyrpälwandan ol ýerde dünýä inen at taýçanagyna Opal diýip at berýärler. Şöhraty dünýä dolan Opaldan Aýgytly diýen ahalteke aty dünýä inýär. Türkmen atlary nirede bolsa-da, olary özüne çekmek islegi atşynaslaryň ömür küýünde bolýar. Aşgabadyň etegindäki Akdaşaýak obasynda hem şeýle atşynaslaryň baý taryhy saklanylýar. Türkmençilikde «Halal mal eýesini tapar» diýilýändir. Şeýlelikde, Aýgytlyny satyn almak boýunça alnyp barlan irginsiz işleriň netijesinde, ol uzak Kawkazdan özüniň asyl ýurduna dolanyp gelýär.

Akdaşaýakly atşynaslar Aýgytlyny seýislemek üçin elde baryny edýärler. Ýöne Aýgytly olaryň diýen netijesini görkezip bilmändir. Bu ýagdaý hem seýisleriň lapyny keç edipdir.

Gökdepäniň Ahal obasyndan belli seýis, Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Geldimuhammet

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

Annalyýew akdaşaýaklylaryň Aýgytly hakynda aýdanlaryny ikirjiňlenip diňleýär. Onuň bu belli bedewden hökman aýlawy baglajak atlaryň dörejekdigine umydy welin, asyl üzülerli däldi. Aýgytly şol seýsiň yhlasy bilen, Ahal obasynda seýislenmäge başlaýar.

Aba seýsiň bedewiniň nesli ýene Gökdepä gelýär. Bu taryha belet atşynaslaryň gökdäki dilegi hasyl bolýar. Aba seýsiň bedewiniň ýene obalarynyň adyna şöhrat getirjekdigine olar halysalla ynanýarlar. Geldimuhammet Annalyýewiň seýislik ussatlygynyň ýaýylmaly pursady şonda öňdedi. Seýis üçin bolsa, esasy göwnüne giňlik berýän zat – öňden gelýän seýisçilik tejribesine eýerip, bedewe asylky gurbatyny gaýdyp bermekdi. Aba seýsiň sungatda galdyran mirasyny täzeden janlandyrjak bedewleriň ýetişmegi tejribeli seýis üçin, iň arzyly maksatdy. Aýgytlydan Ýalkymly diýen at döreýär. Ýalkymly meşhur seýsiň ynamyny ödäpdir, ol şejeresine şöhrat getiren bedew bolupdyr. Gözelligi hem ýyndamlygy bilen görenleri haýran galdyrypdyr. Bilşimiz ýaly, ondan dörän nesil deňsiz-taýsyz Ýanardagdyr!

Atşynaslygy özüne kesp edinen Aba seýsiň «Atyň özi gitse-de, ady bizdedir» diýen sözüniň ynamly aýdylmagam çyndan edilen yhlasyň ýöne gitmeýänliginiň durmuş hakykatyny, ine, şeýle beýan edýär. Men bu zatlara degişli taryhy resminamalary, aýratyn hem, 1952-nji ýylda Moskwada neşir edilen «Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň» ahalteke tohumyna bagyşlanan 4-nji tomuny elime alanymda, Aba seýsiň öňdengörüjilik bilen aýdanlarynyň hakykatdygyna aýdyň göz ýetirýärin. Sebäbi şol kitapda bedewleri bilen meşhurlyk gazanan Soltanguly, Abaguly, Baba Ahun, Kömek Çerkezli, Beknazar, Oraznyýaz Garadaşly ýaly seýisleriň ýüzlerçesiniň atlaryna gabat gelmek bolýar.

Il-halkymyzyň Köpetdagyň etegindäki Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynyň ýanynda gurlan täze oba Aba Annaýewiň adyny dakmak hakyndaky isleg-arzuwy biziň geçmişimizi şöhrata beslän ata-babalarymyza goýýan hormatymyz, olaryň öňündäki perzentlik borjumyzy berjaý etdigimizdir.

Ahalteke bedewlerine berýän ünsümiz mirasymyza uly sarpa goýýandygymyzdan nyşandyr. Mirasa göz ýetirmegiň, oňa juda aýawly çemeleşmegiň döwletlilik getirýändigi biziň kalbymyzda ornan ynamdyr.

Ahalteke bedewleri barada söz açanymyzda, «Akylyň gutaran ýerinde gudrat başlanýandygy» hakyndaky dana pikir durmuşda doly ykrar edilýär. Gerçeklere ýaran bolan bedewlerimiz olaryň adamkärçiligiň iň belent ýörelgelerini özlerinde kemala getirmeklerine goldaw beripdir. Mertleriň edermenligini we batyrlygyny bedewsiz göz öňüne getirmek mümkin däldir. Şonuň üçinem biz ahalteke bedewiniň ynsan häsiýetiniň taplanmagyndaky, onuň kämilleşmäge bolan ymtylyşyndaky täsirliliginiň ähmiýetini aýratyn belleýäris. Çünki halkymyzyň mertebesini beýgeldýän dogruçyllyk, halallyk, zähmetsöýerlik, erjellik, mertlik, sahawatlylyk, rehimdarlyk, ynsaplylyk kimin ygrarly ahlak sypatlary bedew bilen badaşan

KÄRIZEK GEŇEŞLIGINIŇ
ABA ANNAÝEW OBASY

Council of Asia

TURKMENISTAN
Ashgabat 2017

TURKMENISTAN
Ashgabat 2017

ykbal menzillerinde döredi hem-de berkedi. Säher bilen öz bedewiniň ýagdaýyndan habar alýan, onuň näme isleýändigine düşünýän gerçek ýigitler ata-babarymyzyň asylly däplerini dowam etdirýärler.

Men her bir türkmen ýigidinde merdanalygyň, pähimdarlygyň, ýiti üşükliligiň bolmagy nesilleriň arasyndaky ykjam baglanyşyk, mynasyp geljegimizi gurmagymyz üçin gerekdir diýip belleýärin. Şeýle häsiýetler adamyň kalbynda ýaşaýan, ony bezeýän häsiýetler. Şu ýerde bir tymsal hem getireýin: Gadymy danalar öz aralarynda «Türkmene Alla ähli gowulyklary eçilipdir. Indi onuň näme kemi barka?!» diýýärler. Şol halat hem danalaryň danasy: «Olaryň bir kemi bardyr, ol hem salyhatlylygydyr» diýipdir. Danalar halypalarynyň bu diýeniniň manysyna düşünen-de bolsalar, ol ýaş şägirtlerine üm edip: «Köp ýerde salyhatlylyk edip, öz ryskyny-da gidirmegi mümkin» diýip, munuň sebäbini düşündiripdir. Şuny mysal alyp, häzirki maglumatlar döwründe bir ýerde täsinlik, netijelilik bar bolsa, olary dünýä jemgyýetçiligine ýetirmelidigini bellemekçi bolýaryn. Sebäbi indi dünýä jemgyýetçiliginiň arasyndaky gatnaşyklarda hem maglumatlaryň orny ýokarlandy.

Şonuň üçinem ahalteke bedewleri baradaky maglumatlar, döwrüň hekaýatyna öwrülen durmuş pursatlary yzygiderli öwrenilmelidir. Islendik zatda esasy görkeziji netije, bu durmuşyň ähli ulgamlarynda hem şeýle. Ahalteke bedewi halkymyzyň durmuşynda, paýhasynda we zehininde kemala gelen tejribesiniň haýran galdyryjy netijeliligidir.

Halkymyzy bedew atsyz göz öňüne getirmek kyn diýdik. Taryhymyzyň iň çylşyrymly pursatlarynda hem biziň halkymyz bedewe yhlasly bolup galdy. Sebäbi asyrlaryň dowamyndaky bu bitewülik adamlaryň aňyna, janyna hem-de tutuş durkuna ornady. Ol bedewi bilen ýaşady, şeýdibem ahalteke bedewi halkyň ruhy baýlygyna eserlerdäki ýyldyz ýaly bolup girdi. Ahalteke bedewlerimiziň döwlet syýasatymyzyň mazmunynda hem düýpli orun almagy olara bolan hakyky garaýşyň kemala gelendigini mälim etdi. Şu hakykaty dünýä hem ykrar etdi: ykrarnama hökmünde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparymyzyň, Akhanyň gazanan halkara ähmiýetli netijelerini ýatlamak hem ýeterlikdir.

Her bir seýis öz seýislän bedewiniň häsiýetine belet bolýar. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyndaky bedewler türkmen atynyň köptaraplaýyn ukybyny we başarnygyny dünýä dabaralandyrýarlar. Biz ýaşlarymyzda bedewlere bolan söýgini kemala getirmek, ahalteke bedewiniň gadymky şöhratyny dikeltmek, ony dünýä tanatmak üçin 2007-nji ýylda bu topary döredipdik. Döredilen gününden başlap, ol ýaşlaryň iň bir höwes bildirýän ýerine öwrüldi.

Şu toparda bedewlere yhlasly çemeleşýän, tebigy başarnygy bilen tapawutlanýan ýaşlar çykyş edýärler.

Ol bedew janköýerleriniň, muşdaklarynyň ýüzlerçesini özüne birleşdirdi. Türkmenistanyň

Döwlet sirkiniň aýlawynda hözirli dynç almagyň we wagtyňy hoş geçirmegiň mümkinçiligi hem döredildi. Onuň binasynyň durky hemmetaraplaýyn täzelenip, häzirki zaman enjamlary bilen enjamlaşdyryldy, tehniki taýdan has çylşyrymly çykyşlary ýerine ýetirmäge şertler ýola goýuldy. Şondan bäri hem bu toparyň ady sirk sungatyny söýýänleriň, atly sportuň we täsin tomaşalaryň muşdaklarynyň, şu ugra dahylly bolan alymlaryň we hünärmenleriň arasynda uly meşhurlyk gazandy. Abraýly halkara baýraklarynyň ençemesine eýe bolan toparyň şöhraty ahalteke bedewleriniň Watanynda ileri tutulýan belent ýörelgeleri hem dabaralandyrdy. Çünki «At ady bilen, ýigit ody bilen» diýilýär. «Ýigit ody bilen» diýilmegi gerçek ýigidiň mertliginiň we erjelliginiň, ot ýalydygynyň aňladylmasydyr.

«Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ýatlanylmagy bilen, köpleriň 2016-njy ýyldaky Türkmen bedewiniň baýramynyň dabaraly pursatlary göz öňüne gelýändir diýýärin. Şonda baýramçylyk şowhuny bedewler bilen bagry badaşan ýaşlaryň durmuş toýy bilen dowam etdi. Milli toýlarymyzyň gyzykly geçýändigini bolsa, aýratyn bellemegiň zerurlygy hem ýokdur. Halkymyzyň toý lybaslary hem gözüňi dokundyrýar. Ýaşlaryň öz toparyndaky behişdi bedewleri toýuň atbaşçysy boldy, muny bitewüligi emele getiren şol pursatlar hem subut edýär.

Al hem-de ak reňkiň utgaşygy şapagy hem-de arassa asmany ýadyňa salýar. Toýlarymyzda gönaçyklyk, ýürekden begenip, töwerege şatlyk paýlanylýandygy ýüze çykýar. Ýürekden ýylgyryş, ýürekden aýdylýan arzuwlar, ýürekden edilen yhlas bolsa, döwletliliginiň başlangyjy hasap edilýär. Şol gün biz toýda ýaşlara gowulyklary arzuw etmek bilen, olaryň durmuşynda täze döwrüň başlanandygyny dabaralandyrdyk.

Olara tutuş il-halkymyzyň guwanjyny duýmak ýakymlydy, şeýle-de Watanyna, milli gymmatlygymyz bolan ajaýyp bedewlere yhlasly ýaşlary baýramçylyk mähellesindäki ýüzüne sylýan ýaşuly adamlaryň buýsançly keşbi unudylar ýaly däl. Täze gelni, halal zähmetiň miwesini ýüzüňe sylmak halkymyzda parz hasap edilýär.

Ençeme asyrlap, özüne «türkmen aty» diýdiren, «eýýamlaryň aty» diýdirip, dünýäni haýran galdyran bedewlerimiziň ösüşli zamanyna badalga berildi. Ýaşlara täze jaýyň açarynyň gowşurylmagy hem, ahalteke bedewleriniň asyrlara ýaň salan sungatynyň döwrebap binýat alandygyny, onuň gadymy şöhratynyň türkmen ojagyna ýene dolanyp gelendigini aýan etdi. Toý tutan ýaşlar şeýdibem ahalteke bedewiniň Watanynda haýran galdyrýan rowaçlyklaryň rowaçlyklara ulaşyp gidýändiginiň alamatyna öwrüldiler. Çünki olaryň ykballaryna bedew bilen badaşygyň adaty bolmadyk pursatlary ýazylypdyr.

Ýaşlar ahalteke bedewine edýän yhlasymyzyň hem-de söýgimiziň netijeleriniň äşgär görünýän döwründe ýaşaýarlar. Olar hem şol

söýginiň we yhlasyň ummanynda kemala geldiler.

Türkmen bedewiniň şöhratyny ýaýmak, olaryň dünýä meşhurlygyny dabaralandyrmak şular ýaly ýaşlaryň zehininiň we başarnygynyň goldanylmagyna aýratyn bagly bolup durýar. Türkmen bedewiniň milli baýramy bilen goşalanyp tutulan şol toýdan esli soň, Arslan hem-de Jennet Annamyradowlaryň ilkinji perzendiniň dünýä inendigi baradaky buşluk habaryny hem eşitdim. Halkymyzyň bedew dowamaty ýaşaýar we nesilleriň ykbalyna ornaýar. Bu maşgalada nesilleriň bedewe söýgüden huwwalanyp, atyň kişňemegi bilenem dünýä yhlaslanýan oglan-gyzlar bolup ýetişjekdigi geljege umyt berýär.

Jennetiň bedewlere bolan çyn söýgüsi ezberligi, çalasynlygy, ýerine ýetirýän işine yhlaslylygy bilen utgaşyp, ýaşlygyna garamazdan, özboluşly ussatlygy kemala getiripdi.

Maňa gürrüň bermeklerine görä, Jennet heniz ata münmäge boýy hem ýetmeýän wagtlaryndan atlara höwesli bolupdyr. Ol diýeniňi bada-bat ýerine ýetirýän yhlasly bolandygy üçin tälimleri tiz özleşdiripdir.

Ýogsam, Jennete hem türkmen gyzlarynyň içinden saýlanyp, birbada ezber türgen bolup ýetişmek aňsat düşmändi. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň türgenleşik ýagdaýlaryny, taýýarlyk şertlerini soranymda, Jennetiň we toparyň beýleki agzalarynyň ýetişikleri bilen gyzyklanýardym. «Hany, şojagaz gyz görnenok-la?!» diýip, bir gezek ol gözüme ilmändigi üçin, ýolbaşçysyndan soradym. Onuň esli wagt sirk aýlawynda görünmändigini köpler duýmadyk bolsa-da ahmal. Şonda: «Ony indi goýbermeýärler» diýen habary eşitdim.

Gözleri uçgunly, ýöne türkmençilik tarapdan asylly terbiýe alandygy her bir hereketini usully ýerine ýetirişinden görnüp duran gyzyň bolmandygy üçin, toparyň şowhuny peselen ýalydy. Toparyň köpçüligiň öňündäki çykyşlarynda şojagaz gyzyň ýokdugy bildirýärdi, sahnanyň ýagty öwüşgini, şadyýanlyk gurşawy öňküler ýaly görünmeýärdi.

Umyt bildirilýän başarjaň ýaşlaryň höwesine urulsa, olar üçin şondan uly jeza ýok!

Ýaşlaryň soňraky ykbaly sungatyň ösüşinde özüne çekýän, ähmiýetli sowaldy. Men şol hakynda çynlakaý pikirlenipdim. Gyzyň ata çykmalydygy, hökman bedewler bilen didarlaşmalydygy bellidi.

Biraz göze görneninden, kakasy oňa bedew münüp, sirk oýunlaryna gatnap ýörmegiň gyz maşgala laýyk kesp däldigini aýdypdyr. Jennetem şondan soň türgenleşige gelmegini kesipdir. Jennetiň bedewlere höwesiniň çagalyk höwesi bolup geçer öýdülen bolmagy-da mümkin.

Ýöne çagalyk bir başga, ýaşlyk bir başga. Bir tarapdan onuň hossarlaryna-da düşünip bolar. Türkmençilikde gyz maşgala göze görnüp başlandan soň zenana mahsus iş bilen meşgullansa kem görülmeýär. Ýogsam, biziň taryhymyzda gerçekler bilen deň hatarda bedew münüp, özüniň gaýratyny görkezen zenanlaryň

birnäçesi bardyr. Bu ýörelge zenanlara aýratyn mähir hem-de olary aýamak duýgusy bilen garalýandygy üçindir diýýärin. Jennet hem ulaldygysaýyn oňa öýlerindäki garaýyş özgerip başlaýar. Gyzlaryň el işlerine, hojalyk aladalaryna ezber bolmagy baradaky alada olaryň maşgalasynda hem duýulýardy. Jennetem kakasynyň: «Gyzym, sen öýde gal-da, öý işleri, okuwyň bilen boluber! Gyz maşgala boýy ýetenden soň, at münüp ýörse gowy däl ahyry» diýenini eşitmeli bolupdyr.

Hawa, her bir türkmen maşgalasynda bolşy ýaly, Jennet hem özünden ulularyň ýüzüne gelmelidir diýip pikir hem etmändir, ýöne şondan soň gyzyň durmuşynda iň kyn günler başlanýar.

Günde görüp ýören bedewlerini görmese, ol gününiň nähili geçjegini akylyna hem sygdyryp bilmeýärdi. Bedewleriň, aýratynam, Beghanyň eýýäm özüni tanap, ýanyna baranyndan başyny atýandygy ýadyna düşende, gyzyň ýüregi has-da awaýar. Jennet olary – özüniň iň ýakyn dostlaryny galdyryp gaýtdy, olara umyt hem bermedi. Ýöne muny ene-ataňa aýdyp boljakmy?! Ol öýüň ownuk-uşak aladalaryna kömek etdi. Okuwyna gidip-geldi. Ýöne bedewler ýadyna düşende, gyzyň giň dünýäsi daraldy. Iň eziz görýän adamyňdan aýrylmagyň kynçylygyny göz öňüne getiren ýaly! Ony başyňdan geçirmek nähili yzaly! Şeýdip, ol düşnüksiz derde ulaşdy galyberdi.

Göze görnen gyzyň lapykeçligini her kim bir zada ýorjak, ol birine gowün berendir öýtjeklermi?! Şuny pikir edende, gyzyň jany has-da örtendi.

«Wah, ýene ýekeje gezek bedewe münüp göräýsedim, onsoň näme bolsa bolubersin» diýip, gyz ýüreginiň agyrysy halys kararyny alanda, armanly gowün ýüwürtdi.

Gijelerine görýän düýşlerinde hem onuň ýanyna aty gelýär. Oňa birhili üm edýär. Jennet onuň özüni çagyrýandygyna düşünýär, ýerinden galmaga ysgyn-mydary galmandyr. Ýagdaýyny töweregindäkileriň onuň öz duýşy ýaly duýup bilmejekdiklerine gözi ýetip dur.

Her günki ýerine ýetirilýän tälimleriň, bedewleriň dem alşynyň, saňa yhlasly hem-de mähirli garaýşynyň ornuny tutup bilýän zat welin ýok. Ol bu ýagdaý özüne şeýle agyr täsir eder öýdüp pikir hem etmedi. Türkmen salyhatlylygyny etdi. Sähel başy galdygy bedewler baradaky filmlere tomaşa etdi, olaryň suratlaryny synlady. Ýöne bu ýanyna baryp, özlerini gören ýalymydy näme?! Onda-da, öň bedewiň ynsana yhlasyny duýan adam üçin bu şeýledir. Gyz özüni ýeke duýar ýaly hem däldi, ýanynda mähribanlary bardy. Ýöne adam öz tebigatynyň ýanynda ejiz bolýar. Durky bilen bedewe bolan söýgüsi bedewsiz geçirilýän günlerde onuň süňňüni eýeledi. Ol özüne näme bolýandygyna düşünmedi.

Lapykeç bolup, kellesi agyryp, bedeni bogun-bogun söküldi, saglygyny ýitirip başlady. Ýüregi gysyp, janyna jaý tapmady, dünýä sygmady. Onuň derdini dep etjek bolup edilen emler

hem peýda bermedi. Dünýäde bedewe söýgüden näsaglanylýandygy heniz olaryň tejribesinde ýokdy. Jennet şonda bedewleri görmekden başga hiç zady islemedi. Ony gyzykdyryp, dünýä öňki yhlasyny gaýtaryp bilýän güýç ýokdy. Ýöne ataň-eneň ýüzüne gelmek hem akylyna sygmaýardy. Daşynda pelesaň urýan mähribanlaryna gyz bu ýagdaýy doly aýdyp biljekmi?!

...Jennetiň düşen gününi eşidip, nähilidir bir ýol bilen gyzyň kakasyna düşündirmeli diýen karara geldim. Ýöne gyzyň kakasyna muny nähili ýagdaýda düşündirmeli, öňdäki wezipe hem şondady. Perzendiň, onda-da gyz maşgalanyň geljegi barada ata-enä daşyndan özge biriniň baryp maslahat bermeginiň nähili kabul ediljekdigi belli däldi. Ýöne ahyrynda gyzyň ykbaly şuny talap edýärdi. Hawa, türkmençilikde iňňän paýhaslylyk bilen ylalaşyk gazanylmagyna töwella diýilýär.

Jennetiň hem kakasyna gyzynyň bedewlerden aýry ykbalynyň ýokdugy hakynda töwella etmeli boldy, hawa, bu ýöne pikir çaprazlygy üçin töwella etmek däldi, sungatyň, bedewlere söýginiň hatyrasyna ädilen ädimdi. Muny gyzyň özüniň däl-de, töweregindäkileriň aýtmagy hem türkmençilige tüýs laýykdyr. Gyzyň kakasy muňa düşündi, oňa ýüregi bilen işiniň şowly bolmagyny arzuw etdi. Onsoňam olar ýaly yhlasyň görülmän galjak ýeri barmy?!

Şondan soň ýaňky ýerinden galmaga gurbaty ýok gyz ekezlendi. Ol öz tebigatyna ornan dünýäsi bilen – bedewler bilen ýaşaýşa ýaňadan gaýdyp geldi. Türkmençilikde «Dert beren Taňry dermanyny hem bile berermiş» diýilýär. Türkmeniň janynyň aramy hem bedew!

Hawa, şu gyzyň ykbaly barada pikir edip, halkymyzyň bedewlere bolan söýgüsiniň belentligiň çür başyna çykandygyny öz ýanymdan ýene-de ykrar edýärin. Jennetiň topara täzeden gaýdyp gelmegi bilen, toparda öňküden-de has täsin hem-de kyn tilsimli çykyşlar taýýarlanyldy.

Toparyň şowhuny artdy we olar ýeňiş yzyna ýeňiş gazandylar. Men ahalteke bedewlerine ýürekden yhlasly ýaşlaryň hal-ahwallaryny sorap durýardym. Olaryň her üstünliginde ähli türkmen ýaşlaryny watansöýüjilige, edermenlige ruhlandyrýan uly güýjüň bardygyna bolsa, men hemişe-de ynanýaryn. Bir gün toparyň agzalary barada täze, örän ýakymly habary eşitdim. Ol hem Jennet bilen Arslanyň birek-birege göwün berip, ýakyn wagtdan toý etmek arzuwlarynyňam bardygy hakynda. Maňa toparyň ýolbaşçysy eýýäm gudaçylyk üçin Arslanyňkylaryň olara baryp gaýdandygyny, Jennetiň ene-atasynyň razy bolandygyny gürrüň berdi. Türkmençilikde gudaçylyk habary hoş habar hökmünde kabul edilýär, her kim hem başardygyndan toýuň has uludan tutulmagy üçin gatanç edýär. Şonda menden toý sähedine ak pata bermegi haýyş etdiler. Menem: «Ýaşlar bagtly bolsun. Olaryň birek-biregine duşmagyna bedewler sebäp boldy. Toýlary hem Türkmen bedewiniň milli baýramçylygy bilen bile tutulsa, ýerine düşerdi» diýdim.

TÜRKMENISTAN

«Yhlasa – myrat» diýleni. Ýaşlaryň durmuş gurmagyna, at-abraý gazanmaklaryna bedewler sebäp boldy. Türkmen bedewiniň milli baýramynda hem olar myradyna ýetsinler.

Watanyň her bir raýatynyň ykbaly Watanyň ykbalydyr. Bulary aýry göz öňüne getirip bolmaýar.

Maşgala gurmak meselesinde ir döwürlerde gyz maşgalalaryň ýigitleri edermenlikde synaýan, diňe şondan soňra toý tutmaga razylyk berýän pursatlary bolupdyr. Bu akyl-paýhasly, edenli türkmen gyzlarynyň özlerine diňe asylly ýigitleri mynasyp hasap edendikleriniň mysaly bolup durýar. Ahalteke bedewlerine yhlasly ýaşlaryň maşgala binýadynyň berk bolmagy olaryň birek-birege ynamyna aýrylmaz baglydyr.

Hawa, bu durmuş wakasy bedewler baradaky hakykatyň diňe bir eýýamlaryň hakykatydygyny däl, eýsem, asmandan inen ykbaldygyny beýan edýär.

«Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň häzirki wagtda gazanan üstünlikleri bütin dünýäde bellidir. Bedewiň üstünde täsin hereketleri edip, mähelläni haýran galdyrýan bu topara hem meşhurlyk sungatda hemişe hem bolşy ýaly, birden gelmedi. Munuň üçin olar köp wagtlap türgenleşdiler, ýöne olaryň esasy güýji ahalteke bedewlerine bolan iňňän uly söýgülerindedir. Biz bu toparyň işiniň döwlet tarapyndan üns bilen gurşalmagyny geljekde-de dowam ederis. Ahalteke bedewleriniň dünýä jemgyýetçiliginiň ünsündäki gymmatlykdygyny ýene-de nygtamak isleýärin. Türkmenistandan has uzaklarda ýaşaýan adamlaryň hem olar barada aýdýanlaryny diňläniňden soň, bu ynam has-da berkeýär. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparymyza «dünýä sirkiniň buýsanjy» diýilmegi iňňän guwançly ýagdaý. Ol dünýäde iň gowy atçylyk sport topary hasap edilýär. Bu giň jemgyýetçiligiň pikiri. Ezber türgenleriň toparyna «Sirk rowaýaty» diýilmegi ahalteke bedewine berlen mynasyp bahadyr.

Bu iş geljekde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ornuny tutýan täze bir toparyň döredilmegi bilen has ösdürilmelidir. Biziň halkymyz üçin, bu geljegi uly, şonuň bilen birlikde hem baý taryhly ugurdyr. At üstündäki oýunlara höwesli ýaşlaryň şol topara kabul edilmegine aýratyn üns berilmelidir. Olar bilen yzygiderli türgenleşik geçmelidir. Şu ugurda tejribe toplan ýaşlarymyzyň bardygy ahalteke atçylygynyň döwrebap ösdürilýändiginiň aýdyň netijeleriniň biridir. Ahalteke bedewi bilen tomaşa gurap, dünýäniň iri sirk aýlawyny haýrana goýýan ezberleriň ussatlyga ýetişýändigi örän guwandyryjydyr. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşlary halkymyzyň bu gadymy sungatynyň Garaşsyz Watanymyzda mynasyp dowamyna eýe bolýandygyny aýdyň edýär. Bedew aty özüne ýoldaş edinen, oňa «wepaly dostum» diýen ata-babalarymyzyň bedew ata bolan garaýyşlary özüniň özenini halkymyzyň milli medeniýetinde ýaşadýar.

At üstündäki oýunlar üçin ezber türkmen ýaşlarynyň gözden geçirilişleriniň yzygiderli gurnalmagy maksadalaýyk bolar. Garaşsyz Watanymyzyň paýtagtynda geçirilýän at çapyşyklary, ahalteke bedewleriniň gözellik, ýyndamlyk bäsleşikleri bilen bir hatarda, at üstündäki milli oýunlary, atly sirk oýunlary boýunça hem bäsleşik geçirmek gerek. Iň üns berilmeli ýeri bolsa, Türkmen bedewiniň milli baýramynyň dünýäniň dürli ýurtlarynda ösdürilip ýetişdirilýän ahalteke bedewlerine degişli bolmagy barasynda aýratyn iş alnyp barylmagy gerek. Hut şu ugurda Türkmenistanyň «Türkmen atlary» Döwlet birleşiginde anyk wezipeler işlenilip düzülmelidir. Şol wezipeler Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasyna hem degişli bolup durýar. Onuň netijeli çözgüdi, ilkinji nobatda, ahalteke bedewleriniň daşary ýurtlarda ösdürilip ýetişdirilmegine hem-de köpeldilmegine ýardam bermekden, ikinjiden, ahalteke atlarynyň dünýäniň sirk arenasyndaky çykyşlaryny giňeltmekden we wagyz etmekden, ahalteke bedewlerini öwrenmek boýunça ylmy-barlag işleriniň ýokary derejeliligini üpjün etmekden ybarat bolup durýar. Türkmen bedewiniň milli baýramynyň dünýäde ahalteke bedewleriniň muşdaklarynyň ählisini türkmen suprasyna jemleýän baýramçylyk hökmündäki häsiýeti we özboluşlylygy barha äşgär edilmelidir.

Türkmen bedewleriniň owadan şaý-sepleri türkmen zergärçiliginde ünsden düşürilmeýän ugurlaryň biridir. Türkmen bedewleri dünýäniň iri sirk aýlawlarynda, gözellik sergilerinde şol ajaýyp bezegleri bilen hem mähelläni haýran galdyrýar. Bedewleriň owadan şaý-sepleri olaryň türkmen durmuşyndaky ykjam ornunyň subut edilmesidir. Olar jemgyýetçilik kanunlarynda we gatnaşyklarynda kemala gelip, taryhy durmuşyň mertebeli şaýatlaryna öwrüldiler.

Halkymyzyň bedew dowamaty ýaşaýar we nesilleriň ykbalyna ornaýar. Bedewler asmandan inen ykballary dünýä berýärler. Çünki bedewiň özi behişdi, Arşdan bize berlen paýdyr. Asmandan inen ykballar – bu biziň bagtyýar döwrümiziň, bedew batly zamanamyzyň ykballarydyr.

Her bir bagtyýar türkmen maşgalasyna döwletlilik ýaran bolsun!

«At – myrat» diýýän il-halkymyz üçin bolsa, döwletlilik bedewe bolan yhlasymyz bilen baglydyr. Bu owal-ahyr şeýledir.

Dünýä abadan, ýürekler nurly, ykballar asmandan paýly bolsun!

AT – TÜRKMEN ÜÇIN ÄHLI ZAT

Eziz Watanymyzyň Döwlet Tugrasynyň merkezinde şöhratly ahalteke bedewi Ýanardagyň şekili ýerleşdirilen. Kuwwatly döwletimiz ahalteke bedewli Tugrasy bolan döwlet hökmünde dünýä meşhurdyr. Bu Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň hakyky keşbini dünýä aýan edýän iň ilkinji hem-de buýsançly nusgamyzdyr. Bu asyrlarboýy özüniň döwlet garaşsyzlygyny janyndan ileri gören ata-babalarymyzyň müdimi arzuwy siňen keşpdir. Ony hiç döwrem, dünýäniň çylşyrymly meseleleri hem böwsüp bilmez. Ol baky durar. Çünki ol ömürboýy aýalyp, janymyzyň bir ülşi bolup ýaşaýandyr. Indi ol çärýek asyrdan hem köp wagt bäri ösüp, şöhraty barha belentlige galýan Garaşsyz döwletimiziň mizemezliginiň alamatydyr.

Merkezinde ahalteke bedewiniň keşbi ýerleşdirilen Döwlet Tugramyz türkmen lebziniň, adalatynyň, ynsabynyň baky möhüridir.

Mukaddes Tugramyz adalatly höküm süren türkmen şalarynyň, hökümdarlarynyň durmuş kadalarynyň beýanydyr. Ol geljege bolan ynamymyzyň bakylygydyr.

Döwlet Tugramyz – bu özüniň ykdysady garaşsyzlygyny barha berkidýän mähriban Watanymyzyň dünýä açylan dostluk ýollarydyr. Türkmen Tugrasy – halkyň buýsanjy, müdimi umyt-arzuwlarynyň amala aşandygynyň beýany.

Türkmenistanyň «Döwlet nyşanlary hakynda Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Kanunynda «Tugranyň kiçi tegeleginiň içinde türkmen halkynyň milli buýsanjy, gözelligiň ajaýyp nusgasy bolan behişdi ahalteke bedewi şekillendirilendir» diýlip bellenildi. 2011-nji ýylyň 4-nji awgustynda «Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna gol çekdim. Bu Kanunlar milli medeniýetimize bolan gatnaşygymyzyň esaslaryny berkidýär. «Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasynda «Diplomatik wekilhanalar ýuridik şahslardyr we olaryň Türkmenistanyň

Döwlet Tugrasy şekillendirilen hem-de Türkmenistanyň döwlet dilinde we iňlis dilinde öz atlary ýazylan möhri bardyr» diýlip bellenilýär. «Türkmenistanyň Döwlet Tugrasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyndan «Türkmenistanyň Döwlet Tugrasy Türkmenistanyň Döwlet häkimiýetiniň nyşanydyr» diýen ýazgylary okan her bir türkmen raýatynyň kalbynyň töründe, yssy mähre eýlenen duýgy peýda bolýandyr diýip pikir edýärin.

Üçünji müňýyllygyň başynda jahana özüni giňden mälim eden Garaşsyz döwletimiz Göroglynyň gaýratyndan hem merdanalygyndan tälim alan nesillerimiziň bitewüliginiň ykrar edilmesidir. Onda kämilligiň ýokary derejesi bilen beýgelen sungatymyz rowaçlanýar.

2014-nji ýylyň 16-njy awgustynda «Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary» diýen Türkmenistanyň Hormatly ady döredildi. 2015-nji ýylyň 21-nji noýabryndan «Atçylyk we atly sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň güýje girmegi bilen, bu pudagyň kanunçylyk binýady pugtalandyryldy. 2014-nji ýylda Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli geçirilen dabaralarda «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň kitaphanasy ylmy-amaly edebiýatyň dünýäde iň köp saklanýan ýerleriniň biri bolmalydyr diýipdim. Il-halkymyzyň – ahalteke bedewiniň muşdaklarynyň bedewler barada ýazylan kitaplaryň yhlasly okyjylarydygy örän buýsançlydyr.

Ahalteke bedewiniň adam bilen nähili aň-paýhas sazlaşygyna girip bilýändigi, bu tebigatyň öz täsinligi. Şol täsinligi açmak üçinem şahsyýet bolmaly, adamkärçiligiň iň ýokary derejelerine ýeten şahsyýet bolmaly. Şular barada oýlananymda, ata-babalarymyzyň döreden gadymy ýörelgeleri, türkmençiligi maňa mähriban duýulýar.

Dünýäde arassa ganlylygyny saklan ýeke-täk bedew – ahalteke bedewi. Bu magtanma däl. Türkmen halky tutuş ýaşaýşynyň dowamynda «men-menlikden» daşda durmagy nygtan halk. Ýaradylyşyň kanunlaryna sygnyp gelen halk. Munuň özi tertipliligi, düzgünliligi aňladýar. Bu bolsa, ýeke söz bilen aýdylanda, medeniýetlilik. Biziň milli medeniýetimiziň gadymylygyny aňladýan alamat halkymyzyň adamkärçilik ýörelgelerini jemgyýetiň baş ýörelgesi edip ýaşadanlygynda.

Häzirki döwürde Garaşsyz Watanymyzyň halkara syýasatynda-da dostluk hem-de hyzmatdaşlyk, ösüş maksatlaryny hut şol milli ýörelgeleriň çäginde ösdürýändigine siziň her biriňiziň üns bermegiňiz gerek.

Her bir milli gymmatlyk özünde şeýle çuňňur pelsepäni ýaşadýandygy üçin ebedidir. Çünki – söz ebedi.

Ahalteke bedewleri tutuş dünýäniň baýlygy. Ata-babalarymyzyň öz bedew aty bilen dünýäniň çar ýanyna ýöriş etmegi, bu atlaryň giňden

ýaýramagyna we meşhurlygyna şert döredipdir. Türkmen dessanlaryny, halk ertekilerini, rowaýatlary okanyňda hem, muňa göz ýetirmek bolýar. Şu ýerde bir ýörelge hakynda hem aýdylsa, dogry bolar. Öz taryhyny we ýaşaýyş babatdaky oý-pikirlerini her bir halk medeniýetinde ýaşadýar. Bu biziň medeniýetimiz barasynda alnanda hem şeýledir. Goňşuçylyk gatnaşyklarymyz, myhmançylyk barasyndaky däp-dessurlarymyz, şeýle hem halk döredijiligimiz adamzady birek-birek bilen jebis gatnaşyklar esasynda ýakynlaşdyrmak ýaly ynsanperwerlik ýörelgelerimize laýyk gelýär. Türkmen dessanlarynyň baş gahrymanlarynyň uzak-uzak ýol söküp, baran ýeri bilen ýakyn gatnaşyk açyp, yzyna dolanyp gelýändigini ýatlamakçy bolýaryn. Özüni ösen dünýäden çetde saklamak biziň halkymyzyň özboluşly hüý-häsiýetine laýyk däldir. Biz hemişe hem ösüşli wakalaryň jümmüşinde bolmagyň, oňa goşulyşmagyň ugrunda tagalla edýän halk diýsem, bu has anyk bolar. Halkymyzyň milli gymmatlyklarynyň dünýä çykmagy we giňden ýaýylmagy üçin her döwürde hem giň mümkinçilik bolupdyr. Men şuny aýratyn bellemekçi bolýaryn. Şunuň sebäbi biziň sungat düşünjesine umumy häsiýet berýändigimiz bilen düşündirilse, has dogry bolar.

Ahalteke bedewleri bilen ýakynlyk, bu adamzadyň taryhy tejribesiniň bitewülikde, bir gymmatlykda şöhlelendirilmegidir. «Atçylyk we atly sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunyndaky «Türkmenistanda tohumlyk gymmatlygy bolmadyk atlary Türkmenistanyň çäginden daşyna satmak, sowgat etmek, girewine goýmak, çalyşmak, kärendesine bermek bilen baglanyşykly iş atlaryň ahalteke tohumy bilen tohumçylyk işi boýunça Geňeşiň rugsatnamasy esasynda amala aşyrylýar» diýen beýan etmelerdäki «tohumlyk gymmaty bolmadyk» diýen jümlä ünsüňizi çekmekçi bolýaryn. Çünki oňa düşünmek okyjynyň şu ugurdaky bilimi bilen bagly bolup durýar. Tohumlyk gymmaty ýok atlar, bu olaryň gönüden-göni şol wagtky ýagdaýy babatdaky kesgitlemedir. Mysal üçin, bir saýlama bedew bar bolsa, şondan nesil almak ýörgünlidir. Heniz şol bedewiň tohum bermek ukyby bar bolsa, onda ol şol maksat bilen hem peýdalanylýar. Ýöne onuň nesilleriniň hem şeýle ukyby ýüze çykandan soň näme üçin olaryň hemmesini bir ýerde saklamaly?! Olary tohumçylygy ösdürmek maksady bilen dürli ýerlerde ulanmak maksada laýyk bolmaýarmy eýsem?!

Beknazaryň bedewiniň garrandan soň hem atlaryň höwür döwründe obalara aýlanylandygy şol sebäplidir. Bedewiň heniz taby barka, onuň ýerine başga bir bedewden nesil alynmaýar. Bu seýisleriň öňden bäri dowam edip gelýän ýörelgesi. Tohumlyk gymmaty bar atlar – tohum almaga ýöriteleşdirilen atlar. Indi şol atlardan beýleki atlaryň, olaryň nesilleriniň daşary

Beýik Ýüpek ýolun beşläp bahara,
Ýol uzar Amuldan bahry-Hazara,
Kämil owaz, dünýä dolan dabara,
Gül näçik ýaraşar güllere, beden!

#

Ýerde ýörän, gökde uçan tagtym sen,
Syrdaşym sen, myradymsen, bagtym sen,
Ýüregimde ebedilik aýdym sen,
Waşpyn şeng boldy dillere, beden!

#

Şewanjymyz, şöhratymyz, şanymyz –
Watanoly gurşakda şirin janymyz,
Ilime bagyşedip buýsanç baýlygym,
Ýol açar men ýyldan-ýyllara,
beden!

12.04.18.

ýurtlarda köpeldilmegi hem olaryň ugrunyň döredilendigini aňladar. Men şu wezipä aýratyn ähmiýet berýärin. Goý, ajaýyp bedewler dünýäde köpelsin! Munuň özi jahana bagtyýarlygy we rowaçlygy serpaý eder. Daşary ýurtlarda hem ahalteke bedewleriniň aýry-aýry ugurlary döredilipdir. Olaryň Türkmenistandaky döredilen ugurlar bilen goşulyşmagy gowy netijeleri berer. Geljekde şonuň göz öňünde tutulmagy gerek. Munuň üçin öň hem aýdyşym ýaly, Akhan hem-de Pyýada ýaly beýleki meşhur bedewlerimiziň tohumçylyk ugrunyň döredilmeginiň ýola goýulmagy maksadalaýyk bolar.

Ahalteke bedewlerimiziň sirk oýunlaryna işjeň gatnaşyjylardygyna hem aýratyn üns berilmelidir. «Atçylyk we atly sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 4-nji maddasy «Atçylyk we atly sport hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasy ýörelgeleri» diýlip atlandyrylyp, şonda «atçylyk we atly sport babatda halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrmak» bellenilýär. Ýurdumyzda ahalteke bedewleriniň köpeldilmegi üçin göz öňünde tutulýan täze ugurlary barada aýdypdym. Meşhur bedewleriň nesil ugurlarynyň ýurdumyzyň daşynda hem köpeldilmeginiň mümkinçilikleri «Atçylyk we atly sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda anyk beýan edildi. Şuny aýdýanlygymyň sebäbi okyja düşnükli bolsa gerek: bedewiň ýetmejek menzili ýok diýen pikir öz mazmunyny özgertdi, bu babatda esasy orun ulaglaryň häzirki zaman görnüşlerine degişli. Ahalteke bedewleriniň meşhur we şöhratly nesilleriniň dünýä ýaýylmagy üçin aýratyn alada edilmegi gerekdir.

Ilkinji gezek ýaş çapyksuwarlaryň bäsleşigine gatnaşan ýetginjekleriň ezber çapyksuwar bolup ýetişmekleri, biziň bu ugurdaky aladalarymyzyň ýerine düşýändiginiň subutnamasydyr. Bedewlere söýginiň türkmen maşgalasynyň terbiýe mekdebiniň müdimi pendi bolup asyrma-asyr dowam edip gelýändigini aýratyn nygtamakçy bolýaryn.

Biz öz nesillerimize umyt edýäris, olaryň yhlasymyza wepaly, gönümizdäkini amal edýän perzentler bolup ýetişmegi ýaşaýşyň dowam edýändigi baradaky buýsançly ynamy kalbymyza guýýar. Meniň her bir demimde, sözümde, her gün ir säherdäki niýetimde Watanyň geçmişindäki janly keşpler ýaşaýar. Ýaşaýşa höwes, durmuşa söýgi şondan başlanýar. Watan diýlen uly beýiklige seni baglaýan güýçler wagtyň emrine boýun sunmaýar. Olar baky. Çünki onuň düýp manysynda adam bolmagyň mertebeliligi bar. Watany söýmek dünýä inendigiň üçin Biribara alkyşlaryňdyr. Kemala gelen gurşawyňy unutmazlyk, bu durnukly çäkliligiň hem däl, döreýşiň esasy nokadyndan ugur alýar. Mähriban Watanymyz il-halkymyzyň «döwlet tapan ýeridir», bu anyk keslgitlemedir.

Il-ulsumyz bedew bady bilen üstünliklere sary öňe barýar. Şeýdibem, ol işi şowlamagyň ebedi alamatyny özüne ýaran edinýär.

Bedewiň gujurlylygyny bolsa, diňe juda ussat seýisler aňlap bilýärler, çünki onuň bedewiň daşky görnüşine bagly bolmaýan ýagdaýlary-da bardyr. Bedewiň gujurlylygy onuň öňe gitmäge bolan islegine baglydyr. Şol arzuw-isleg hem türkmen gerçegini taryhyň dowamynda bedew bilen bitewi bir ykbala öwürdi.

Gadamy batly, taryhy şöhratly buýsanjymyz – ahalteke bedewi!

Biziň aýdyň maksatlarymyz bar. Olaryň bolsa baý esaslary bar. Oýlanyp görüň, Gün topragy owadan gül-güläleklerin görki bilen bezemek üçin nuruny eçilýär, oňa asman nemi bilen ýardamyny inderýär. Görnüşi ýaly, her bir zat tebigy bir sep bilen, biri beýlekisini özüne dartyp gidip barýar. Asylky taryhyň beýikligi hem şundadyr.

Çünki geçmişiň durmuş tejribesiniň mirasdadygy, onuň hem taryhyň gymmatlyklarynda jemlenendigi hakykatdyr. Aslynda, türkmen bedewiniň, bu günki Ýanardagyň asly Göroglynyň Gyratydyr. Gyrat bolsa halkymyzyň seýisçilik sungatynyň beýikliginiň dabaralandyrylmasydyr.

YAR

ÝANARDAGYŇ ÝEDI ARKASY

Eziz Watanymyzyň Döwlet Tugrasynyň merkezinde şöhratly ahalteke bedewi Ýanardagyň şekili ýerleşdirilen. Kuwwatly döwletimiz ahalteke bedewli Tugrasy bolan döwlet hökmünde dünýä meşhurdyr. Döwletliligiň, mizemez ynanjyň nyşany Ýanardag öten menzilleriň nurlulygydyr. Ýanardag ahalteke bedewleriniň şu günlerde ýeten belent şan-şöhratydyr.

ÝANARDAG

ÝANARDAG – mele at, 1991-nji ýylda Aşgabat şäherinde doglan.

Atasy – 1112* Ýalkymly, ***enesi*** – 2246 Dabaraly.

Maglumat: Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň 1-nji tomy, 79-njy we 142-nji sahypalary (Aşgabat).

Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň 9-njy tomy, 324-nji sahypa.

Neşir edilen senesi: 1993-nji ýyl, Russiýa Federasiýasy.

Aba seýsiň atynyň alnyp gidilişi baradaky gürrüňi 86 ýaşap dünýäden öten babaraply ýaşuly Hezretguly Hanatow öz kakasy, döwründe Aba seýis bilen gatnaşyk saklan, 111 ýaşap dünýäden öten Hanat Bagyr oglundan eşidendigini aýdypdyr.

---

* Atlaryň adynyň öňünden ýazylan belgiler şol atyň «Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynda» hasaba alnan belgisini aňladýar.

ÝALKYMLY

1112 ÝALKYMLY – dor at, 1987-nji ýylda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň «Ahal» daýhan birleşiginde doglan.

Atasy – 974 Aýgytly, ***enesi*** – 1879 Ýalançy.

Maglumat: Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň 9-njy tomy, 144-nji sahypa.

Neşir edilen senesi: 1993-nji ýyl, Russiýa Federasiýasy.

AÝGYTLY

974 AÝGYTLY – dor at, 1981-nji ýylda Dagystanyň Lenin raýonynyň «Dagystan» sowhozynda doglan (1983-nji ýylda Aşgabada getirilen).

Atasy – 910 Opal, ***enesi*** – 1408 Agawa.

Maglumat: 1989-njy ýylda Latwiýada neşir edilen Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň ahalteke tohumyna bagyşlanan 8-nji tomy, 12-nji sahypa.

OPAL

910 OPAL – al at, 1968-nji ýylda Dagystanyň Tersk atçylyk zawodynda doglan (Dagystanyň Lenin raýonynyň «Dagystan» sowhozynda çapdyrylan).

Atasy – 828 Pakyrpälwan, ***enesi*** – 1310 Owgan.

Maglumat: 1975-nji ýylda Moskwada neşir edilen Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň ahalteke tohumyna bagyşlanan 5-nji tomy, 190-njy sahypa, 1981-nji ýylda Moskwada neşir edilen Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň ahalteke tohumyna bagyşlanan 6-njy tomy, 90-njy sahypa, 1989-njy ýylda Latwiýada neşir edilen Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň ahalteke tohumyna bagyşlanan 8-nji tomy, 76-njy sahypa.

PAKYRPÄLWAN

828 PAKYRPÄLWAN – al at, 1951-nji ýylda Aşgabat atçylyk zawodynda doglan (Dagystanyň Tersk atçylyk zawodynda çapdyrylan).

Atasy – 629 Fakirsulu, ***enesi*** – 647 Ýegoza.

Maglumat: 1975-nji ýylda Moskwada neşir edilen Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň ahalteke tohumyna bagyşlanan 5-nji tomy, 92-nji sahypa, 1981-nji ýylda Moskwada neşir edilen Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň ahalteke tohumyna bagyşlanan 6-njy tomy, 311-nji sahypa, 1989-njy ýylda Latwiýada neşir edilen Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň ahalteke tohumyna bagyşlanan 8-nji tomy, 95-nji sahypa.

FAKIRSULU

629 FAKIRSULU – dor at, 1935-nji ýylda Gazagystanyň Jambyl atçylyk zawodynda doglan (1947-nji ýylda Aşgabada getirilen).

Atasy – 220 Sluçaý, ***enesi*** – 420 Pöwrize.

Maglumat: 1952-nji ýylda Moskwada neşir edilen Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň ahalteke tohumyna bagyşlanan 4-nji tomy, 21-nji, 110-njy sahypalar. Bu atyň ady 4-nji tomda başga-da has köp ýerde gabat gelýär.

SLUÇAÝ

220 SLUÇAÝ – gär at, 1923-nji ýylda Gazagystanyň Jambyl atçylyk zawodynda doglan.

Atasy – Kömek Çerkezli, ***enesi*** – Aba Gulynyň ahalteke baýtaly.

Maglumat: 1941-nji ýylda Daşkentde neşir edilen Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň ahalteke tohumyna bagyşlanan 3-nji tomy, 55-nji sahypa, 1952-nji ýylda Moskwada neşir edilen Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň ahalteke tohumyna bagyşlanan 4-nji tomy, 21-nji sahypa, şol kitapda bu meşhur bedewiň ogullary we gyzlary barada başga-da has köp maglumatlar bar. 1981-nji ýylda Moskwada neşir edilen Atlaryň döwlet tohumçylyk kitabynyň ahalteke tohumyna bagyşlanan 6-njy tomy, 25-nji sahypa. Bu atyň enesiniň Türkmenistandan äkidilişi baradaky gürrüňler il arasynda saklanyp galypdyr.

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA



*22

TEJRIBE HEM-DE KÄMILLIK

Her bir türkmen öz perzendine Jygalybeg bolup öwüt etmelidir. Bu durmuşyň zerurlygy, talaby diýilse hem bolar. Ýöne Jygalybeg bolmakda iş bar ahyryn! Şuňa mynasyp mertler il içinde bardyr. Şolaryň aladasy, barlygy bilen Watanymyz gaýa ýaly berkdir, belentdir, kuwwatlydyr. Men şu ýerde «Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn» diýen nakylymyzy mysal getirmekçi. Şu nakylda türkmen jemgyýetiniň adamkärçilik gymmatlyklaryna düşünmek üçin uly bir pelsepe ýatyr.

«Öz aladaňy etmeseň, özgeler seniň aladaňy etmez» diýen pikir munuň tersinedir. Öz aladaňy özüň üçin edýärsiň, ýöne töweregiňe gatnaşygyň kütek bolsa, özüň hakyndaky aladaň-da netije bermez. Sebäbi ýaşaýyş hereketde, hereket bolsa, aýlaw şekilindedir. Ol öňki başlanan nokadyna ýene-de dolanýar. Diňe, aýdylyşy ýaly, paralleller hiç haçan kesişmeýärler. Türkmende özüni il bilen bitewi duýmak ýörelgesi düýpli bolup, ol ýaşamagy aňladýar. Men muny başga manyda beýan edip hem bilmerin. Çünki pelsepe, tymsal bilen nesliňe öwüt bermek şol çözgüde daýanýar. Pähime düşünmegiň özi bir zadyň dürli tarapdan, düýpli seljerilip bilinmegidir. Ondan ýaşaýyş üçin adamkärçiligi belende galdyrýan pikir öňe çykarylýar. Tutuş jemgyýet şu ynam bilen ýaşanda, olaryň içinden il-ulsunyň agysyna aglap, şatlygyna deň şärik bolýan mertlerden Jygalybeg ýaly mertler hem saýlanýar.

Bu owal hem bolupdyr. Ýene-de bu toprakda mertler dörär. Biz taryhyň gatynda müdimi galjak türkmen döwletini berkideris. Ata-babadan gelýän şöhratymyzyň hiç haçan synmajakdygyny dünýä äşgär ederis. Berkarar Watanymyzyň geljegi üçin siziň her biriňize şeýle gaýrat hem-de synmajak hyjuwlylyk arzuw edýärin.

Indi Göroglynyň Gyraty hakyndaky söhbete dolansam, şu barada bedewler bilen didarlaşan pursatlarymda hemişe-de oýlanýaryn. Gyraty ýetişdiren Jygalybege mynasyp nesilleriň, Gyraty bilen Watanyny, halkyny goran Göroglynyň mertligini nusga edinen ýaşlaryň kemala gelmelidigi durmuşyň zerurlygy bolup duýulýar. Perzendiň dünýä inmegi dowamata ukyplylyk, terbiýe şol ukyplylygyň herekete girmegi diýip düşünýärin. Obamyzyň ýaşululary üýşen wagtlarynda öz aralarynda: «Ahyretde hatasy ýüzüne basylan

perzent: «Wah, muny enem-atam öwretmedi, özüm nädip bileýin?» diýermiş» diýýärdiler. Hawa, şonda olaryň birsellem dymyp, oýlanýandyklary hem göz öňüme gelýär. Bu terbiýäniň iňňän ince mesele bolandygy üçin aýdylan söz. Özi hem bir obadan il-ulsa maza bermeýän nekgende çyksa, tutuş oba, ylaýta-da, ýaşuly nesil bir ýerde özüniň hata goýberen bolmagynyň ähtimaldygy barada oýlanýar.

Sungat döretmek öz-özüň bolmakdyr, özüňdäki tebigylygyňy açmakdyr. Adamlara mahsus iň hakyky baýlygyň sungatda ýaşaýandygyna men berk ynanýaryn. «Hakykat her kimiň özünde» diýlen pähimli jümleler bardyr. Bu adamyň ruhy baýlygyň eýesidiginiň tekrarlanmasydyr. Ruhy baýlyk – bu sungat döretmekdir.

Ol sungata söýgüde jemlenýär. Terbiýe diýmegiň özi sungatdyr. Sungata düşünilmegi, sungatyň ýaşamagy, sungaty döretmek – şular terbiýäniň gözellik esaslarydyr.

Gadyrly okyjym! Biz geçen asyrlarda ýaşaýan bolsak, şularyň aýratyn bellenilmegi, megerem, şeýle derwaýys hem bolmazdy. Ol döwürlerde adamyň nesil bilen baglanyşygyny, esasan, öwüt-terbiýe emele getirýärdi. Atanyň ogla, enäniň gyz perzendine öwütlerinden ilkinji bilim-terbiýe sapaklary emele gelýärdi. Öten zamanda aýdýanlygymyň sebäbi, ösen durmuş jemgyýetçilik gatnaşyklaryna düýpli täsir edýär.

Durmuşyň tejribesi – dürli görnüşli, dürli häsiýetli maglumat we görüm-görelde. Maglumat ynsanyň ýady arkaly nesillere geçýän tejribe, görüm-görelde bolsa, hereketde we edim-gylymlarda berjaý edilýär. Käteler ýatdan, hakydadan asylky özen baradaky maglumat öçeňkirlän bolsa, edim-gylymyň manysyny düşündirmek üçin, ylym kömege gelýär. Nesilleriniň aň-huş, akyl taýdan ýokary derejeli adamlar bolmagy barasynda düýpli aladalanmagy başaran uly nesil öz-özünden ylymly adama öwrülýär. Oňa ylym-bilim tebigy ýagdaýda geçýär. Ol biziň hakydamyzda ýaşaýan ylym bolup, ol asyl özende berkändir we kök urandyr.

Seýisçilik hem biziň şol ylymyzdyr, bilimliligimizdir. Oňa biz aslymyzdaky edep-terbiýämiz, milli özboluşlylygymyz bilen akyl ýetirýäris we guwanýarys. Owal başdan ekologiýa barada söz açyp, bu ylma düşünmegiň halkymyzyň milli özen barlygynda özleşdirilen ylym-bilimleriň binýadynda kemala gelýändigini has-da nygtamak isledim. Ruhy baýlyk şol ylym-bilimlerden düzülýär hem-de berkeýär. Ekologiýa meselesiniň derwaýysdygyna düşünip, biz ata-babalarymyzyň tebigata, tutuş daşky gurşawa sarpaly garaýyşlarynyň asyl manysyna göz ýetirmek bilen, onuň çözgütlerine içgin aralaşýarys. Munuň özi hem kiçijik tejribedir. Deňziň damjasy entek netije çykarmak üçin ýeterlik däl bolsa-da, ilkinji maglumat üçin esas bolup biler. Şol esas hem onuň himiki, biologik düzümi babatda netijä gelmek üçin ygtybarly delildir. Netijede, başky esasymyzyň ýene pikir-maglumat taýdan baýlaşmagyny şertlendirdik. Şonda pikirler bir daragta meňzeýär. Ol çeper teswirlenende, ebedi

TURKMENISTAN

daragtdyr. Onuň käbir şahalary wagtyň geçmegi bilen gurar, öz ýaşaýşyny bes eder. Olara derek täze baldaklar peýda bolar. Daragt bolsa müdimidir. Onuň şol bir durkudyr.

Ylym-bilim hem şonuň ýalydyr. Çünki onuň şahalaryny görmezden, biz dünýä hem ýaşaýyş barada anyk netije çykaryp bilmeýäris. Netijelilik bolsa, dünýäde ilkinji hem-de esasy şertdir. Netijelilik – bu hyjuwlylykdyr, heserlän duýgulardyr. Sebäbi bu adamyň ýaşaýşynda döredijiligiň müdimi bolmagy üçin gerekdir. Adam heserlän ýagdaýynda, işiň netijeliliginiň şu güni hakynda däl-de, geljegi hakynda pikir eder. Anyk maksady netije diýip hasap eder. Ýagşy päliniň, aýdyň maksadynyň netijesiniň bardygyna ynanar hem-de ony gazanmaga güýç-gurbat tapar. Ol şonda çakdanaşa güýçlüdir.

Seýisçilik – milli tejribäniň önümi. Ahalteke bedewi ata-babalarymyzyň ylym-bilimleriniň açyşy, ylmy tejribeleriniň anyk hem bitewi netijesi. Bedewlerimiz biziň üçin häzirki döwürde hem wagta laýyk many bermegi alamatlandyrýan jandar. Ahalteke bedewi hakyndaky oý-hyýallar, pikir ýöretmeler her bir türkmeniň hemrasy diýsem, bu dogrudyr. Bu biziň emer-damarymyzda, kalbymyzda ýaşaýan duýgudyr. Adamzat gymmatlygy diýlen düşünje owal-ahyr bolupdy, ol ýene-de adam paýhasynyň hem-de zehinininiň önümi bolup ýaşar.

Gymmatlyk – biz muňa umumadamzat taglymlaryny siňdirýäris. Şol taglymlary dabaralandyrýandygy üçinem, gymmatlyklar ebedi ýaşaýarlar.

Mähriban halkymyzyň dünýä beren deňsiz-taýsyz gymmatlyklarynyň asyl mazmuny hem olaryň adamzadyň asylly ýörelgelerini dabaralandyrýanlygyndadyr. Şol mazmun olara ebedilik hem-de dünýä derejelilik berdi. Ahalteke bedewleriniň hüý-häsiýetleri, wepadarlygy, gözellige telwasy barada gürrüň bermegiň maksady hem adamzadyň asylly ýörelgelerine ünsi çekmekdedir. Hut şonuň üçinem bedew at – ýigidiň gardaşy! Mertlige söýgi, adamzadyň belent maksatlarynyň ebediligi türkmen bedewinde ýaşaýar!

Şu ýerde okan jümlelerimiň birini mysal almakçy: «Umumadamzat gymmatlyklary öňünden edilip goýlan ýa-da berlen bolmaýar, bolup-da bilmez. Şeýle hem hiç hili daşyndan ugrukdyryjy hem-de ony tassyklaýan edaralar bolmaýar. Olar bu oýnuň dowamynda onuň düzgünleriniň kadasyna görä bellenilýär. Oýun bu ýerde gepleşikdir, özara söhbetdir. Şahsyýet onda aralykdaky ugrukdyryjydyr, merkezi gymmatlyklaryň şalygydyr». «Gepleşik», «oýun» sözleriniň ünsümi çekendigi üçin, şu setirleriň ýadymda galan bolmagy-da ahmal. Hawa, pikirden pikir döreýär ýa-da ol ret edilýär. Adam üçin esasy gymmatlyk diýen sowala näçe baş agyrdylsa-da, bu meselede biz anyk jogaba ygrarly bolmagymyzda galýarys: bu – adam! Gymmatlyklara ygtyýarlylyk owalynda ynsana berlen. Gymmatlyklaryň durmuşa

gönüden-göni dahyllydygy olaryň bahasyny kesgitlemeýär, bu ulgamlaýyn seljerilýän mesele.

Gymmatlyklar – tejribäniň önümi. Şol tejribe bolsa bitewi bir ulgam. Adamyň Älemdäki ýaradylyş hökmündäki wezipelerini derňemegiň we oňa laýyk jogap bermegiň merkezi nokady hem ýene tejribede. Tejribäni näme dolandyrýar? Onuň maksatnamasy adamyň özüni açýan kanunynda göz öňünde tutulmandyr. Olar – owaldan gursaga guýlanlar. Eger şeýle bolmadyk bolsady, onda sazyň adamyň içinde janyň ornamagy üçin täsir edendigi, sözüň keramat bolup, asmandan inendigi barada birgiden täsin hekaýatlar döremezdi.

Ahalteke bedewleriniň gymmatlyk manysyna jogap gözläp, men şulary, başga-da sansyz köp pikirleri hyýalymda aýlaýaryn. «Adama pikirsiz oturma ýok», men muny özümden ululardan eşidişim ýaly edip aýdýaryn. Ulularda adamzat tejribesi jemlenen, bu gymmatlyk manysynda şeýledir. Durmuşa, adamlaryň ýaşaýşyna oňyn gatnaşygyny, ýaşaýşyň zerurlyk alamatyny özünde saklaýan närselere gymmatlyk diýýäris. Ýöne şular ruhy hem-de maddy babatdaky isleglere deň derejede laýyk gelýär. Durmuşyň zerurlygyna öwrülmek – gymmatlygyň ujypsyzja bir alamatyny degişli närsäniň özünde saklamagy bolýar. Gymmatlygyň gymmatlyk bolmagynda şahsyýetiň hyzmaty bar. Ynha, meseläniň iň üns berilmeli ýeri hem şonda.

Beden agzalarynyň hereketinde çuň many bar. Hereket hem düşünilip, içki hyjuw bilen berjaý edilende, ol başgaça bolýar. Şol bir ýazgyny labyzly okamak ukyby bar adamlaryň birnäçesine bir wagtda okadyp, şondan hem olaryň her biriniň akyl-paýhas, zehin derejesi, durmuşa gatnaşygy barada netije çykarmak mümkindir.

Adamyň sesi hem köp ýagdaýda onuň kimdigini aňladýar. Eger ol kalbyň arassalygy, mähribanlygy, şonuň bilen birlikde hem syýasy, medeni, ykdysady ugurlardaky bilimliligiň alamaty bolup ýürege ýazylsa, onda netije hem başgadyr.

Her bir aýdylýan söz, ýerine ýetirilýän hereket pikiriň janlanmasydyr. Aň-üşügiň, belli bir pikiriň bardygyny aňdyrýan netijedir. Şondaky netijelilik ruhy baýlykdyr. Aň-düşünje, paýhas hem zehin utgaşyp, manylylygyň dörän ýerinde sungat giňişligi başlanýar. Adamyň aň-düşünjesi, zehini, akyl-paýhasy hem ahyrky netijede adamy aýamaga, oňa gadyr goýmaga gönükdirilendir. Akyl-paýhas sungata boýun egmeýär. Käte şuňa garşylyklaýyn netije çykarylýan halaty-da bolýar.

Men muňa şeýle kesgitleme berýärin: akyl – adamyň özüne buýrulany, heser – bu Taňrynyň serpaýy! Hut şonuň üçinem akyl bilen oňa düşünmek kyn!

Çyn şahyrlar, ýazyjylar, alymlar, kompozitorlar käte heserlenmäni başyndan geçirýändirler. «Watany çyndan söýmek üçinem edil şolar ýaly ýüregi heserliler gerek!» diýen pikir döreýär. Jygalybeg, Görogly, Magtymguly... – bularyň ýüregi Watanyna, il-ulsuna söýgüden heserli! Hut şonuň üçinem olaryň tutuş dünýäsinde Watan diýlen kesgitleme ýaşaýar. Bu üzül-kesillik hem anyklyk.

Mertler Watanyny beýgeldýär, Watan hem olary. Mertler gaýrat üçin dogulýar. Gaýratlylygyň bolsa, bir şerti bar: ol hem bedew. Adam bedew bilen birleşende, ol özüniň fiziki we ruhy taýdan hakyky güýjüne eýe bolýar. Zehin – ylahylyk, bedew şol güýje erk etmegiň serişdesi.

Gadymy kitaplarda «Atlaryň ajaplygy olaryň maňlaýyna ýazylandyr» diýilýär. Omar Haýýamyň «Nowruznama» eseriniň «Atyň ajaplygy we ol barada bilmeli zatlar» atly bölümi bilen tanyş okyjy üçin bu täzelik hem däldir. Süleýman pygambere bedew at getirip berenlerinde, ol: «Gudratly Allatagala şükürler edýärin. Ol maňa iki zada höküm etmäge ygtyýar berdi. Olaryň biri janly, beýlekisi jansyz. Birinde Zeminde ýöreýärin, beýlekisinde asmana uçýaryn» diýipdir. Bu rowaýaty men has ir wagtlarda eşidipdim. Soň seredip görsem, şol rowaýat «Nowruznamada» hem bar ekeni.

Edebiýatda çeper gahrymanyň häsiýetiniň özboluşlylygy, aýratynlygy barada mekdep ýyllarynda düşünje berilýär. Ol ýazyjynyň ýa-da başga bir ugurdan sungat ussadynyň gahrymany degişli jemgyýetindäki adamlara doly göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýän umumy häsiýetde beýan edip bilmegini aňladýar. Ýöne şu ýerde, eger-de has giň jemgyýetçilik nazara alynsa, onda gahrymanyň ahalteke bedewine dahyllydygy hem duýulsa, bu mazmuny has baýlaşdyrmaga täsir edip biler diýýärin.

Hawa, men ussatlygyň, onda-da sungat, döredijilik işi bilen bagly ussatlygyň haýsydyr bir möhüm kada degişli edilmegini dogry hasap etmeýärin.

Aýdaly, biziň her birimiziň ganymyzda ahalteke bedewine bolan söýgi hem-de mähirli garaýyş bardyr. Bu häzirki döwürde her bir hojalygyň özbaşyna bir bedew saklaýandygyny aňlatmaýar. Çünki bu bedew bilen badaşmakdyr. Biz muny häzirki döwürde häsiýeti kemala getirmegiň, ösen tehnologiýalaryň döwründe adamyň öz köklerine ýene gaýdyp gelmeginiň derwaýysdygynyň duýulýandygy üçin aýdýarys.

Syn edijiler, akylly-başly syn edijiler hem ölmez-ýitmez täsinlikleriň eýesi bolýarlar. Hakyky yhlasly syn edijiler, olar ahalteke bedewini, jadyly ýaly imrindirýän sazlary, täsin el halylaryny, beýik sungaty döredijilerdir. Olar diňe göreninden many çykarmaýarlar, olar Älemiň owazyny diňleýärler.

Şular barada iňňän köp pikir bardyr. Ýaşaýşyň esasy manysy bolsa, şu gün, häzirki döwrüň asudalygy we özümiz üçin ýakymlydygy baradaky pikirlerimizdedir. Geçen döwür özüniň sapagyny galdyrýar. Durmuşyň sapagy bolsa, ýagşylygy maksat edinýän ündewlerdedir.

Bedewlerimiz sirk aýlawlarynda ezberlik görkezip, ahalteke bedewiniň şöhratyna şöhrat goşýarlar. Ahalteke bedewi biziň buýsanjymyz, şöhratymyz diýmegim, bu durmuşyň özüniň ykrar eden kesgitlemesidir.

Şu ýerde «Stipplçez» ady bilen geçirilýän meşhur bäsleşikler barada hem bellemekçi. Peterburg şäheriniň etegindäki bir obajykda

1872-nji ýylda ilkinji gezek stipplçez ýaryşlary guralýar. Şuny ýatlaýandygymyň sebäbi rus nusgawy ýazyjysy L. N. Tolstoýyň «Anna Karenina» romanynda şol oýundan pursatlaryň suratlandyrylýan ýeri bar. «Stipplçez» oýny hem dürli tebigy päsgelçiliklerden geçmegiň ýörelgelerine esaslanýar. Ata-babalarymyz hem bedewlerini dürli päsgelçiliklerden geçirip, synapdyrlar. Şonuň esasynda ýigitler at üstündäki oýunlara ezber bolupdyrlar.

Ýurdumyzda seýisçiligi ösdürmäge goşant goşup, türkmençilik görüm-göreldesini ýaşlara pent etmek hem watançylyk diýen iňňän yssy hem-de mähirli duýgudan syzylýan endige öwrülmelidir. Bedewler ynsanyň mähirli bakyşyny we duýgudaşlygyny syzýarlar, balkyldaýan alma gözleri bilen muny hem saňa aýan edýärler. Ähli jandaryň kiçisi eýjejik hem mähirli görünýär. Bu olaryň diňe bir ejiz bolandygy üçinem däl, olara «çaga ýaly arassa kalply» diýilmegi dünýäniň manysyna akyly çatmaýan bu janawaryň dünýäsine düşünmek üçin kesgitli bahadyr. Olar bedewde gezelenç etmek islegiňi, ýanyna baranyňdan duýýarlar.

Türkmen halkynyň durmuş pelsepesine gowy düşünmezden, munda mirasyň manylylygyny çözläp bolmaýar. Mirasa düýpli nazar aýlamak üçin, halk pelsepesine, milli ruhy gymmatlygyna aýdyň göz ýetirmeli. Ata-babalarymyz munuň düýpli esasyny aňşyryp, pähiminde seljerip bilipdirler. Düýpli esas bar ýerinde aň, tejribe, paýhas, hakyda arkaly ynsanyň özleşdiren ylym-biliminiň aslyna ýetilýär.

Bedewleri tanamagyň hem aýratynlyklary bar:

Atlaryň dört arka şejeresi.

Göwresiniň ölçegi.

Daşky synasy.

Bedewler üç tiplidir: ýognas, orta ýognas, inçe. Garlawajyň ugrunda şu iki daşky tipiň alamatlary saklanypdyr. Güýçli hem-de zor atlar! Eýeberdi telekäniň ugruna inçelik, näziklik mahsusdyr. Mähriban okyjy! Şu söhbetden soň sende käteler töwekgelçiligi talap edýän täsinlik hakynda pikiriň döremegi-de ähtimal, çünki men seniň ynsanperwerlik ýörelgelerine wepaly şahsyýet bolmagyňda duýgudaşlygymy mälim etmekçi. Dünýä meşhur sungaty döretmek tötänlik bolup bilmez. Halkymyzyň taryhynda ykbal bize ýeňişli, ýeňlişli pursatlary serpaý edendir. Çünki beýiklige ýetmegiň hem özüniň badalgasy bolýar. Heňňamlar anyk bir halkyň dünýä giňişligindäki ornuna dürlüçe täsir edýändir.

Sarç taýlara baş öwretmek hem kyn bolýar. Taýlaryň enesidir atasynyň ýanynda seýislenmeginiň ähmiýetine hem ussat atşynaslar aýratyn üns beripdirler. Kiçijik taýçanagyň bökjekläp edýän oýnuna onuň ene-atasy buýsançly seredýär, taýyň bolsa, şonda has göhi gelýär. Ata-babalarymyzyň taýlary käteler bir ýaşyna ýetýänçä enesiniň süýdünden aýyrmazlyklary-da, olaryň bedewiň geljekki ýaşaýşy barada uly alada edendiklerini aňladýar.

Bedewlerimiz atly sport oýunlary boýunça bäsleşiklerde hem ezberlik görkezip, ahalteke bedewiniň şöhratyna şöhrat goşýarlar. Ahalteke bedewi biziň buýsanjymyz, şöhratymyz diýmegim, bu durmuşyň özüniň ykrar eden kesgitlemesidir.

S. Filatowyň ady meşhur Absent bilen dünýä atşynaslygynyň taryhyna ýazyldy. Şeýle mysallara milli seýisçilik sungatymyzyň taryhynda has köp duş gelmek bolýar. Bedewlere at dakylanda hem eýesiniň ady bilen tirkeşdirip ulanmak adaty ýagdaý: Eýeberdi teleke, Kömek Çerkezli, Abaguly we beýlekiler. Ýyndam bedewleriň bäsleşiginde ýeňiş gazanan bedewleriň ady ulus-ile meşhur. Gözleri dogumdan uçganaklaýan, ot ýaly ýigitlere, merdanalara bedew atlar hemradyr. Ýyndam, häsiýetli bedewleri seýislän atşynaslaryň atlary hem bedewiniň ady bilen bile tutulýar. «Adam ejizlese, aty-da aýagyny ýitirer» diýýän ata-babalarymyz diňe mert ýigitleriň ýyndamlykda taýsyz, gözellikde ynsan akylyny kökerýän bedewlere erk edýändiklerini belleýärler. Ýigidiň gaýraty onuň bedewindedir. Aty çykan mert ýigitler ýeňiş baýraklaryny özleriniň mähribanlaryna, ýakynlaryna sowgat edýärler, baýragyň toýa gatanç edilmegi bolsa, olary has-da erkli, edermen, gaýratly görkezýär. Halal gazanylan baýrak diňe gowulyk getirip, üstünlikleri berkidýär hem-de ähli başlangyçlarda şowlulygyň nyşanyna öwrülýär. 2013-nji ýylda halypa çapyksuwarlaryň arasynda geçirilen baýramçylyk bäsleşiginde ýeňiş gazanyp, uly möçberdäki pul baýragyny atçylyk pudagyny ösdürmäge kömek hökmünde «Türkmen atlary» döwlet birleşigine berenimde hem şu ynamdan ugur aldym. «At saklamak – han saklamak», «At iýmeýän otuň biteninden, bitmedigi ýeg» diýýän halkymyzyň bedew ata söýgüsini doly beýan etmek mümkin däldir.

Bedew münmegiň ince tilsimleri, eýerde ykjam oturmalydygy, jylaw tutulyş usullary, şeýle hem çapyksuwaryň bedew bilen bir hörpden gopmalydygy, hatda dem alşynyň hem bedewiňki bilen sazlaşmalydygy barada aýdýanlarymy men hiç ýerden okamandym. Meniň ata-babalarymyň hem muny okap öwrenmändigine ynanýaryn. Okamak bilen şol öwrenenleriňi has çuňňur özleşdirýärsiň we olar saňa özbaşdak pikirlener ýaly gözbaş bolýar. Nesillerimize ýagşylygy pent edip, olara uly umyt baglaýarys. Ynamymyz hem bizi buýsançly pursatlar bilen ýüzbe-ýüz edýär. Seýislik, çapyksuwarlyk kesplerini özi ýaly ýaşlara nusga edýän ýigitler bolsa, bizi örän buýsandyrýar. Bedew atlar bilen didarlaşmak maksadymyň mazmuny ýaş nesillere öwüt bermek bilen utgaşýar. Sebäbi mukaddesliklere sarpa goýmagy nesillerine öwretmek her bir ene-atanyň borjy diýip hasaplaýaryn. Men agtygym Kerimgulynyň şunuň ýaly mazmundaky gürrüňleriň yhlasly diňleýjisidigini hem aýdaýyn. Onuň hem aýdanlarymy öz deň-duşlaryna, jigilerine

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

gürrüň berjegini bilýärin. Biziň ählimiz terbiýäni mynasyp dowam etdirijiler, bu adamkärçiligi kemala getirýän kanun.

2015-nji ýylyň 25-nji aprelinde ýurdumyzda ilkinji gezek ýetginjek çapyksuwarlaryň bäsleşigi geçirilip, şonda agtygym Kerimguly Dowamat atly bedewi bilen bäsleşige gatnaşdy we ýeňiji boldy. Dowamatyň reňki hem edil mele çägä çalym edýär, ol gurt mele reňkli. Ahalteke bedewleri, esasan, mele reňkiň köp öwüşginliligi bilen tapawutlanýar.

Ahalteke bedewi adamy tanaýar. Eýesine şol hakdaky pikirini hem hereketi we hokranmasy bilen düşündirýär. Men muňa köp gezekler şaýat bolandyryn. Ahalteke bedewleri bilen didarlaşanymda özümi ýurduň Baştutany hökmünde däl-de, adaty bir raýat, adam hökmünde alyp barýaryn. Men «adam» diýen düşünje babatdaky garaýyşlarymy bolsa, okyjy bilen öň birnäçe gezek paýlaşypdym. Ahalteke bedewi barada dünýäniň maglumatlar giňişliginden – adaty kitapdyr gazet-žurnallardan başlap, Internet ulgamyndan okanlarym hem meni şuny aýtmaga iterýär.

Şolar ýaly toýlarymyzda, baýramçylyklarymyzda hem bedewlerimiz owadan şaý-esbaplara beslenip, dabaranyň buýsançlylyk hem-de göwnaçyklyk gurşawyny baýlaşdyrýar. Şu ýerde ahalteke bedewimiziň halkara derejeli çärelerimizde hem uly orun eýeleýändigini bellemek gerek. Muňa 2017-nji ýylyň iri sport ýaryşlary bilen bagly wakalar hem şaýatlyk edýär.

Biziň ahalteke bedewlerimize aýratyn ünsümiz hem sarpamyz – bu biziň durmuşymyzyň netijeliliginiň iň ýokary ýüze çykmasydyr. Çünki ahalteke bedewine yhlas durmuşa höwesi we hyjuwy aňladýar.

«TOÝ GÜNÜNDE
BEDEW ATLAR
ÇAPYLAR ...»

Türkmen toýlarynyň iň gyzykly pursatlary at çapyşyklaryndadyr diýilse, bu dogry bolar. Häzirki döwürde ahalteke bedewlerini ösdürip ýetişdirmäge we olara ideg etmäge raýatlarymyzyň hem işjeň gatnaşmaklary bizi iňňän buýsandyrýar. Toý-baýramlarymyz mynasybetli geçirilýän hem-de möwsümleýin at çapyşyklarynda ýeňiji bolmaklary olary has-da begendirýär. Ýeňiş baýragy iň halal gazanylan baýlyk. Şonuň üçinem biz behişdi bedewlerimiziň muşdaklarynyň zähmetine mynasyp baha bermegiň möhümdigini her gezek hem göz öňünde tutýarys. Ahalteke bedewleriniň abraýynyň öz hakyky derejesinde, olara mynasyp derejede bolmagynyň üpjün edilmegine aýratyn ähmiýet berýäris. Ahalteke bedewini seýisläp, dünýä täsin sungaty galdyran ata-babalarymyzyň bu hünärleri kämilligiň beýikligine eýe boldy. Bu asyrlaryň dowamynda emele gelen haýran galdyryjy ýagdaý. Munuň özi, edebiýatlarda hem teswirlenilişi ýaly, «edil kaknus guşunyň silkinip, täzeden direlişi ýaly, dünýä gelen ajaýyplykdyr!» Ahalteke bedewlerini edil tebigy bolşundaky ýaly seýislemek üçin onuň uzak ülkelerdäki muşdaklary Kesearkajyň tebigatyny ýadyňa salýan ýerlere alyp gidipdirler. Onuň Watanyny duýmagyna we özüni iňňän rahat alyp barmagyna ýardam bermekçi bolupdyrlar.

Ýöne bu hem hemişe olaryň göwün diýen netijesini bermändir. Çünki ady äleme dolan şöhratly ahalteke bedewleriniň taryhyny täzeden gaýtalamak aňsat başa barmaýar. Şonuň üçinem biz bu milli baýlygymyzyň gymmatyny gorap saklamagyň örän derwaýysdygyna ähmiýet berýäris.

Bedewlerimiz durmuşymyzyň şatlygydyr, mertebeli ýaşamagyň güýji bedewlerimizdedir.

Toý-baýramlarymyz jemgyýeti jebisleşdirýän, täze üstünliklere badalga berýän, döredijilikli we netijeli ýaşaýşa ruhlandyrýan, durmuşa söýgini dabaralandyrýan däp-dessurlarymyzyň jemidir.

Halkymyzyň toý-baýram däp-dessurlarynyň esasy özboluşlylygy bolsa, ahalteke bedewlerimizdedir. Ahalteke bedewlerimiz durky bilen ýeňşiň hem-de gaýratlylygyň nusgasydyr.

Toý-baýram esbaby bilen göwni howalanan taýsyz gözel bedewler döwrümiziň ýeňişli ýollary bilen öňe barýarlar.

Ahalteke bedewiniň şöhraty synmazdyr!

Toý-baýramlarymyzyň baky buşlukçysy – ahalteke bedewlerimiz.

Goý, toýlar uludan tutulsyn!

Ahalteke bedewi ösüşe ebedi ymtylyşyň anyk aňlatmasydyr. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyz ahalteke bedewleriniň buýsançly ýaşaýan mekanydyr.

Ahalteke bedewleri heňňam aýlanyp, bu gün sagdyn ýaşaýşyň we sungata müdimi sarpanyň, ynsanperwerlik taglymlarynyň ebediliginiň alamaty bolup, şöhratyny täze belentlige eýe etdi. Ol adamlaryň durmuşyna jebis ornaşdy we öz hakyky mertebeli ornuna eýe boldy.

Mähriban köňüldeş!

Gorkut atanyň pähimlerinde ýaşaýşa hyjuw berýän ägirt uly pelsepe jemlenendir: «Bedew atyňyz ýörgür bolsun!».

At münmegiň merdana gerçeklere mahsusdygy bu kesbe bolan buýsançly garaýşy kemala getirýär. Türkmen halkynda ýigitleriň merdanalygy barasynda söz açylanda, onuň at üstünde kemala gelendigi aýdylýar. Bu gerçek ýigitleriň asylky häsiýetini aňladýan sypaýy hem-de anyk kesgitlemedir. Atly gerçegiň lybasynyň onuň bedewiniň bezegleri we esbaplary bilen utgaşdyrylyp beslenişi özboluşly bir sazlaşygy emele getirýär. Çünki olaryň maksady birdir. Toý-baýram dabaralarynda at üstündäki oýunlary guramak, at çapyşyklaryny geçirmek iň gyzykly milli-medeni çärelerimizdir. Şol tutumly dabaralarda «Görogly» eposyndaky:

Bäş menzilden bedew atlar çapylsyn,
Her menzilde sermest guzy gapylsyn,
Beglerime agyr halat ýapylsyn,
Begler, gutlaň bu gün näzliň toýuny.

– diýen setirler biygtyýar seriňe gelýär. Şu bendiň özünde toý-baýram däp-dessurlary dolulygyna suratlandyrylypdyr: atlaryň ýyndamlyk bäsleşigi, atly sport oýunlary, ýeňijileriň sylaglanmagy. «Bäş menzil» – 150 kilometre barabar uzaklyk! Bu namadan «Owlak gapdy» diýen milli sport oýny hem göz öňüňe gelýär. Halkymyzda at üstündäki sport oýunlarynyň gadymy taryhy bolup, ol taryh nesillerde merdanalyk we ezberlik, batyrlyk we çalasynlyk, ugurtapyjylyk häsiýetlerini, başarnyklary terbiýeleýär. Ynha, bäsdeşlige, ýeňmäge hut şol mazmunda baha berýändigimiz, oňa özümiziňem gatnaşyjylar bolýandygymyz üçin hem biz taýsyz milli gymmatlyklaryň, täsin sungatyň eýeleridiris. Muny häzirki döwürde giň jemgyýetçilik hem ykrar edýär. Dünýä inmek, mynasyp ömür sürmek, şunuň özi Ýaradanyň eçilen bahasyz serpaýydyr.

Ahalteke bedewiniň şöhraty synmazdyr!

Men atlara hemişe hem uly söýgi bilen garaýaryn. Ahalteke bedewleriniň Watanynda bu ebedi gymmatlygymyza garaýşymyzy we söýgimizi alamatlandyrýan işleriň durmuşa geçirilmegi üçin giň mümkinçilikleri döredýäris.

Ilkinji nobatda, bedew bilen ynsan gatnaşygy barasynda aýdaýyn. Bu jemgyýetimiz üçin adaty söhbetdir. Her bir türkmeniň öz boş wagtyny bedewlere bagyşlamaga bolan islegi welin, asylky tebigatynda bardyr. Bedewleriň ýanyna barýaryn, adamzadyň köpasyrlyk tejribesi ötlem-ötlem bolup açylýar. Şol mahal hem bedew galkyjaklap, sähralara hyýal edýär.

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

Bu pursatlar biziň ikimiz üçinem wajyp. Şular ýaly täsirler ýüregimiň emri we ahalteke bedewleri barada gürrüň berenimde, pikirlerimiň jylawyny alýar.

Her gezek Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk sport toplumyna baran badyma, men ilki bilen Akhanyň hokranýanyny eşidýärin.

Akhan üýtgeşik bedew. Ol «Akhan» adyny eşiden dessine, saňa tarap başyny öwürýär. Sazyň heňine hereket etmegi-de Akhanyň düşbüliginden. Ol aýagyny goşup, kellesinem, göwresinem heňe kybaplap, saz bilen bile gopýar.

Akhanyň başyny çekip barýarkam, öňde uzalyp gidýän ak ýol ýagty geljek bolup duýulýar. Akhan bilen biz şol geljege barýarys. Akhanyň tutuş durkunda şol ynam bar.

Bedewiň aňlamak ukyby, düşbüligi pikir edişimizdenem ýokary. 2013-nji ýylyň 6-njy ýanwary meniň hakydamda. Ýogsam wagt hemişe hem çäkli. Şol gün gar ýagdy, asman ak nuruny sepeledi. Akhan mähirli garap, «salamlaşýar», hal-ahwal soraýan ýaly hereketleri we ümi bilen düşündirýär. Şol gezek bolsa, ol diňe ýagşy dileg edýän ýagşyzada ýaly, maňa mähirli hem-de mertebeli göründi. Öz ýanymdan ak menzil barada oýlanýaryn. «At – myrat». «Ak zat alnyňa ýagşy». Şu ynam ata-babalarymyzyň durmuş tejribesinde berkedi. Akhan ak arzuwlaryň ganatydyr. Bile aýlanmaga meýillidigini Akhanyň özi aňdyrýar. Gezelenç etmek islegi ikimizde hem bile döreýär. 10 – 15 minutyň dowamynda bolup geçýän şu ýagdaý käteler meni şu ýerde ýene-de saklaýar. Akhanyň garaýşyndaky mähirlilikde hem duýgudaşlykda täsinlik bar. Üstüne atlanan halatyňda bolsa, ol eýesini ynjytmazlyga çalşyp, usully hereket edýär. Seniň bilen şeýle bir ýürekdeş gopýar, onuň düşbüligi barada doly beýan etmegem kyn. Şeýle pursatlary esli mahallap ýatlaýaryn. Akhanyň ýygnanan mähelläniň öňünden buýsançly geçip, öz ýeňşini dabaralandyrýan pursatlary, bu juda owadan görnüş! Akhan edil ýakyn dostuň ýaly, içki pikiriňi aňýar we saňa hemaýat etmäge çalyşýar. Mähelläniň şowhuny Akhanyň toýnak urşuny has çaltlandyrýar. Ol ylla guş bolup uçýar.

Soň 2013-nji ýylyň 27-nji aprelinde Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda Türkmen bedewiniň şanyna tutulan dabaralara Akhan bilen bile şaýat boldum. Şol günki gezelençde Akhana hem baýram şowhunyna şärikdeşligini aňdyrmaga mümkinçilik boldy.

Eziz Watanymyz ösüşiň täze tapgyryna – Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüne gadam basdy. Bu döwür häzirki wagtda ösüşiň täze hiliniň hem-de belentlikleriniň ykrar edilmeleri bilen dünýä mälim boldy. Berkararlyk hem-de bagtyýarlyk – biziň guwanjymyz, buýsançly ýaşaýşymyz, ol biziň durmuşa söýgimizi aňladýan düşünje! Ýurdumyzda gurulýan täze binalar, ulag-gatnawlarynyň täze ugurlary, görnüşleri we hilleri, söwda-dynç alyş merkezleri we ýakymly duýgulary ýadyňa salýan döwrümiziň täsinlikleri şeýle buýsançly ada mynasyp görülýär.

2013-nji ýylyň 28-nji aprelinde Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda Türkmen bedewiniň milli baýramynyň şanyna halypa çapyksuwarlaryň bäsleşigi geçirildi. Şonda Berkarar atly

mele bedew maňa ýeňmäge uly joşgun hem-de ylham berdi. Onuň ýeňşe ymtylyşyna häzirem haýran galýaryn! Men özüne iň ýakyn kişiler bilen wagtynda habarlaşyp, görşüp bilmeýän adamyň duýgularyny başymdan geçirýärin. Şonda duşuşygyň unudylmajak derejede täsiri bolýar. Sähel salymda birek-birege ýüregiň iň çuňlugyndaky ýakymly duýgulary serpaý edýärsiň. Şol ýakymlylyk biýarada görülmän galyp, süýjän şeker gawunyndanam datlydyr! Şol mahal hyýalyma gelen şu pikirler Berkarara hem mälim! Hut şonuň üçinem biz maksadymyzda bir bitewülige öwrülýäris hem-de ýeňýäris! Bedewleriň başyny belent tutuşy – ynam. Başyňy belent tutmak – mertebelilik. Mertebelilik – arassa, halal ýaşaýyş! Arassalyk bolsa tebigylyk. Bedew bilen çapyksuwaryň ýeňşe ynamy tebigylyk häsiýetinde ýüze çykanda, ýeňiş mümkindir. Ýeňşi wagt aýan edýär. Çünki aýlar, ýyllar aýlanyp, ýaşaýşyň gadyr-gymmatyny ýokarlandyrýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ösüşinde ahalteke bedewleriniňki ýaly hyruçlylyk bar diýýärin. Şular barada oýlanmak kalbyňa soňsuz lezzet berýär.

2013-nji ýylyň 25-nji dekabrynda Köpetdagyň etegindäki gözel künjekde ýerleşýän ahalteke atçylyk toplumyna baryp, ahalteke bedewleri bilen didarlaşan pursadymda-da şu eýýamyň bedew badyny alyp, ilerleýji häsiýetini äşgär edendigi barada oýlanypdym. Şol gün bedewe atlanyp, amala aşyran gezelenjimde maňa ýylyň üstünliklerini saldarlamaga pursat boldy. Çünki iň ynamdar ýardamçymyň ýanymdadygyny duýýaryn. Meniň ýeňşe bolan ynamyma ynam goşulýar. Ýylyň sepgidinde bedewe atlanyp, men şuňa ýagşy umytlaryň badalgasy diýýärin.

2013-nji ýylda ahalteke bedewlerimiz dünýä ýurtlarynda ýeňiji bolup, ýurdumyzyň şanyna şan goşdular. Şol seneler atçylyk sungatynyň taryhyna girdi.

Ahalteke bedewleri bagtyýar zamanamyzda öz öçmejek taryhyna şöhrat getirýärler. Ata-babalarymyzyň merdana nesilleriniň dowamaty biziň ýaşlarymyzda ahalteke bedewlerine söýgini terbiýelemegimiz bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ýaş oglanlygyndan bedewlere erk etmegi öwrenýän türkmen ýigitlerinde mertlik, batyrlyk ýaly häsiýetler hem terbiýelenýär. Şu ynam hem türkmen maşgalasynda bedewe söýginiň atadan ogla geçýändiginiň asylky sebäbidir.

2013-nji ýylda Köpetdag şaýolunyň ugrundaky aýlawyň merkezinde meşhur Polatlynyň hormatyna ýadygärligiň açylmagy il-ulsumyz üçin täsirli wakalaryň biri boldy. Polatly mele reňkli bedew, onuň ady atçylyk sungatynyň taryhynda müdimi galdy. Polatly dünýäniň dürli ýurtlarynda ençeme çempionlyk derejeleri, baýraklary eýeledi.

Polatlynyň Halkara ahalteke atçylyk sport toplumyna barýan ýoluň ugrunda ýerleşýän heýkelini synlap, onuň taryhy barada oýlanýaryn. Bu taryhy bilmek meniň diňe bir öz kowumlarymyň öňündäki borjum däl-de, eýsem, şeýle maglumatlary ýaş nesillerimiziň bilmekligi hem wajypdyr.

Men siziň her biriňiziň ykbalyňyzda bedewiň nähilidir bir ýakynlygynyň duýulmagynyň ýöne ýerden bolmaýandygyna hem ynanýaryn. Ýaş ýetginjek çapyksuwaryň bedewiniň adynyň Dowamatdygy hem tötänlik däldir. Biz ýagşy pent hem-de görelde bilen türkmen il-ulsunyň dowamatyna dowamat beryäris.

Döwlet derejesinde hem bu iş ünsden düşürilmez. Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde atçylyk boýunça hünärmenler, Türkmen döwlet medeniýet institutynda at üstünde oýnaýan artistler, Türkmen milli sport we syýahatçylyk institutynda çapyksuwarlar ýetişdirilýär.

Her ýylyň aprel aýynda milli guwanjymyz – ahalteke bedewleriniň milli baýramyny şowhunly garşy alýarys. 2013-nji ýylda Berkarar atly ahalteke bedewinde bäsleşige gatnaşdym. 2014-nji ýylyň 28-nji aprelinde men Bagtyýar atly ahalteke bedewi bilen baýramçylyk dabarasynyň iň şowhunly pursatlarynda didarlaşdym. Bagtyýar hem Berkarar – täze eýýamyň beýik ýeňişleriniň waspy, zamananyň ruhy. Şuny çyn ýüregi bilen duýýan mähelle Bagtyýary şowhunly garşy alýar. Bagtyýara atlananymda, men şol iki gudratyň bitewüligini duýýaryn. Berkarar döwletiň geljegi bagtyýarlyk binýadynda!

Bedewleriň begler hem şazadalar üçin iň gymmatly sowgat bolandygy barada taryhy kyssalarda gürrüň berilýär. Iň gymmatly sowgat etmek, hormatyňy mälim etmegiň iň ýokary derejesini ýüze çykarmak üçin bu şeýle hem edilipdir.

Türkmenistan ahalteke bedewleriniň – dünýäde deňi-taýy bolmadyk ajaýyp bedewleriň ýurdy. Türkmen mukaddesliginiň biri hasap edilýän ahalteke bedewleri ýaly täsinligiň nähili kemala gelýändiginiň bilimini özleşdirmek bolsa, iliň her bir gerçegi üçin adaty durmuş kadasy. Türkmen ýaşlary bedew münmegi, durmuşyň hezilligi jemlenen täsinlik hasap edýärler. Çapyksuwar, seýis bolmagam uly mertebeli kesp! Kosmonawt, uçarman bolmagy arzuw etmek biziň ýetginjeklik ýyllarymyzda adaty ýagdaýdy. Asmana uçmagy arzuw edýänlerimiz köpdi. Asmana uçmagyň özboluşly mazmuny onuň pelsepesinde diýip hasaplaýaryn. Ahalteke bedewi – tebigatyň ösmegine adamyň gatnaşygyny äşgär edýän ýaradylyş. Şonuň üçinem bedew münmek gowy görülýär. Halkymyz bedew bilen bitewüligiň syrlaryna ylahydan gelen gudrat diýip düşünýär.

Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli ýurdumyzda geçirilýän dabaraly çäreleriň mazmuny barha baýlaşýar. Bedewleriň gözellik hem-de ýyndamlyk babatdaky bäsleşikleri bolsa, türkmen jemgyýetinde indi ykjam orun aldy.

Toý tutulanda dürli ýerlerden arzyly myhmanlaryň gelmegi milli dessuryň täsirliligini artdyrýar. 2015-nji ýylyň 26-njy aprelinde Türkmen bedewiniň baýramynyň bellenilýän günlerinde ýurdumyzda ilkinji gezek geçirilen ýaş çapyksuwarlaryň bäsleşigi ata bilen ogluň, ýaşkiçi bilen

ýaşulynyň arasyndaky baglanyşygyň jebisligini aňladýan çuňňur manyly dessurymyzy dikeltdi diýsem, has ýerine düşer. Munuň özi atşynaslygyň türkmen il-ulsunda gadymy ýollary aşyp, şu gün hem özüniň mertebeli beýanyna eýe bolandygyny aýdyň etdi.

Şol wagt Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Prezidentiniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirýän Rustam Minnihanow Türkmen bedewiniň baýramy mynasybetli guralan dabaralara gatnaşmak üçin iş sapary bilen Aşgabada geldi. Türkmen toýy – döwletliligiň we açykgöwünliligiň alamaty. Türkmen bedewiniň baýramyna daşary ýurtlardan mertebeli myhmanlaryň gatnaşýandygy örän buýsançlydyr. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň görkezme çykyşlary baýramçylygyň iň gyzykly hem täsin pursatlary boldy.

2016-njy ýylyň 22-nji aprelinde Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynyň hem-de Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň «Kärizek» geňeşliginde Aba Annaýew obasynyň açylmagy meşhur atşynaslaryň adyny ebedileşdirmekde döwlet tarapyndan alyp barýan işlerimiziň bir mysaly bolup durýar.

2016-njy ýylyň 23-nji aprelinde Ýeliň nesil ugruna degişli Gaýduwsyz we Düşümli bedewleriniň neslinden bolan Miras atly mele bedewde baýramçylyk ýörişini guradyk.

2017-nji ýylyň 29-njy aprelinde Türkmen bedewiniň milli baýramyna atçylyk ulgamynyň täze döwrebap desgasynyň – Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda gurlan Halkara karantin merkeziniň açylyş dabarasy gabatlandy. Bu bedewlerimiz üçin ýokary derejeli weterinar gullugynyň innowasiýalara esaslanýan, döwrebap mümkinçiligidir. 2017-nji ýyl ýurdumyzyň taryhynda halkara derejeli sport ýaryşlarynyň tejribe basgançagy boldy diýilse, has ýerine düşer. Sporta bagyşlanan şol wakalar ahalteke bedewini öwrenijiler üçin hem örän täsirlidir.

Şu ýerde ýene bir waka hakynda ýatlamak maňa iňňän ýakymly. Agtygym Kerimgulynyň Mirasy bir ýylyň içinde nähili seýisländigi meniň üçin täsindi hem-de tapmaça ýalydy. 2015--nji ýylda Dowamat atly bedewde ýeňiş gazanan Kerimgulynyň atlara söýgüsi, onuň ahalteke bedewlerini seýislemäge höwesekligi meni örän begendirýär. Ahalteke bedewine yhlasly ýaş ýetginjek oglanlara atalyk mähribanlygy bilen duýgudaşlygymy şu pursat hem tekrarlaýaryn. Şol gün Kerimguly dabara ýygnanan mähelläniň öňünden Mirasy idip, ýanyma gelýär. Soňra ol maňa üstünlik arzuw edýär. Mirasyň boýnuna gadymdan gelýän däbe eýerip, käbämiň ören alajasyny dakdym. Ýagşy niýet etmek, uly döwletliligiň nyşany!

Kerimgulynyň Mirasa uly umytly garaýşy, seýsiň ynamyny ödemegiň jogapkärçiligi meni öňküden has tijendirýär. Mirasa duýgudaşlyk bilen seredenimde, meniň bilen ylalaşýandygyny hereketleri we ümi arkaly mälim edýär...

Hawa, şondan soň beýleki atlara goşulyşyp, ýola düşýäris. Bäsleşigiň ilkinji pursatlarynda öňe geçmek juda kyn. Miras ok ýaly süýnýär, ýöne ýyndam bedewler derrew onuň öňüne geçýärler. Hem gyzgalaňly, hem-de gyzykly! Iň soňky pursatlar! Şonda bedewem, çapyksuwaram düýrmegi bilen ünse öwrülýär: bedew eýesiniň özüne duýgudaşlyk etmeginden güýç alýar. Mirasyň ýeňşini at çapyşygynyň janköýerleriniň hem şowhunly garşylamaklary bizi begendirýär. Şu ýeňişde ýaş türkmen seýsiniň üstünligi has ulumyka diýýärin. Halallyk, zähmetsöýerlik barada tymsal aýtmagam, öwüt bermegem gerekdir, ýöne halallygyň, zähmetsöýerligiň nähili hözirlidigini duýmaklary üçin, ýaşlara mümkinçilik döredilmegi hem gerek. Men şu ýörelgeden ugur alýaryn.

Şol günki ýeňiş meniň üçin ýöne bir ýeňiş däldi, bu meniň agtygym Kerimguly Berdimuhamedowyň seýisçilik ukybyna höwesini aýan eden ýeňişdi. Şu pikir mende neberämiziň seýisçilik boýunça adatynyň dowam etjekdigine ynam döretdi. Ýaşlaryň seýisçilige yhlasynda, behişdi bedewlere höwesli garaýyşlarynda nesillerimizi baglanyşdyrýan gymmatlyklaryň ösen eýýamyň ruhuna laýyk güýjüni görýärin, onuň durnuklylygyny, synmajak gudratyny duýýaryn. Miras Kerimgulynyň ilkinji seýislän aty.

2017-nji ýylyň 29-njy aprelinde ahalteke bedewleriniň bäsleşigine Kerimgulynyň seýislän Turan atly aty hem gatnaşdy. Nesillerimiziň atşynaslyga şeýle yhlas etmekleri olarda zähmetsöýerlik, ünslülik häsiýetlerini terbiýeleýär. Ýene däbe görä, men Turanyň boýnuna alaja dakýaryn. Ol milli medeniýetimiziň ýüze çykyş tebigatyny aňlatmagyň bir usuly.

2018-nji ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen bedewiniň milli baýramyna gelen daşary ýurtly myhmanlaryň arasynda dünýäniň meşhur habar beriş serişdeleriniň wekilleri hem bar. Bütinrussiýa döwlet tele we radio-habarlar kompaniýasynyň Merkezi Aziýa sebit bölüminiň ýolbaşçysy Robert Fransewe hem şolaryň arasynda nazarym kaklyşýar. 2017-nji ýylda ýurdumyzda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň açylyş dabarasynda men bu belli žurnaliste duş gelipdim.

Aziýa oýunlarynyň derejesiniň «Olimpiýa derejelidigini» bellän diňe bir «Aşgabat şäheriniň hormatly raýaty» diýen adyň eýesi Walentina Iwanowna Matwiýenko hem däldigini ýatlasym gelýär. Žurnalist bilen söhbetdeş bolýaryn. Ol V Aziýa oýunlarynyň derejesine ýokary baha berýär. Interwýunyň başynda žurnalist iri möçberli taslamalary durmuşa geçirmek boýunça, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – – Hindistan gaz geçirijisiniň owgan böleginiň, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan ugry boýunça elektrik geçiriji we optiki süýümli aragatnaşyk liniýalarynyň düýbi tutulanda, Türkmenistandan Owganystana barýan demir

AKHAN

ýolunyň açylyşynda görşendigimizi hem ýatlady. Soň ol bedew münmek sungatynyň syrlary bilen gyzyklandy.

Men oňa: «At çapmak türkmenleriň ganynda bar. Biziň ählimiz atşynas bolup dünýä inýäris. Bu nesilden nesle geçýär» diýýärin. Öňler zähmete we goranyşa taýýarlyk ugur bolan GTO-da ýörite taýýarlyk geçip, suwda ýüzmek, nyşana ok atmak, göreş tutmak we sportuň beýleki görnüşleri boýunça kada laýyk netije görkezmek her bir ýetginjekden talap edilýärdi. Şonda bellenilen kada laýyk netije görkezip bilmesek, namys edýärdik. Çagalyk döwründäki berilýän şular ýaly beden terbiýesi, kemsiz taplanmak endikleri durmuşda gerek hem bolýar. Sportuň dürli görnüşleri, şol sanda atçylyk sporty bilen meşgullanmagyň bolsa häsiýeti taplamaga ýardam edýändigine ynanýaryn.

Bu maňa syýasat bilen bagly işimde hem kömek edýär. Men özümi çapyksuwar hasap edýärin, öňe ümzük atýaryn. Meniň russiýaly kärdeşim Wladimir Wladimirowiç hem at çapmagy gowy görýär. Şular hem ýaş nesillerimiz üçin durnukly häsiýetiň hem-de sportda taplanyp, sagdyn ýaşamagyň göreldesidir. Men bu hakynda interwýumda hem belledim. Türkmen bedewi ähli döwürlerde hem täsin hem-de gaýtalanmajak nusga bolup, ynsan akylyny haýran edip gelýär. Ahalteke bedewi, aýdyşlary ýaly, asyrlaryň tümlüginden geçip, döwürleriň içinden Günüň şöhlesi bolup naýza urdy.

2018-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda hem säher bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk sport toplumyna baryp, döredijilik işi bilen meşgullandym. Säher bilen iş otagyňa girip, ahalteke bedewleriniň edil ýakynyňda bardygyny duýmagyň özünde-de ýakymlylyk bar. Şonda ala daňdanyň jana şypaly sergin howasy hem galama gudrat berýändir diýýärin. Daň agarýar. Döredijilik üçin wagtyň tamamlanandygyny aňladýan täsin duýgy peýda bolanyndan soň, ýazanlaryma göz gezdirip durşuma bedewler bilen didarlaşmak hakynda oýlanýaryn. Şol aralykda dürli oýlar hyýalyňy eýeleýär.

Bedew eýerläniňden keýerjekläp, giňişlige owsunýar. Ahalteke bedewleri matlabyňy özüňden öňürti aňýar.

2017-nji ýylyň – Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýylynyň ilkinji günlerinde şu ýerde ýaş taýçanajyk dünýä indi. Ýagşy adata we ynama eýerip, oňa Ruhubelent diýen ady dakdym. Ak reňkiň nähili many aňladýandygynyň özi hem duran bir pelsepe! Ak reňk ýumurtgada we süýtde öz beýanyny tapýar, ol öndüriji güýç, ýaradylyşyň tebigy özgeriş häsiýetiniň beýany! Akýal, mele reňkli taýçanaga käbämiň ören alajasyny dakdym. Ýagşy niýet edişimiz ýaly, ýyl üstünlikli tamamlandy. Ol güýçlenip, owadan syratly hem-de täsin beden gurluşly, ajaýyp başarnykly we hakykatdan-da özüniň behişdi gözelligi bilen dünýäniň ähli sirk sahnalaryny haýran etmäge taýýar ýagdaýda kemala geldi.

Ruhubelendiň nesil daragty Pereňiň şejeresinden gaýdýar. Turan atly akýal, mele aty agtygym Kerimguly seýisledi. Ruhubelent hem şonuň nesli. 2019-njy ýylyň 17-nji fewralynda Ruhubelendi men «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparymyza sowgat berdim.

Ruhubelendiň aňyrsy meşhur bedewlerden bolup, şolaryň biri hem Polatlydyr. Mähriban Watanymyzda türkmen bedewiniň şanyna bellenilýän baýramçylygyň ähmiýetli aýratynlygy bar. Bu baýram biziň milli gymmatlygymyza sarpany, il-halkymyzyň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründäki belent ruhuny, geljege ynamyny, ýaşaýşa bolan söýgüsini dabaralandyrýar. Behişdi bedewlerimiz çalt depginler bilen ösýän Garaşsyz döwletimiziň nyşany hasaplanýar.

2017-nji ýylda gözel paýtagtymyzda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň nyşanynda hem atyň şekiliniň bolmagy behişdi bedewlerimize goýulýan sarpanyň belentdigine şaýatlyk edýär. Olimpiýa şäherçesiniň binalar toplumynyň daşky we içki gurluşynyň baş binagärlik bezegi bedewiň şekili esasynda amala aşyryldy.

2017-nji ýylda halkara sport çäresi mynasybetli hem ýurdumyzda ahalteke bedewleriniň ýörişi 500 günläp dowam etdi. Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň alawyny «Galkynyş» gaz käninden paýtagtymyza alyp gelmek hem ahalteke atlaryna atlanan ýigitleriň paýyna düşdi. Bu uly mertebedir.

Hut şu baýlygyň eýesi, şol baýlygymyza jan-tenden berlen adamlara – atşynaslara, seýislere, çapyksuwarlara, alymlara men aýratyn gadyr we hormat goýýaryn. Olaryň häzirki wezipesiniň has uludygyna hem düşünýärin. Sebäbi baýlygy edineniňden hem ony aýap saklamagy başarmak, ony goramak has kyndyr. Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň ýurdumyzyň paýtagtynda geçirilýän her ýylky mejlislerinde hem men şu pikirimi has çuň beýan etmäge çalyşýaryn. Ahalteke bedewleriniň alys illerde galanlary-da boldy. Olaryň seýisleri üçin türkmen seýisleriniň hünär usullary geň-taňlykdy. Ahalteke bedewiniň örä kän goýberilmän, seýsiň öz elinden iýmitlendirilýändigini olar her hili edip düşündirmäge synanyşyk edýärdiler. Türkmen seýisçiliginiň kämillik hem-de ezberlik tapgyrlarynyň psihologiýanyň ylmy derňewleriniň netijesinde düşündirilýändigini aýratyn bellemeseler-de, olar ahalteke bedewiniň hemişe adam bilen gatnaşykda bolup, edil maşgalanyň agzasy ýaly gatnaşyk saklanyp seýislenýändigine göz ýetirenlerinde, bu olar üçin, dogrudanam, täze bir açyşdy. Hut şonuň üçinem bu ýagdaýa diňe erjelligiň hem-de paýhasyň utgaşygy diýip bolar.

2010-njy ýylda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň döredilmegi, onuň ştab-kwartirasynyň bolsa, türkmen paýtagtynda ýerleşmegi, biziň ahalteke bedewini dünýä beren ýurt hökmündäki amala aşyran wezipelerimiziň iň esasylarynyň biridir. Şuny aýratyn bellemegi hem uly mertebe hasap edýärin. Çünki

ahalteke bedewlerimiziň halkara derejeli beýik üstünlikleri olaryň öz Watanynda hakyky keşbini we gaýratyny ýaňadan dikeldýändigini we döwrebap ösüşleriň zamanynda özüni gaýtadan ykrar etdirýändigini subut edýär. 2009-njy ýyldan bäri bolsa, her ýyl Türkmen bedewiniň milli baýramynyň bellenilýän günlerinde Türkmenistanyň Prezidentiniň yglan eden «Ahalteke atlarynyň halkara gözellik bäsleşigi» geçirilýär.

Ýurdumyzda Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli «Türkmen bedewi we dünýäniň seýisçilik sungaty» atly halkara ylmy maslahatynyň geçirilmegi seýisçilik sungatyny öwrenmegiň tejribesini has-da baýlaşdyrýar. Bu baýramçylygyň dabaralaryna gatnaşmak üçin, ýurdumyza ahalteke bedewleriniň muşdaklary, alym-ippologlar, atşynaslar, biologlar, taryhçylar we etnograflar, dünýäniň habar beriş serişdeleriniň wekilleri gelýärler.

Ahalteke bedewleri barada hakyky aladanyň duýulmagy üçin mundan buýana hem döwletimiz öz tagallalaryny gaýgyrmaz. Şu ýerde köpsanly maglumatlaryň diňe käbirine salgylanmakçy bolýaryn. Watanymyzda iň iri hem-de döwrebap toplumlaryň biri bolan Halkara ahalteke atçylyk sport toplumy guruldy. Bu toplumyň we meşhur bedewleriň taryhynyň şaýady bolan Aşgabat atçylyk sport toplumynyň çapuw ýodalaryna politrek düşeldi. At çapyşyklaryny we atly sport bäsleşiklerini halkara talaplaryna laýyklykda guramak, türgenlerimiz we bedew janköýerlerimiz üçin amatly şertleri döretmek maksady bilen, Aşgabat atçylyk sport toplumynyň durky täzelendi. Ýene-de bir aýdyň mysal – ýurdumyzda atçylyk pudagyny has-da ösdürmek, at çapyşyklaryny, uzak aralyga atly ýörişleri geçirmek, päsgelçiliklerden bökmek, şeýle hem at üstündäki oýunlary ýerine ýetirmek boýunça ussat türgenleri ýetişdirmek maksady bilen, Aşgabat atçylyk sport toplumynyň çäginde okuw merkezi, açyk we ýapyk manežler guruldy.

Häzirki döwrüň ösen talaplaryna laýyklykda gurlan, ýurdumyzda atçylyk pudagyny ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe bolan Halkara ahalteke atçylyk sport toplumy 600 baş ahalteke atlaryny ösdürip ýetişdirmäge niýetlenendir. Onuň düzüminde edara binasy, muzeý, seýisler üçin okuw merkezi, 12 sany athana, ýaşajyk taýlara tälim bermek üçin ýapyk manež hem-de beýleki desgalar bar. Gözel Köpetdagyň eteginde ýerleşýän bu toplumda işlejek atşynaslaryň we hünärmenleriň döwrebap ýaşaýyş-durmuş şertlerini üpjün etmek maksady bilen, 114 hojalyga niýetlenen 2 gatly, 2 öýli 57 sany ýaşaýyş jaýy guruldy. Bu özboluşly şäherçede 240 orunlyk umumy orta bilim berýän mekdep, 160 orunlyk çagalar bagy, dükan, sport we çagalar üçin oýun meýdançalary hem bar. Ýaşaýyş jaýlarynda we atçylyk toplumlarynda hünärmenleriň netijeli zähmet çekmekleri we döwrebap dynç almaklary üçin ähli şertler döredildi. Täze toplum dünýä ölçeglerine laýyk gelýän häzirki zaman enjamlary

bilen üpjün edildi. Bu ýerde ahalteke tohum atlaryna döwrebap ideg etmek, olary seýislemek hem-de atlaryň kesellerini ýüze çykarmak we bejermek üçin iň häzirki zaman şertler göz öňünde tutuldy.

Dor reňkli Parasat (2012-nji ýylda doglan), Bahreýn (2007-nji ýylda doglan), Gökhan (2003-nji ýylda doglan), Günhanjar (2007-nji ýylda doglan), gyr reňkli Mertebeli (2007-nji ýylda doglan), gara reňkli Gylykly (2015-nji ýylda doglan), Gyrsakar (2011-nji ýylda doglan), mele reňkli Keýmirkör (2000-nji ýylda doglan), Keýmirdon (2011-nji ýylda doglan), Şapolat (2016-njy ýylda doglan) ýaly ajaýyp bedewler bu aýlawlarda gözelligi hem-de ýyndamlygy dabaralandyrmagyň nusgalarydyr. Olar aýlawlarda ýeňişleriň hökmürowanydyr. Bu bedewleriň hüý-häsiýeti we başarnyklary meniň üçin aýratyn bir hekaýat. Ýöne bu hekaýatyň ýazylmagy üçin, onuň gahrymanlary bilen bile bolmaly, olary içgin öwrenmeli.

Häzir Prezident athanasynda saýlama tohum bedewleriniň 300-e golaýy idedilýär. Bu ýerde häzir ahalteke atlarynyň tohumynyň ähli ugurlaryndan bedewler ýetişdirilýär. Athanada saýlama bedewler bolan Pyýada, Bitaraplyk, Tebigat, Erekdag, Kerwenbaşy, Karfagen... seýislenýär. Bu atlar häzirki wagtda tohumçylyk-seçgiçilik işiniň ýeten belentligidir. Çünki bu atlar täze ugurlaryň dowam etdirijileri ýa-da başyny başlaýjylary boldular. Mysal üçin, şu görnüş boýunça dünýäniň çempiony Ýanardagyň köp çapyşyklaryň hem-de sergileriň ýeňijisi we 1951-nji ýylda doglan meşhur Pakyrpälwanyň neslindendigi barada has giňişleýin gürrüň berdim.

Owadanlygyň we gözelligiň nusgasy hasaplanylýan Pyýada altynsow mele reňkli 1955-nji ýylda doglan Pereňiň nesline degişli. Pereňiň ugrundan, yzynda arassa ganly bedewleriň 76-syny galdyran Polatly aýratyn meşhurlyk gazandy. Şonuň üçin çapyşyklarda köp ýyllap ýeňiş gazanan, ýyndam bedewleriň janköýerleriniň müňlerçesine hakyky lezzet eçilen Polatla şol aýlawyň girelgesiniň öňünde baky ýadygärlik oturdyldy.

Döwrüň yzygiderli ösüş derejesi täze çemeleşmeleri we işläp düzmeleri talap edýär. Şunuň özi ýurdumyzda ahalteke atlaryna berilýän üns babatynda alnanda hem dogrudyr. Atlaryň ahalteke tohumy «Atçylyk we atly sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenilişi ýaly, «türkmen halk seçgisi arkaly köp asyrlaryň dowamynda döredilen arassa ganly tohumlyk atlar». Biziň bedewlerimiz sirk sungatynyň bezegi, atly sportuň ezberleri, gözellik tomaşalarynyň esasy merkezini emele getirýärler.

Dünýäniň ösen döwletlerinde geçirilýän at çapyşyklaryna, at üstündäki oýunlary ýerine ýetirmek boýunça guralýan halkara festiwallaryna ussat atşynaslarymyz, seýislerimiz, çapyksuwarlarymyz we türgenlerimiz işjeň gatnaşýarlar. Biz bolsa muňa örän guwanýarys, ahalteke

bedewiniň şöhraty dünýä ýaňadan ýaň salyp, eziz Watanymyzyň adyny belende galdyrýar. Atçylyk pudagyny has-da ösdürmäge gönükdirilip, döwlet derejesinde alnyp barylýan giň gerimli işleriň netijesinde, behişdi bedewlerimiziň ýetişdirilişi, tohumçylyk-seçgi işleri hem-de türkmen milli seýisçilik sungaty kämilleşdirilýär. Türkmen atlarynyň şan-şöhratyny dünýä ýaýmak, dürli döwletlerde ahalteke bedewlerini ösdürip ýetişdirýän atşynaslaryň, hünärmenleriň, edara görnüşli taraplaryň işini utgaşdyrmak, ahalteke bedewleri baradaky maglumatlary toplamak, bu ugurda halkara maslahatlary we sergileri guramak Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň paýyna düşýär. Dünýäniň çar künjeginden köpsanly ahalteke atçylyk assosiasiýalary, edara görnüşli taraplar we bu täsin tohumlara gadyr goýýan hususy atşynaslar, atçylyk ugrundan işleýän hünärmenler we alym-ippologlar bu Assosiasiýanyň agzalygyna kabul edildi. Olaryň sany ýylsaýyn köpelýär we bu ugurdaky hyzmatdaşlygyň gerimi barha giňelýär.

Men Türkmenistanyň Prezidenti hökmünde Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň işiniň talabalaýyk guralmagy, üstünlikli dowam etmegi we rowaç almagy üçin döwletimiz tarapyndan ähli goldawyň, hemaýatyň beriljekdigini arkaýyn aýdyp bilerin. Assosiasiýamyzyň döredileli bäri, Russiýa Federasiýasyndan, Germaniýadan, Şwesiýadan, Wengriýadan, Angliýadan, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Urugwaýdan, Awstraliýadan, Eýran Yslam Respublikasyndan, Hytaý Halk Respublikasyndan we beýleki ýurtlardan oňa agza bolýan atşynaslaryň sanynyň artýandygyny bellemek örän guwançlydyr. Ahalteke bedewleriniň tohum arassalygyny gorap saklamak, atçylyk sportunda çykyş edýän beýleki bedewleriň arasynda olaryň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, şeýle hem atlary ösdürip ýetişdirmek we köpeltmek boýunça iş alyp barýan dürli ýurtlaryň, guramalaryň, firmalaryň, şahsy hojalyklaryň arasynda ýakyn gatnaşyklary hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmak we giňeltmek Assosiasiýanyň agzalarynyň esasy wezipeleriniň biridir. Assosiasiýanyň işi babatda şu aşakdaky anyk çözgütleriň durmuşa geçirilmegine ünsi çekmekçi bolýaryn.

«Dünýäniň sap ganly ahalteke atlarynyň halkara derejeli tohumçylyk kitabynyň» (Studbuk) döredilmegi barasynda öň hem belläpdim. Bu kitabyň döredilmegi üçin bolsa, Assosiasiýanyň agzalarynyň öz goşantlaryny goşmaklary möhümdir. Assosiasiýanyň her ýylky mejlislerinde olaryň şu ugurdan toplan tejribeleri we maglumatlary jemlenilýär. Atlaryň tohumçylyk kitaplaryny döretmek boýunça amala aşyrylan işleriň hem ähmiýeti örän uly bolar. Munuň özi ahalteke atlarynyň sanynyň beýleki döwletlerde hem ösüp barýandygyny nazara almak bilen, dünýäde bar bolan ahalteke atlarynyň merkezleşdirilen hasabyny ýöretmek, olaryň ösüşine gözegçilik edilmegi arkaly hem

amala aşyrylmalydyr. Şeýlelikde, daşary döwletlerdäki ahalteke atçylyk assosiasiýalaryny bir gurama birikdirmegiň derwaýysdygy barasyndaky wezipe hem ýüze çykýar. Eger şeýle edilse, bu dünýäniň atşynaslarynyň tagallalaryny jemlemekde merkezleşdirilen ulgamyň işini has kämilleşdirer. Dünýäde täze doglan her bir ahalteke bedewiniň gelip çykyşynyň barlaglarynyň amala aşyrylmagy hem guralyp, şonuň kepilnamasy Assosiasiýada saklanmalydyr. Şu maksady üpjün etmek üçin bizde maddy-enjamlaýyn binýat döredildi. Atlaryň halkara derejeli barlaghanasynyň döredilmegi we işe girizilmegi hem gerekdir. Şu ugurda bize gen inženeriýasy bilen iş alyp barýan hünärmenleriň taýýarlanmagy babatda anyk hereket zerur. Daşary ýurtlaryň bu ugurdan abraýly okuw merkezlerinde bilim aljak türkmen ýaşlarynyň saýlanyp-seçilip alynmagy örän möhümdir. Men muny aýratyn nygtap aýdýaryn. Ahalteke atlarynyň gelip çykyşynyň barlaglaryny amala aşyrýan barlaghana häzirki gün üçin özüniň zerurlygyny we möhümligini saklaýar. Şeýle barlaglary alyp barmaga aýratyn isleg bildirýän hünärmenleriň bilimlerini baýlaşdyrmaklary üçinem şertleriň döredilmegi derwaýysdyr. Ahalteke atlarynyň gelip çykyşynyň şübhesizdigini halkara derejeli barlaghananyň üsti bilen anyklamaga we gözegçilik etmäge geljekde mümkinçilik döredilerler.

Atly sport atçylygy ösdürmegiň iň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Halkara derejesinde guralýan atly sport ýaryşlary babatda



hem Assosiasiýa ugrukdyryjy düzümiň wezipesini ýerine ýetirmelidir. Ahalteke atçylyk assosiasiýalarynyň bir merkeze birleşdirilmegi dünýäde ahalteke atlarynyň sirk aty, sport aty hökmündäki abraýynyň ýokarlandyrylmagyna hem ýardam eder. Atçylyk sportunyň, at üstündäki milli oýunlaryň tomaşasyny guramagyň mümkinçiliklerinin giňeldilmegi derwaýysdyr.

Dünýäniň beýleki Halkara atçylyk guramalary bilen tejribe alyşmak üçin işleriň geçirilmegi talabalaýyk bolar. Şu ýerde ýene bir üns berilmeli mesele, ol hem innowasiýalar hakyndadyr. Häzirki döwürde hiç bir jemgyýetçilik pudagynyň geljegini ösen innowasiýasyz göz öňüne getirmek mümkin däldir. Bu atçylyk pudagyna hem degişli bolup durýar. Türkmenistanda ahalteke bedewlerini saklamagyň döwrebap şertleriniň döredilendigi, biziň bu işiň netijesinden kanagatlanýandygymyzy aňlatmaýar. Çünki jemgyýetiň ösüşiniň islendik ugurlarynda döwrebap innowasiýalara eýermek şony talap edýär. Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň beýleki halkara atçylyk assosiasiýalary bilen tejribe alyşmaklary ýola goýulmalydyr. Şonda öňdebaryjy tejribeleriň birleşmegi üçin mümkinçilikleri döredýäris. Bu atşynaslaryň hünär taýdan kämilleşmegine hem itergi berer.

Häzirki wagtda il içinden yhlasly atşynaslary ýüze çykarmak, olaryň zähmetini höweslendirmek boýunça uly işleri amala aşyrýarys. Ýurdumyzda atşynaslaryň öz söýgüli kespleri bilen meşgullanmaklary üçin döredilýän giň mümkinçilikler şonuň subutnamasydyr. Türkmen bedewiniň janköýerleri hormatly atlara mynasyp bolýarlar. Bedewleriň hakyky häsiýeti ýörişlerde mälim bolýar. Türkmen bedewiniň baýramy mynasybetli döwletimiziň sylagyna mynasyp bolýan ildeşlerimiz hem-de daşary ýurt raýatlary ahalteke bedewleri bilen geçirilen taryhy ýörişe gatnaşan, gözellikde deňsiz-taýsyz, ýüwrük bedewleriň nesillerini seýisläp ýetişdiren, ahalteke bedewleriniň tohumlyk we önümçilik sypatlaryny saklamakda hem-de şan-şöhratyny dünýä ýaýmakda uly işleri bitiren tejribeli atşynaslardyr. Olaryň ahalteke atşynaslyk mekdebiniň has-da berkemeginde saldamly goşantlary bu sungatyň ösüşinde taryhy häsiýetliligi bilen bellidir.

2018-nji ýylyň 26-njy aprelinde Russiýa Federasiýasynyň «Ahalteke-inform» žurnalynyň baş redaktory Ýuliýa Nikolaýewna Kuznesowa, Awstraliýa Respublikasynyň raýaty, hususy atşynas Markus Mag Hubmanna, şeýle hem Wengriýanyň jemgyýetçilik birleşiginiň «Fond Magýar-Turan» jemgyýetçilik birleşiginiň ýolbaşçysy Andras Zsolt Biro «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly ady dakmak hakyndaky Permana gol çekdim. Görnükli atşynaslaryň işleri bu pudagyň geljekde ylmy taýdan öwrenilmeginde saldamly goşant bolar.

At çapyşyklarynyň ýeňijilerine uly baýrak goýmak däbi halkymyzda ir döwürlerden bäri dowam edip gelýär. Şol däbiň häzirki wagtda

üstünlikli dowam edýändigini hem bellemelidiris. Munuň özi atşynaslaryň kesbiniň gadyr-gymmatyny has-da ýokarlandyrýar. Ahalteke bedewleriniň şöhratyny giňden ýaýmak, olary wagyz etmek, köpeltmek bilen meşgullanýan adamlaryň yhlasyna we aladasyna biz uly hormat goýýarys. Olaryň ýurdumyzyň döwlet sylaglaryna mynasyp bolmagy bolsa, şol garaýşymyzyň subut edilmesidir. Dünýäde çap edilýän neşirlerde ahalteke bedewleri baradaky ylym-bilimlerini, tejribelerini onuň muşdaklary, atşynaslar bilen paýlaşýan ippologlaryň, çapyksuwarlaryň, seýisleriň we beýlekileriň biziň bu ulgamy ösdürmegimizde saldamly goşandyna ähmiýet berýändigimizi ýene-de bellemekçi bolýaryn. Olar gymmatly maglumatlary bilen ahalteke bedewlerini öwrenmegiň sungatyny baýlaşdyrýarlar we ony öňküden-de rowaçlandyrýarlar.

Ahalteke bedewleri döwürleriň synagyndan geçip, türkmen durmuşynda mertebeli orny eýeledi. Müňýyllyklaryň dowamynda il-ulsumyzyň adyny Arşa galdyran, olara öçmejek şöhrat getiren bedewlerimiz Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe mynasyp alada bilen gurşaldy. Olar biziň ruhumyzy galkyndyrýan, iň argyn pursatlarymyzda derwaýys maksatlarymyzy hut gerekli wagtynda ganatlandyrmaga gurbat berýän dostlarymyzdyr.

Bedewler bilen gezelenç etmegiň gyzyklydygynyň asyl sebäbi hem şonda.

Bedewe atlananyňda, gorgunlatma, ýorgalama ýaly ýörişlerde onuň keýpiniň göterilýändigi açyk duýulýar. Haçanda ýeňiş üçin bedewe atlansaň welin, ol kalbyňy heserlendirýän duýgy bilen ganatlanyp, ahyrynda umydyň çyn bolýar. «Atyň çykdy!» diýen buşluk habaryny eşidýärsiň.

Ahalteke bedewleri baýramçylyk günlerinde mähelläniň şatlygyny duýýarlar, şonda olaryň özüni alyp barşy adatdakydan tapawutlydyr. Toý-baýramlarda ahalteke bedewlerini owadan şaý-sepler bilen bezemek owaldan gelýän milli däplerimiziň biridir. Şonda bedewiň galkyjaklap, dürli hereketleri ýerine ýetirmegi, sazyň sesine goşup, tans etmegi hem adaty häsiýetleridir.

«Bedewe baş öwretmegiň 101 gönükmesi» atly kitapdaky «Siz bedew bilen birlikde, ýeke-täk sazlaşykly keşbi döredýärsiňiz. Şonda bedewiňizde tans hereketlerine goşulyşmak höwesini döretmek özüňize baglydyr» diýen pikirleri ilkinji gezek okanymda, mende uly täsir galdyrypdy. Halkymyzyň bedew bilen ýakynlygynyň, syrdaşlygynyň düýp mazmuny hem şol bitewüligi döretmekde amala aşyrylýar. Ýöne at üstündäki sport oýunlarynda ýaşlara ussat türgenleriň maslahaty we ýörite sapaklary derwaýysdyr. Atçylyk hakyndaky kitaplar, gollanmalar atly sport oýunlary, at üstündäki oýunlar bilen gyzyklanýan türgenler, atşynaslar üçin olaryň yzygiderli kämilleşmegine itergi berýär.

2018-nji ýyl – «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» ýyly boldy. Hawa, şuny buýsançly belleýändigimiň öz sebäbi bar. Ýürek, onda-da uly ýoluň ýüregi bolmak üçin nämeleriň gerekdigi size aýandyr. Ýürek iň näzik syna. Duýgur syna. Ähli begenjiň, gussaly pursadyň gynanjyň ýyldyrym bolup, ilki ýürege barýar. Bu, elbetde, lukmançylyk tarapdan alnanda edil beýle hem däl. Ýöne ýagdaý nähili bolaýsyn, ýürek dyngysyz gürsüldäp, ýaşaýşyň dowam edýändigini habar berer. Hut şonuň üçinem «ýürek» diýen söz türkmen dilinde «köňül, kalp, göwün» ýaly düşünjeler bilen manydaşlykda, ugurdaşlykda ulanylýar. «Ýürek – jan» diýdik. Indi gadymy ýollary, söwda ýollaryny göz öňüne getirip göreliň. Onda Garagumuň kerwenli söwdagärleri özüne çekýän artykmaçlygy açylýar. Şu oňaýly ýagdaýy döredýänem adamlar. Ýol diýlende, ilkinji zerurlyk howpsuzlyk. Ýolda özüňi öz iliňde, öýüňde ýaly duýmak kyn. Ýöne şol ýeriň jemgyýetçilik gurşawynda sylaşyklylyk, ýokary medeniýetlilik höküm sürende, bu mümkin bolýan ýagdaý. Ýolagçy şonda ýol aladasynyň şowly tamamlanjakdygyna ynanýar. Häzirki zaman türkmen jemgyýetinde has ileri tutulýan myhmansöýerlik däplerimiz şol döwürlerde hem aslymyza ornan, halk bilen bile kemala gelen milli ýörelgelerimizdir.

Häzirki günde biziň dünýäniň logistika ulgamynyň ösüşine ýardam bermegiň mümkinçilikleri babatda anyk işleri durmuşa geçirýändigimiz hem şonuň bilen baglydyr. Türkmenistanda halkara gatnawlary, söwda gatnaşyklary üçin oňaýly gurşawyň döredilmegi hem hut şol maksadymyzy durmuşa geçirmegimiziň bir ýoludyr. Häzirki zaman dilinde men «ýollary gurýarys» diýen düşünjäni ulanardym.

Biziň ata-babalarymyz ýüwrük bedewlerine atlanyp, dünýä ýol salypdyrlar, gün şöhlesiniň az hem-de köp düşýän ýurtlaryna barypdyrlar. Olardaky täsinlikleri öwrenipdirler, şol ýerde ýaşaýan halklar bilen dost-doganlaşypdyrlar. Ynsanperwer syýasatlary olara baran ýerleri bilen ömürlik mähirli gatnaşyklary saklamaga mümkinçilik beripdir.

Ynha, biz öz döwlet syýasatymyzda ata-babalarymyzyň şol dostana ynsanperwerlik durmuş sapaklaryna ygrarly bolmaga çalyşýarys. Gadymyýetiň owazasyny yklymlara ýetiren şol Ýüpek ýolunda ýüpek ýaly näzik ynsan gatnaşyklary hem ýola goýlupdyr. Şol milli ulgamyň nesilleri arkama-arka terbiýeläp gelmeginde pikiriň esasy özeni milli gymmatlyklara garaýşymyzdadyr. Halkymyzyň dünýä bagyş eden beýik gymmatlygyna – ahalteke bedewlerine garaýşymyzdadyr.

Ahalteke bedewleri döwrüň hem-de heňňamyň müň dürli külpetlerine ýan bermän, öňe gitdi hem-de ýeňiş gazandy. Şol ýeňiş bilen hem adyny taryhyň has küti sahypalaryna müdimi girizdi. Asyrlaryň dowamynda türkmen halkynyň buýsanjy bolup ýaşady.

Häzirki döwürde biz adam baradaky aladalary giňden durmuşa geçirmek bilen, ýaşaýşyň has hözirli bolmagy barada alada edýäris. Tejribe – bu yzygiderli taplanmagyň netijesi, ýanber-

mezlik hem-de merdanalyk. Taplanmak bolsa terbiýedir. Terbiýe, ol wagta hem-de döwre asla bagly däldir, taplanmagyň dowamlylygydyr.

«Algyr laçyn kimin uçar günüňdir»,

«Ýedi ýaşda ganatlaryň bitildi»,

«Ataň bürgütdendir, eneň ak guşdan,
Çandybilde besledigim, Gyrat, gel!»

Häzirki wagtda ýurdumyzda ykdysadyýetiň täze pudaklary kemala gelýär. Garaşsyz Watanymyz dünýäde çig maly senagat taýdan işleýän kuwwatly döwlet hökmündäki ornuny pugtalandyrýar. Munuň mysaly diňe bir nebitgaz senagatynyň ösüşinde hem däldir, ýurdumyzyň gurluşyk senagaty, senagat we kommunikasiýa ulgamy, halk hojalygynyň beýleki ugurlary babatda-da köp mysallary getirip bolar. Bu ýagdaý ýurdumyzda raýat jemgyýetini kemala getirmäge hem ilerleýji täsir edýär, çünki döwletiň hem-de raýatlaryň maksady we geljek barasyndaky göz öňüne getirmeleri bitewi bir mazmunda ýüze çykýar. Bu bolsa, adamlar we olaryň ömrüniň, zähmetiniň goraglylygynda, olaryň döredijilik ukyplaryny açmaga mümkinçilikleriň döredilmeginde pugta esas boldy.

Il-halkyň geljek baradaky arzuwlary we maksatlary bilen döwletiň öňde goýýan maksatnamalarynyň, mähriban Watanymyzyň adamlaryň bagtly ýaşamagy üçin öňe gitmegine gönükdirilen ykdysady-durmuş syýasatynyň bitewüligi döwletimiziň iň esasy sütünidir. Çünki agzybirlik jemgyýetiň jebisligini düzýär, agzybirlik biziň ynsanperwerlik barasyndaky garaýyşlarymyzdan düzülýär. Munuň özi jemgyýetiň öz zähmeti bilen gazanan üstünligine berlen bahadyr, jemgyýeti goldamagyň we oňa düşünmegiň esasy açarydyr. Şeýle garaýyşlarymyz toý-baýramlarymyzda aýdyň beýanyny tapýar.

Döwletimiziň üstünligi – halkymyz üçin uly baýramçylyk, halkymyzyň milli baýramçylyklary we medeni mirasy döwletli tutumlarymyzda aýdyň mazmuna eýe bolýar. Uly senagat desgalarynyň, ýaşaýyş jaý toplumlarynyň we beýleki halk hojalyk binalarynyň gurlup, ulanylmaga berilmeginiň uly baýramçylyga beslenmeginde hem bu aýdyň ýüze çykýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň durmuşy başga-da göwün göteriji pursatlara örän baýdyr. Bu diňe bir halkymyzyň toý däp-dessurlarynda däl-de, eýsem, döwrümiziň netijeliliginden ýüze çykýan üstünliklerimizdedir. Olara aýratyn garamak bilen, ynsanperwerlik häsiýetine çuň mazmun berýäris. Ahalteke bedewleriniň wagtyň alamatydygy gadymy düşünje. Ýöne bu häzirki döwürde hem şeýle, biz bedewlerimiz bilen ýakynlygyň täsin pelsepe sazlaşygyny döredýäris. Ol bolsa ýeňişdedir. Ýeňiş bolsa taplanmakdyr we kämilligiň menzilidir.

Öňe, diňe ýeňiş üçin, il-halkyň mertebesine şöhrat getir, bedewim!

MAZMUNY

Ýoluň – rowaç, iliň – rowaç! 6

«Bedew atyň ýüwrük bolsun!» 62

«Owal bedew aty gerek ...» 116

Asmandan inen ykbal 178

At – türkmen üçin ähli zat 216

Ýanardagyň ýedi arkasy 230

Tejribe hem-de kämillik 254

«Toý gününde bedew atlar çapylar ...» 270

GURBANGULY
BERDIMUHAMEDOW

ATDA WEPA-DA BAR, SAPA-DA

Jogapkär redaktor *W. M. Hramow*

Redaktorlar	*B. Annabaýewa, N. Aşyrmämmedow, G. Joraýewa, G. Gapurow*
Surat redaktory	*O. Çerkezowa*
Teh. redaktor	*O. Nurýagdyýewa*
Suratçylar	*B. Şyhlyýew, A. Nurýagdyýew, H. Magadow, E. Abalakow*
Kompýuter bezegi	*G. Orazowa, A. Öwezow, H. Altybaýew, A. Nurýagdyýew, B. Saryýew, M. Geldiýew*

Çap etmäge rugsat edildi 21.03.2019. Ölçegi 60x110 1/8.
Şertli çap listi 47,58. Şertli reňkli ottiski 190,32.
Hasap-neşir listi 33,33. Çap listi 39,0. Sargyt № 3244. Sany 10 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.